ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY ÝOKARY WE ÝÖRITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DÖWLET UNIWERSITETI

# EDEBIÝATY ÖWRENIŞ YLMY

**(Edebiýatşynaslyga giriş dersinden türkmen filologiýasy bakalawr tälim ýönelişiniň talyplary üçin okuw gollanma)**

**DÜZEN** **filologiýa kafedrasy dosenti:Gaýlyýewa O.**

**Assistent: S. Jepbarova**

**Edebiỳaty öwreniş ylmy.** (Okuw gollanma). Nöküs, 2015-nji ỳyl, 106 sahypa

Iş Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersitetiniň Ylmy-metodiki geňeşiniň 2015-nji ỳyl 24-nji fewral gündäki 4-nji san protokoly bilen neşire hödürlendi.

Okuw gollanma türki filologiỳa kafedrasynda ỳerine ỳetirildi.

Häzirki wagtda ỳurdumyz Garaşsyzlygyny gazanandan soň ylym-bilim ugrunda täze öwrülişikler ỳüze çykdy. Şeỳlelikde, edebiỳatyň özüne mahsus häsiỳetlerini bu günki ylmyň nukdaỳ nazaryndan öwrenmek derwaỳys meseleleriň biridir. Şonuň üçin bu okuw gollanmada edebiỳatyň umumy häsiỳetleri bilen bagly bolan wajyp edebi-nazary düşünjeler, çeper eserleriň özüne mahsus häsiỳetleri, edebiỳatyň ösüş kanunyỳetleri, edebiỳatyň başga dersler bilen baglylygy, mazmun we şekil, edebi žanrlar we olaryň görnüşleri, poetiki serişdeler, edebi proses we başga-da edebiỳatyň derwaỳys meseleleri barlag ediliỳär. Bu barlaglar rus, özbek, garagalpak, türkmen edebiỳaty öwreniş ylmynda beỳan edilen edebi-nazary pikirler bilen deňeşdirme görnüşde alyp barylỳar.

Okuw gollanma Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiỳasy bakalawr tälim ỳönelişinde bilim alỳan talyplar üçin niỳetlenilỳär.

Jogapkär redaktor:

Filologiỳa ylymlarynyň doktory, professor K.Kurambaỳew

Syn ỳazanlar:

K.Jarymbetow - filologiỳa ylymlarynyň doktory, professor. Garagalpagystan Respublikasynda at gazanan ylmy işgär.

K.Orazymbetow - filologiỳa ylymlarynyň doktory, professor.

# Giriş

Watanymyz Garaşsyzlyga eýe bolandan soň, dünýä swilizasiýasynda özüniň mynasyp ornuny tapdy. Syýasy-ykdysady, medeni ösüşler halkymyzyň gelejege we bu gününe buýsanyp ýaşamaklary üçin şert döredi. Geçmiş taryhymyz, ata-babalarymyzdan miras bolan sungatymyz, däp-dessurymyz, edebiýatymyz bu gün ör boýuna galyp, milletimiz dunýä arenasynda tanaldy. Şonuň üçinem geçmiş taryhymyzy, edebiýatymyzy bu günki ylmyň wezipelerinden gelip çykan halda täze göz garaýyşlardan öwrenmek zaman talabydyr. Sebäbi Prezidentimiz I.A.Karimowyň "Edebiýat söz sungaty bolup, gadymdan bäri halkyň kalbyny paş ediji, hakykatyň we adalatyň jarçysy bolup gelýär[1] - diýip belleýşi ýaly, çeper edebiýat terbiýeleýjilik häsiýeti bilen bir hatarda geçmişiň taryhy şertlerini, durmuşyny bu gününi özünde şöhlelendirmek ukybyna-da eýedir. Ol hem bolsa dil arkaly amala aşyrylýar. Çeper dil çeper obraz döretmegiň esasy serişdesi hasaplanýar. Şonuň üçin nazaryýetçiler "Ylmy eserlerde awtor waka we adamlar hem-de logiki düşünjeler arkaly pikir ýöredilýändigini, çeper edebiýatda bolsa durmuş sözleriň kömeginde beýan edilýändigini, hasiyetiň we obrazlaryň döredilýändigini belläp geçýärler"[2]

"Ýazyjy çeper eserde durmuşy, adamlary şeýle bir suratlandyrýar weli, onuň suratlandyran ähli zatlaryny anyk görüp bilýär. Çeper edebiýat durmuşda sosial-terbiýeleýjilik tarapyndan möhüm ähmiýete eýe bolup, okyjyda durmuş hakynda joşgunly jemgyýetçilik ideýalary hasyl edýär"[3]. Şonuň üçinem, edebiýat terbiýeleýjilik ähmiýete eýe bolup, onuň esasy predmeti - adam hasaplanýar. Türkmen nazaryýetçisi Ö.Abdyllaýew: "Çeper edebiýat jemgyýetçilik durmuşynyň we tebigatyň ähli taraplaryny sintetik görnüşde suratlandyrsa-da, onuň ýörite öwrenýän iň esasy predmeti janly bölşunda, bitewi konkretlikde we

---

[1] I.Karimow "Ýuksak Manawiýat - ýeňilmas kuç- Toşkent "Manawiýat», 2008, 137-nji sah.

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, "Magaryf", 1985, Izzat Sulton. Adabiỳot nazariýasi. Toşkent, "Ukituwçi". 2005, Kuronow D. Adabiýotshinoslikka kiriş. Toşkent, "Fan", 2007, T.Boboỳew Adabiýotshinoslik asoslari. Toşkent, "Uzbekiston", 2002.

[3] Sultan I. Adabiỳot nazariỳasi. Toşkent, «Ukituwçi», 1980, 7-nji sah.

indiwiduallykda alnan adamdyr”[1] - diýip ýazýar. Hakykatynda-da, çeper edebiýat bizde ylmy we estetiki düşünjeleri hasyl edýär. Çeper edebiýatyň okyjyda durmuş wakalary hakynda täsin pikir döretmegi ylmy, wakalar we obrazlar hakyndaky duýgyny oỳarmagy onun estetiki hasiỳetidir. Çeper edebiỳatyn seỳle özüne mahsus häsiỳetlerini hertaraplaỳyn ylmy esasda anyklamak wajyp meseleleriň biridir. Şonuň üçin hem bu gollanmanyň esasy maksady we wezipesi edebiýatyň jemgyýetçilik – estetiki ähmiýeti, metod we edebi ugry, edebiýatda mazmun we şekil, eseriň dili žanrlar, edebiýatyň nazaryýeti we s.m. meselelerini giňişleýin öwrenmekden ybarat.

Edebiýatyň nazaryýeti meselesi şu güne çenli dünýä Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynda öwrenilip gelinýär. Mysal üçin, rus edebiýatynda G.N.Pospelowyň, A.K.Kwýatkowskiýniň, Ý.B.Borewiň, W.Halizewiň, özbek edebiýatynda I.Sultanyň, T.Boboyewiň, D.Kuronowyň, N. Şukurowyň, E.Hudaýberdiýewiň, H.Umurowyň, türkmen edebiýatynda A.Kekilowyň, Ö.Abdyllaýewiň, R.Rejebowyň, A.Mämmedowyň, garagalpak edebiýatynda S.Ahmetowyň, K.Sultanowyň, K.Žarimbetowyň, K.Orazymbetowyň, gazak edebiýatynda Z.Ahmetowyň, gyrgyz edebiýatynda K.Risaliýewiň[2] we başgalaryň barlaglaryny agzap geçmek bolar.

Bu okuw gollanmada häzirki Garaşsyzlyk zamanymyzda edebiỳatyň ösüş progressiw ideỳalary nazara alnyp, işiň dowamynda köp asyrlyk çeper-estetiki progressiw pikirler, edebi nazary netijeler, demokratik ideýalar metodologik esaslaryň biri hökmünde peỳdalanyldy, şeỳle hem türkmen nazaryỳetçisi

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat, «Magaryf”, 1985, 55 – nji sah.

[2] Pospelowa G.N. Wwedeniye w literaturowedeniye. M., 1987; A.K.Kwýatkowskiý Poetiçeskiy slowar. M., 1964; Ý.B.Borew. Estetika. M., 1988; W.Halizew. Teoriya literatury. M., 2000; I.Sultan. Adabiỳot nazariỳasi. Toşkent, 1980; T.Boboỳew Adabiỳotşunoslikka kiriş. Toşkent, 1979; Adabiỳotşunoslik asoslari. Toşkent, 2002; D.Kuronow Adabiỳotşunoslikka kiriş. Toşkent, 1982; N.Şukurow we başgalar. Adabiỳotşunoslikka kiriş. Toşkent, 1984; Adabiỳotşunoslikga kiriş. Toşkent. 2005; E.Hudaýberdiýew. Adabiỳotshunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”. 2004., H.Umurow. Adabiỳot nazariỳasi. Toşkent, 2002, A.Kekilow. Edebiỳat teoriỳasy. Aşgabat, 1958; Sőz sungaty. Aşgabat, 1970; Ö.Abdyllaýew. Edebiỳat teoriỳasynyň esaslary. Aşgabat, 1985; R.Rejebow. Liriki mazmun we şygyr sungaty. Aşgabat, 1968; A.Mämmedow. Şygyr düzlüş kadalary. Aşgabat, 2010; S.Ahmetow, K. Sultanow. Ädebiỳattanyw. Nőkis, 1987; K.Žarimbetow. Ädebiỳattanywdan sabaklar. Nőkis, 2012; K.Orazimbetow. Kosyk kurylysy. Toşkent, 2010; Z.Ahmetow “Kazahskoe stihosloženiỳe. Alma- Ata, 1964; ”Öleň sözdiň teoriýasi. Alma –Ata, 1988; K.Risaliýew. Kyrgyziskoe stihosloženiỳe. Frunze, 1972.

Ö.Abdyllaỳewiň, garagalpak edebiýatçysy K.Žarimbetowyň nazaryýet meselelerine bagyslanan ylmy-barlag işleriniň tejribelerine daỳandyk.

Işde deňeşdirme-tipologik, taryhy-deňeşdirme we çeper analiz metodlary gollanyldy.

Şeýlelikde, “Edebiỳaty öwreniş ylmy» atly bu okuw gollanma Garagalpak döwlet uniwersitetiň türkmen filologiýasy bakalawr tälim ýönelişiniň talyplary üçin niýetlenendir. Emma ondan filologiýa bilim ugrunda tälim alýan ýokary okuw jaýlarynyň talyplary, akademik litseý, kesp-hünär kolležleriniň okuwçylary hem giňden peýdalanmaklary mümkin.

## Birinji tema

## Çeper edebiýat hakynda maglumat. Giriş. Edebiỳaty öwreniş ylmy - çeper edebiýat hakyndaky ylym.

**Meýilnama:**

1.Edebiỳaty öwreniş ylmy dersiniň maksady we wezipeleri.

2.Edebiýatyň özüne mahsus häsiýetleri.

3. Edebiỳaty öwreniş ylmynyň esasy bölümleri.

4. Edebiỳaty öwreniş ylmynyň başga ylymlar bilen baglanyşygy.

**Daýanç düşünjeleri:** Edebiỳaty öwreniş ylmy hakynda maglumat, edebiỳaty öwreniş ylmy dersiniň predmeti, onuň esasy bölümleri: edebiýat taryhy, edebiýat nazaryýeti, edebi tankyt barada gürrüň bermek, Edebiỳaty öwreniş ylmynyň başga ylymlar bilen baglanyşygy hakynda maglumat.

Edebiỳaty öwreniş ylmy kursy-edebiýat nazaryýetine mahsus bolan esasy pudaklar boýunça gysgaça, ilkinji maglumat berýän ylymdyr. Ol çeper edebiýaty nazary ýönelişde öwrenýär. Edebiỳaty öwreniş ylmy kursunda çeper edebiýatyň peýda bolmagyny we ösüş taryhyny, prosesini, sosial hyzmatyny hem-de özüne mahsus häsiýetlerini, şeýle hem onuň başga-da nazary meselelerini öwrenmekligi özüne maksat edip goýýar.

Çeşmelerde beýan edilişi ýaly Edebiỳaty öwreniş ylmy dersiniň-de barlag edýän obýekti we wezipeleri bar. Onuň obýekti-taryhy şert - ýagdaý bilen birlikde edebi eseri we onuň döredilişi prosesini öwrenmek bilen baglydyr.

Edebiỳaty öwreniş ylmynyň esasy wezipeleri şu aşakdakylary öz içine alýar.

a) Edebi prosesi, edebiýatyň ösüş etaplaryny giňden öwrenmek, olardan edebi hereketjeňligi ösdürmek üçin zerur bolan netijelere gelmekden ybarat.

b) Edebiỳaty öwreniş ylmy çeper edebiýaty zaman talaplaryna laýyk yzygider ösdürmäge we "hyzmat etmäge" özüniň goşandyny goşmalydyr.

w) Edebiỳaty öwreniş ylmy okyjynyň estetiki duýgusyny şöhlelendirmäge, ony nazary taýdan gurallandyrmaga hyzmat etmelidir

g) Edebiỳaty öwreniş ylmy edebiýat bilen durmuş, ýazyjy bilen okyjynyň arasyndaky gatnaşykda dellalçy, olary biri-birine baglanyşdyrýan köpri wezipesini ýerine ýetirmelidir.

Şeýle wezipeleriň nukdaý nazaryndan alanymyzda "Edebiỳaty öwreniş ylmy kursy" talyplara nazara-edebi bilimleriň ýygyndysyny öwretmekligi göz öňünde tutýar. Bu ylmyň ýygyndysy çeper eseri analiz etmek, olara baha bermekde ylmy garaýyşlary, pikirleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem taryhy-edebi ösüşiň özüne mahsus kanunlaryny dogry düşünmeklige kömek berýär. "Edebiỳaty öwreniş ylmy" dersi üç bölüme bölüp öwrenilýär. Birinji bölümde çeper edebiýatyň umumy häsiýetleri hakynda gürrüň berýär. Ikinji bölümde çeper eserleriň ideýa-çeperçiligi taýdan özüne mahsuslygyny öwrenmekligi nazarda tutýar. Üçünji bölümde edebiýatyň ösüşiniň kanunlary, ýagny edebi proses meseleleri barlag edilýär. Biz-de bu gollanmany ýazmakda şeýle prinsipleri nazara aldyk.

Şeýlelikde, edebiỳaty öwreniş ylmy dersiniň adyndan mälim bolşy ýaly, onuň öwrenýän obýekti- edebiýatdygy mese-mälim duýulýar.

Edebiỳaty öwreniş ylmy çeper edebiýat hakyndaky ylym bolýan bolsa, onda biz iň ilki bilen "edebiýat" termininiň many-mazmunyny bilmelidiris. Türki halklaryň edebiýatynda edebiýat nazaryýetçileriniň bellemeklerine görä "edebiýat" sözi arapça "edep" sözüniň köplük şekili bolup, ol giň we dar manyny aňladypdyr.

Türkmen edebiýatynda belli nazaryýetçi alym A.Kekilow “edebiýat” sözüniň giň manysynda, çap edilip kagyz ýüzüne geçirilen her bir eser: gazet, žurnal, okuw kitaplary goşgular, hekaýalar romanlar we şuňa meňzeşler düşünilýär. Dar manysynda “edebiýat” sözünden diňe çeper edebiýat, ýagny, çeperçilik bilen ýazylan eserler – goşgular, dessanlar, hekaýalar, oçerkler, powestler, romanlar, drama, eserleri düşünilýär”[1] - diýip, baryp geçen asyryň ellinji ýyllarynda özüniň pikirlerini öňe sürüpdir.

Edebiýat hakyndaky hut şeýle kesgitleme, türki halklaryň edebiýatynda tipologik häsiýete eýe. Mysal üçin, özbek edebiýatynda alym I.Sultanow: “Edebiýat termini iki manyda ( giň we dar) manylarda ulanylýar”, - diýip , şeýle pikiri beýan edýär: “Giň manyda umuman kitaplar, makalalar, ýagny köpçüligiň okamagy üçin ýazylan we neşir edilen eserler göz öňünde tutulýar. Bu manydaky edebiýatyň özi-de ýene-de birnäçe ugurlara bölünýär. Meselem: Ykdysadyýet edebiýaty, syýasy edebiýat, tehnika edebiýaty we ş.m. edebiýatyň dar we ýörite manyda ulanylmagynda goşgy eserleri (dessanlar, gazallar, aýdymlar) romanlar, kyssa, hekaýa, sahna we kinofilm eserlerini aňladýar. Ýörite manyda ulanylanda bolsa, meselem “Özbek edebiýatynyň taryhy” diýlende özbeklerde kitap ýazmagyň we neşir etmegiň taryhy däl, eýsem çeper söz eserlerini döretmegiň taryhy göz öňünde tutulýar»[2] diýip, onuň dünýä ylmynda dar we ýörite manyda XVIII-XIX asyrlarda peýda bolandygyny hem nygtaýar.

Hakykatynda-da edebiýat taryhyna nazar salanymyzda edebiýat termininiň ulanylyşy gadymy döwürlerde sinkretik görnüşde bolupdyr. Ondan soňky tä XIX asyra çenli döwürlerde bolsa çeper edebiýat köplenç başga edebiýatlardan tapawutlanmandyr. Yagny, “Edebiýat” termini, umuman köpçüligiň okamagy üçin döredilen eserleriň manysynda ulanylypdyr. ”Dünýädäki birnäçe halklaryň dilinde Literatura (литература) termini bilen beýan edilýän bu düşünje aslynda latynça littera (литтера), “harp” sözüniň esasynda düzlüpdir. Rossiýada “литература”

[1] Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat, “Türkmenistan”, 1958, 6-njy sah.

[2] Sulton I. Adabiỳot nazariỳasi. Toşkent, Ukituwçi”, 1980, 5-nji sah.

sözüniň ornuna “poeziýa” termini ulanylypdyr. XIX asyrda ýaşan rus tankytçylaryň eserlerinde “poeziýa” diýlende diňe bir goşgy bilen beýan edilen eserler däl, eýsem ähli žanrdaky nusgalary düşünilipdir[1]. Ylmy çeşmeleri gözden geçirenimizde türki halklaryň edebiýatynda “edebiýat” sözüniň XX asyryň başlarynda peýda bolandygyny anykladyk. Öňler bu sözüň deregine “baýaz”, “diwan”, “tezkire” sözleri ulanylypdyr[2].

Şeýlelikde, dünýä edebiýatynda “edebiýat” terminine berilýän kesgitlemeleri deňeşdirip seredenimizde olaryň tipologik mazmuna hyzmat edýändigini duýýarys. Olaryň ählisinde umumy gelnen netije “çeper edebiýat” diýen terminiň ulanylmagyny ýerlikli diýip bilipdirler. Şonuň üçin hem, häzire çenli bu termin ýörgünli bolup, gelýär.

Çeper edebiýatyň hem özüne mahsus häsiýetleri bar. Öňde belleýşimiz ýaly edebiýat sözüniň özi ”edep” sözünden alnan bolup, ynsanlara oňat häsiýet we umuman, durmuşy oňat düşünmek maksadynda ýazylan eserleri nazarda tutýar[3]. Şeýlelikde, edebiýatyň özüne mahsus häsiýetlerinden ilkinjisi edebiýatyň jemgyýetçilik roludyr. Sebäbi “Çeper edebiýat okyjylar köpçüligine köp zatlar öwretmek we olary terbiýelemek bilen jemgyýetiň ösüşinde örän uly rol oýnaýar. Edebiýatyň beýle rol oýnamagy, ozaly bilen, onuň öwredijilik ähmiýetine baglydyr. Çeper eserlerde durmuş we onuň ösüş perspektiwalary näçe çuň we dogry suratlandyrylsa, ol eser okyjylara-da şol derejede durmuş we onda dowam edip duran, döräp gelýän, döremegi mumkin bolan jemgyýetçilik hadysalary barada degerli düşünje berip biler»[4].

Edebiỳaty öwreniş ylmynda esasy üç sany pudakdan ybarat. Olaryň birinjisi edebiýat nazaryýeti, ikinjisi, edebiýat taryhy hem-de üçünjisi, edebi tankyt. Emma şeýle bolsa-da, edebiýatşynaslyga kömekçi ylymlar hem dahyllydyr. Olar çeper

---

[1] Boboýew T. Adabiýotşinoslik asoslari. Toşkent, 2002, 10-njy sah.

[2] Walihojaýew B. Özbek adabiýotşinosligi tarihi X-XIX asrlar. Toşkent, “Uzbekiston”, 1993, 12-nji sah.

[3] Sultonow I. Adabiýot nazariỳasi. Toşkent, “Ukituwçi”, 1980, 5-10-njy sah.

[4] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 89-njy sah.

tekstiň özüni öwrenýän tekstologiýa, gadymy ýadygärlikleri, olaryň ýazylyş syrlaryny öwrenýän paleografiýa hem-de gündelikli çap edilýän kitaplar, materiallar hakynda maglumat berýän bibliografiýa diýen bölümlerden ybarat.

Ilkinji nobatda edebiýatşynaslygyň esasy pudaklary hakynda durup geçeliň. Sebäbi edebiýatşynaslygyň ýokardaky üç esasy pudaklarynyň her biri, biziň öwrenýän obýektimiziň belli meseleler ýygyndysyny özüniň nukdaýy nazaryndan öwrenýär. Şeýle hem olar özara biri-biri bilen berk aýrylmaz baglanyşykda bolup, biri ikinjisiniň üstüni dolduryp durýar.

**Edebiýat taryhy.** Bu hakynda gürrüň edenimizde dünýä alymlarynyň ylmy işlerini deňeşdirip barlag edenimizde, olarda berlen nazary pikirler biri-biri bilen juda meňzeş. Olar edebiýat taryhyny halkyň edebiýat materiallaryny taryhy taýdan sismowzuklaşdyryp, onuň peýda bolşy bilen ösüşini öwrenýän ylymdyr." – diýip belleýärler. Mysal üçin, türkmen edebiýatynda alym A.Kekilow "Edebiýat taryhy halk döredijiliginiň we ýazuw edebiýatynyň gelip çykyşyny, olaryň adamzat jemgyýetiniň we aýry-aýry halklaryň ösüşi hem ýaşaýşy bilen baglanyşyklydygyny, synpy göreşiň ötgür ýaragydygyny öwredýär"[1]- diýip bellese, özbek edebiýatynda D.Kuranow "Edebiýat taryhy geçmiş edebiýaty (dünýä ýa-da belli bir milli edebiýat) yzygiderli proses ýa-da şu prosesiň basgançaklarynyň biri hökmünde öwrenýär.

Edebiýat taryhynyň esasynda taryhylyk prinsipi durýar. Bu prinsipiň many-mazmuny - ol edebi prossesi konkret sosial-taryhy şert ýagdaýlar bilen bagly hadysa hökmünde öwrenmekligi talap edýär. Sebäbi, edebiýat ynsanyýet jemgyýetiň ösüşiniň belli bir döwründe peýda bolup, onuň sosial-ykdysady ösüşine dahylly halda ösmeginiň tarapdary bolup gelýär. Sebäp näme diýende, konkret taryhy döwrüň edebi hadysasyny diňe bir ebedi - edebi prinsipleriň özi bilen düşündirip bolmaýar, onuň sosial-taryhy ýagdaýlaryny-da anyklamaly bolýar"[1].

---

[1] Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat, "Türkmenistan", 1958, 9-sah

[1] Kuranow D. Adabiýotşunoslikga kiriş, Toşkent, 2005, 8-10-njy sah.

Garagalpak edebiýatynda-da edebiýat taryhy hakynda şeýle nazary kesgitlemeler öňe sürülýär. Meselem, “Edebiỳaty öwreniş ylmynda terminleriniň rusça-garagalpakça düşündirme sözlüginde»: “Edebiýat taryhy edebiýatyň peýda bolşuny, ösüş ýollaryny, onuň milli edebiýatlara bölünişi, taryhyny öwrenýär. Edebiýat taryhy käbir üns merkezindäki ýazyjylaryň döredijiligini, şeýle hem, köpçülik okyjylara tanyş bolan käbir eserleri özbaşdak öwrenmegi mümkin. Edebiýat taryhy şonuň bilen birlikde edebi žanrlaryň, obrazlaryň ewolýusiýasyny hem syn edýär. Edebiýat taryhy barlag edilýän edebiýatyň eýesi bolan halkyň taryhy bilen berk baglanyşykda bolýar”[2].

Öňe sürülen nazary kesgitlemelerden mälim bolşy ýaly edebiýat taryhy - çeper edebiýatda şöhlenenen durmuş wakalarynyň taryhy sahypalary bilen baglanyşdyryp, deňeşdirip ylmy esasda barlag edýär. Mysal üçin, türkmen edebiýatynyň taryhy ilki-ilkiler tezkire, diwan görnüşinde emele gelip, şahyrlar hakynda gysgajyk biografik we bibliografik maglumatlar, olaryň eserlerinden käbir bölekler getirmek bilen peýda bolupdyr.

Häzirki türkmen Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmyna salgylananymyzda türkmen edebiýatynyň taryhyny şu aşakdaky ýaly döwürlere bölüp öwrenýäris:

- Gadymy döwür edebiýatynyň taryhy;
- orta asyrlar edebiýatynyň taryhy;
- nusgawy edebiýatyň taryhy;
- XX asyr türkmen edebiýatynyň taryhy.

Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynda türkmen edebiýatynyň taryhyny ylmy esasda barlag etmäge bagyşlanan birnäçe ylmy işler, ýüze çykdy. Emma beýle barlaglaryň döredilmegi esasan XX asyryň 20-nji ýyllaryndan soňky döwre gabat gelýär. Meselem: A.Garahanowyň “Edebiýat dogrusynda birnäçe söz” (“Türkmen ili” Daşkent, 1992, N1); “Türkmen şahyrlary, türkmen edebiýaty

---

[2] Ahmetow S., J.Esenow, Q.Jarymbetow. Ädebiýattanuw atamalarynyň oryssa-karakalpakşa tüsindirme sözligi. Nökis, 1994, 91-92-sah.

hakynda birnäçe söz” ( Daşkent, 1923, N2), B.Kerbabaýewiň “Türkmen çeper edebiýaty” atly makalalary bar.

Bu ýyllarda türkmen edebiýatyny öwrenmek işine çemeleşme meselesinde her hili garaýyşlar ýüze çykypdyr. Mysal üçin, G.Sähedowyň “Türkmençilik pelsepesi we edebi meselelerimiz” (1927 ý); G.Gurtmyradowyň Türkmen çeper edebiýatyny döretmek meselesindäki şu günki ýumuşlar” (“Türkmenistan” gazeti, 1928 ý, N 267), A. Gulmuhammedowyň “Türkmenistan” gazetiniň edebiýat sahypasy, ýaş şahyr we ýazyjylar” (“Türkmenistan” gazeti, 1928 ý, N 20) atly makalalarynda nusgawy edebiýatyň ähmiýetini inkär edipdirler. Emma B.Kerbabaýewiň, H.Şahberdiýewiň makalalarynda bolsa türkmen edebiýaty ýokary bahalanýar.

Şeýlelikde, şol asyrda ylmyň kem-kemden ösüp kämilleşmegi bilen türkmen edebiýatynyň taryhyny giňişleýin öwrenmeklige üns güýçlendirilýär. Meselem, A.Kerimowyň “Türkmen edebiýaty ösüş ýolunda”, Türkmenistan Ylymlar Akademiýasy Magtymguly adyndaky dil we edebiýat institutynyň alymlary tarapyndan ”Türkmen edebiýatynyň taryhy” atly köp tomluk kitaplary neşir edildi.

Şeýlelikde, edebiýatyň uly bir bölümlerinden biri bolan edebiýat taryhy hem çeper edebiýatyň geçen ösüş ykbalyny taryhy-çeper aspektde derňew edýär.

Edebiýatşynaslygyň esasy bölümlerinden ýene-de biri edebiýat nazaryýeti.

**Edebiýat nazaryýeti –** çeper edebiýatyň manysy, onuň spesifikasy, çeperçilik metodlar, edebi stiller we žanrlar hakyndaky ylymdyr. Edebiýat nazaryýeti çeper edebiýatyň jemgyýetçilik durmuşdaky tutýan ornuny, ähmiýetini, çeper eserleri analiz etmegiň prinsiplerini, çeper edebiýatyň ösüş kanunlaryny öwredýär[1]. Edebiýat nazaryýetine degişli özbek edebiýatynda hem şeýle nazary kesgitlemeler öňe sürülýär. “Edebiýat nazaryýetiniň wezipesi aşakdaky ýalydyr: söz sungatynyň many-mazmunyny, jemgyýetçilik ähmiýetini we roluny, hyzmatyny, onuň özüne mahsus häsiýetlerini barlag edýär. Edebiýat nazaryýeti

---

[1] Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat, “Türkmenistan”, 1958, 7-nji sah.

çeper edebiýatyň obrazlylygy, halkylygy, tipikligi we başga-da birnäçe ugurlaryny anyklaýar, edebi eseriň komponentleri hakynda bäsleşik alyp barýar, edebi görnüş we žanrlar, edebi akym we ugurlar, edebi metod we tärler ýaly meseleleri barlag edýär”[1].

«Edebiýat nazaryýeti çeper edebiỳatyň durmuş bilen, jemgyỳetilik aňynyň beỳleki görnüşleri bilen baglanyşygyny, durmuşy çeper suratlandyrmagyň spesifiki aỳratynlyklaryny we kanunlaryny çeper obrazyň manysyny we strukturasyny, çeper mazmunyň we formanyň özboluşly häsiỳetlerini we olaryň birligini, sỳujetiň, edebi janrlaryň hem-de olaryň görnüşleriniň, ỳazyjynyň stiliniň, edebi ugurlaryň hem-de usullaryň nämedigini, olaryň döreỳşini, ösüşiniň kanunalaỳyklygyny öwrenỳan ylymdyr»[2].

Şeýlelikde, edebiỳat nazaryỳeti hakynda türki halklar edebiýatynda aýdylýan pikirleri deňeşdirip seredenimizde, olarda umumylyklar, meňzeşlikler bar. Çeper eserlere mynasyp baha bermekde jemgyýetiň durmuşyny oňat tarapa özgertmekde edebiýat nazaryýetiniň özüne mahsus hyzmaty, roly bar. Şeýle hem edebiýat nazaryýetiniň ylym hökmünde şekillenmeginde, ösmeginde dünýä edebiýatynyň-da hyzmaty bar. Edebiýat nazaryýeti dünỳä edebiỳatynyň tejribeleri bilen baỳlaşdy, ösdi. Edebiýat nazaryýeti jemgyýetiň çeper medeniýetini ösdürmekde, söz senetkäriniň döredijilik tejribelerine, ösen edebiýatlaryň tendensiýalaryna esaslanýar. Edebiýat nazaryýeti başga ylymlar bilen berk baglanyşyklydyr. Ol jemgyýet hakyndaky filosofiki pikirleri umumylaşdyrýan filosofiýa ylmy bilen berk baglydyr. Sebäbi her bir çeper eseriň netijesinde elbet-de, umumylaşdyrylan filosofiki pikirleriň bardygyny ähli edebiýatçylar ykrar edýärler. Edebiýatda estetikanyň hem uly orny bar. Şonuň üçin, estetika ylmy bilen edebiýat nazaryýeti baglydyr. Şeýle hem edebiýat nazaryýeti dilşynaslyk, sungat, psihologiýa, taryh ylymlary bilen-de baglanyşykda bolýar. Aýratyn-da adam

---

[1] Sultan I. Adabiýot nazaryýasi. Toşkent, “ Ukituwçi”, 1980; D.Kuranow Adabiýotşunoslikga kiriş, Toşkent, 2005; Adabiýotşunoslik terminlari lugati. Toşkent, 1983; Kollektiw. Adabiýot nazaryýasi. 2-tom. Toşkent, «Fan», 1978, 1979;

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 89-njy sah.

ruhunyň täsin taraplaryny açyp berýän psihologiýa ylmy, ony öwrenmek edebiýat nazaryýetinyň esasy häsiýetlerinden biridir.

Edebiýat nazaryýeti hakynda türkmen Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynda hem birnäçe barlaglar ýüze çykyp başlady. Mysal üçin: A.Ýazgulyýew, A.Kekilow, G.Alyýew ýaly alymlar bu ugur bilen gaty köp wagtlap gyzyklanypdyrlar. A.Mammedowyň[1] aýtmagyna görä A.Ýazgulyýew "Edebiýat teoriýasynyň" ilkinji awtory bolupdyr. Mundan soňra A.Kekilowyň "Edebiýat teoriýasy" (Aşgabat, 1958); Söz sungaty (Aşgabat, 1970) Ö.Abdyllaýewiň "Goşgy düzülişiniň esaslary" (Aşgabat, 1963); "Edebiýat teoriýasy" (Aşgabat, 1963); "Edebiýat teoriýasynyň esaslary" (Aşgabat, 1985) atly kitaplary neşir edilýär. Ýokarda A.Kekilow bilen Ö.Abdyllaýewleriň edebiýat nazaryýeti barasyndaky işlerinde bir-birine gapma-garşy bolan pikirler duş gelýär. Ö.Abdyllaýew belli edebiýatçy A.Kekilowyň kitabyndaky käbir nazary çözgütler bilen ylalaşman, onda milli edebi nusgalara az salgylanýandygyny, onuň ylym bilen çeper edebiýatyň arasyndaky tapawut barada aýdan pikirlerini inkär edýär. Bu hakynda belli türkmen edebiýatçysy A.Mämmedowyň "Sönmeýän we sünmeýän ýyldyz" atly monografik işinde şeýle maglumatlar getirilipdir. Ö.Abdyllaýew özüniň "Teoriýa anyk bolmandyr" diýen makalasynda A.Kekilowyň "Ylym bilen çeper edebiýatyň arasyndaky tapawut olaryň mazmunynda däldir, olaryň ikisi-de mazmunlydyr" diýen pikirlerine "Ylym bilen çeper edebiýatyň arasyndaky tapawut, ozaly bilen olaryň mazmunyndadyr, ylymda ylmy mazmun, çeper edebiýatda çeper mazmun bar. Ylmy mazmun bilen çeper mazmun bolsa bir zat däldir" diýip jogap berendigini belläp geçýär[1].

Türkmen edebiýatşynaslygynda edebiýat nazaryýeti barada peýda bolan bolan bu iki kitabyň awtorlarynyň edebiýat bilen ylmyň tapawudynyň olaryň mazmuny babatyndaky pikirleri rus alymlary W.G.Belinskiý bilen Plehanowlaryň garaýyşlaryny ýa-da salýar. Netijede A.Kekilow W.G.Belinskiýniň, Ö.Abdyllaýew bolsa Plehanowyň ýodasy bilen ýöräpdir.

---

[1] Mämmedow A. "Sönmeýän we süýnmeýän ýyldyz". Aşgabat, "Ruh" 1998, 112-nji sah.; Ö. Abdyllaýew Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, 1963, 15-nji sah

Edebiýaty öwreniş ylmynyň esasy ugurlarynyň ýene-de biri edebi tankytdyr. **Edebi tankyt -** grekçe kritike baha bermek, sungaty synlamak diỳmekdir. Edebi syn esasan edebiýatyň häzirki ýagdaýyna, onda emele gelen ideýa-çeperçilik hadysalara, käbir eserlere, käbir ýazyjylaryň döredijiligine häzirki zaman edebi-ideologik garaýyşdan baha berýär. Neşirden çykyp, köpçülige hödürlenen eserleri analizläp, edebi tankyt okyjynyň pikirlerini, arzuw-islegini şöhlelendirýär, şonuň bilen birlikde çeper eseri bilmäge, edebi çeper duýgyny ösdürmäge uly kömek edýär. Tankyt çeper eseri analizlände mazmun bilen formanyň birligini nazara alýar, ýagny eseriň ideýa ýönelişi bilen çeperçilik gymmatyny anyklaýar, şu talaplara jogap berip bilmedik eserleriň kemçiliklerini açyp berýär[1].

Edebi tankyt hakynda türki halklar edebiýatynda beýan edilen pikirleri deňeşdirip seredenimizde olar tipologik häsiýete eýe. Meselem, özbek edebiýatynda "Edebi tankyt edebiýatşynaslygyň edebi prossese ilki aralaşýan ýönelişidir. Edebi tankyt her bir döwrüň edebi hadysalary, ýazyjylarynyň döredijiligi hakynda öz wagtynda barlag alyp barýar, olary öz zamanasynyň talaplary nukdaý nazaryndan analiz edýär, bahalaýar. Üstünliklerini belläp, edebi prossesdäki tejribeleri umumylaşdyrýar. Kemçiliklerini bolsa açyp berip, edebi prosesiň hiline täsir edýär. Şol wagtyň özünde durmuşdaky wakalaryň many-mazmunyny, ähmiýetini giňişleýin düşünmeklige goşant goşýar. Şeýle manyda ondan zaman talabyndaky hadysalary barlag etmek häsiýetiniň güýçli bolmagyny talap edýär"[2] diýip bellenilse, professor A.Rasulow "Edebi tankyt, aýratyn analiz hakyndaky garaýyşlaryň esasy çeşmesi, özleşdirmegiň reseptiw estetikasydyr. Edebi tankyt öz içine kän zatlary gurşap alýar. Şert ýagdaý edebi tankydyň ol ýa-da bu ýönelişinde ösmegini talap edýär.

Edebi tankyt eseriň ideýasynyň nähili açylandygy, amala aşyrylanlygy bilen gyzyklanýar. Tankydyň beýle ýörelgesi çeper edebiýatyň öz «dilini bilmäge

---

[1] Ahmetow S., J.Esenow, K.Jarymbetow. Ädebiýattanuw atamalarynyň oryssşa-karakalpakşa tüsindirme sözligi. Nökis, 1994, 106-njy sah.
[2] Hudaýberdiýew E. Adabiýotshunoslikka kiriş. Toşkent, "Ukituwçi", 2004, 17-nji sah.

ymtylýandygy" bilen subut edilýär"[1]- diýip belläp häzirki zaman tankytçylykda eseri analiz etmegiň her hili tärleriniň ýüze çykýandygyny, bu görnüşdäki usullaryň çeper eseriň häsiýetini açyp bermekde, many-mazmunyny anyklamakda örän uly ähmiýete eýedigini belleýär. Bu ugurda stukturaly, semiotik sosial , tär, mikroanaliz görnüşleriniň bardygyny hem-de intonasiýa tär analiziniň tankytçylyga indi-indiler girip gelendigini beýan edýär.

Türkmen edebiýatynda edebi tankyt hakynda Ö.Abdyllaýew "Edebi tankyt edebiýat teoriýasynyň-da edebiýat taryhynyň-da öwrenýän zatlaryny ýöriteläp sistemalaşdyryp öwrenmeýär. Ol edebiýat hakyndaky ylmyň razwedçigi hökmünde edebiýatyň belli-belli döwürdäki ösüşinde emele gelen meseleler barada, aýry-aýry ýazyjynyň döredijiligi ýa-da aýry-aýry eseri barada operatiwlik bilen bada-bat seslenýär. Şeýle etmek bilen ol edebiýatyň ösüşinde, aýry-aýry ýazyjylaryň dowam edip duran janly döredijilik praktikasynda peýda bolan şowly zatlaryň has giň gerim bilen dowam etdirilmegine, ösdürilmegine, kemçilikleriniň öz wagtynda öňüniň alynmagyna degerli täsir edýär"[2] - diỳip belleỳär.

Şeýlelikde, ýokarda beýan edilen pikirlerden mälim bolşy ýaly, edebi tankyt käwagtlarda öz döwri üçin täzelik bolan hakykatlary beýan edip zamanasynyň sungatynyň we edebiýatynyň ösüşinde täze döwrüň başlanmagy mümkin. Edebi tankydyň ýene-de bir häsiýeti onuň publisistika bilen berk baglanyşmagydyr. Bu edebi prosesiň hadysalaryny we çeper döredijiligiň käbir eserlerini analizläp, olaryň gymmatyny okyjy köpçüligine düşündirmeklige we köpçüligiň estetik duýgusyny oýarmaga, terbiýelemäge niýetlenilen edebi tankyt özüniň okyjysyna metbugat we başga-da serişdeler arkaly täsir edýär.

Türkmen edebi tankytçylygy özbaşdak ylym hökmünde XX asyryň 20-nji ýyllarynda şekillenip başlaýar. Bu hakynda belli tankytçy J.Allakowyň "Türkmen edebi tankydynyň taryhy" (Aşgabat, 1988)" atly monografik işi okyjylara mälim.

---

[1] Rasulow A. Tankid talqin baholash. Toşkent,"Fan", 2006, 5-6-njy sah.

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, "Magaryf", 1958, 3-nji sah.

Edebiýatşynaslygyň ýokarda ady getirilen esasy pudaklaryndan başga-da goşmaça bölümleri hem bar. Olar aşakdakylardan ybaratdyr.

**1.Istoriografiýa.**

**2.Bibliografiýa**

**3.Tekstologiýa.**

Türkmen edebiýatynda A.Kekilow bularyň iki görnüşini ýagny, bibliografiýa we tekstologiýany belläp geỳär.

**1) Istoriografiýa** – edebiýat nazaryýeti, edebiýat taryhy we tankydynyň taryhy ösüş ýollaryna baglanyşykly materiallary ýygnaýar we öwrenýär. Munuň hem ylym üçin uly möhüm ähmiýeti bar. Sebäbi istoriografiýa materiallary barlag etmegi ýaýbaňlandyrýar we konkretleşdirýär. Şeýlelikde, bu ýöneliş her hili döwürlerde döredilen hem-de ilkinji çeşme hasaplanýan eserleriň mazmunyny açyp bermek bilen meşgul bolýar. Meselem, XVIII asyrda ýaşap geçen şahyr Nurmuhammet Andalybyň ömri we döredijiligini şöhlelendirmäge hyzmat edýän taryhy çeşmeleri barlag edýär, edebiýatymyzyň taryhyna zerur bolan maglumatlary anyklap berýär. Şeýlelikde, Nurmuhammet Andalybyň ýa-da geçmişde ýaşap geçen başga-da birnäçe şahyrlarymyz hakyndaky maglumatlar okyjylarda pikir-duýgynyň şekillenmegine öz täsirini ýetirỳär. Netijede istoriografiýa edebiýat taryhyny öwrenmekde örän ähmiýetlidir.

**2) Tekstologiýa** – latynça **teetus**-mynasybet bildirmek we ylym sözlerinden gelip çykypdyr. Tekstologiýa ýazyjylaryň eserleriniň birnäçe nusgalaryny deňeşdirip, onuň neşire taýýarlanyşyny, eseriň ýazylan taryhyny, eseriň esasy düýp- nusgasyny anyklamaga kömek berýär. Ol Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynyň esasy üç pudagy bilen-de aýrylmaz baglanyşyklydyr. Tektologiýa antik edebiýat hem-de dünýä edebiýaty tekstologiýasy bolup ikä bölünýär. Ol Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynyň iň kyn ähmiýetli pudaklarynyň biridir[1]. Şeýlelikde, geçmişde ýaşap geçen şahyrlarymyzyň ýa-da edebi ýadygärlikleriň nusgalary dürli-dürli golýazmalarda bize gelip ýetipdir, emma şahyrlaryň hut öz elleri bilen

---

[1] Ahmetow S., Ž.Esenow, K.Žarimbetow, “Ädebiyattanyw atamalarynyň oryssha-karakalpaksha tusindirme sözlugi. Nökis. “Bilim”. 1994. 209-njy sah.

göçüren golỳazmalary bizde ỳok. Tekstologlar şeỳle golỳazmalary düỳpli öwrenỳärler we şahyryň eserleriniň asyl nusgasyna ỳakyn bolan teksti saỳlap alỳarlar. Mysal üçin, häzirki wagtda Türkmenistanda «Miras» merkezi tarapyndan edebi ỳädygärliklerimiz, nusgawy şahyrlaryň çeper eserleri häzirki ỳazuwa golaỳlaşdyrylyp, gaỳtadan neşir edilip, okyjylara hödürlendi. Meselem, professor K.Ataỳew tarapyndan XVIII asyrda ýaşan türkmen şahyry Mahmyt Gaýybynyň “Diwan” (Aşgabat, “Miras”, 2005) goşgular ýygyndysy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty G.Guzyçyỳewanyň “Hatamnama”( Aşgabat, “Miras” 2005) we başga-da birnäçe kitaplaryň neşir edilmeginde şu tekstologiýanyň uly ähmiýeti bar.

**3) Bibliografiýa**- grekçe **biblio-**kitap, **grappo**- ýazýaryn diýen sözlerden emele gelipdir. Onuň esasy maksady çeper edebiýat, syn, edebiýat ylmy boýunça neşir edilen ylmy barlaglar hakynda maglumatlary bermekden ybarat. Kitaphanada çykan kitaplar, makalalar we olaryň awtorlary, neşir edilen ýeri, ýyly, gysgaça mazmuny hakynda anyk maglumatlary almaga mümkinçilik döredýär. Belli bir ýazyjynyň ýazan eserleriniň we ol eserler hakynda ýazylan synlaryň, tankydy makalalaryň tertipli suratda görkezilmegine hem bibliografiýa diýilýär[2].

Özbek edebiýatynda bibliografiýany üç topara bölüp görkezýärler:

1) Bibliografik häsiýetnama - eseriň haçan we nirede neşir edilendigi hakynda gysgaça maglumat bermek:

2) Annotasion häsiýetnama - eserde nähili wakalaryň suratlandyrylyşy hakynda gysgaça maglumat bermek.

3) Resensiýa - ýa-da syn - bir awtoryň eserine baha bermek, onuň oňat taraplaryny we kemçiliklerini analiz arkaly görkezip bermek.

Şeýlelikde, ýokarda ady agzalan pudaklar özara birleşenlerinde ýa-da aýratyn halda bolsa-da, Edebiỳaty öwreniş ylmynda çeper edebiýaty giňişleýin we çuňdan analiz etmek mümkinçiligine eýe bolýar.

Edebiýat taryhyndan mälim bolşy ýaly irki döwürlerde ylymlar özara bölünmedik bolandygy sebäpli, Edebiỳaty öwreniş ylmynda hem filosofiýanyň

---

[2] Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat, “Türkmenistan”, 1958, 9-njy sah.

içindäki bir bölüm hasaplanypdyr. Emma ynsan aňynyň ösmegi dowamynda her hili ylymlar aýratyn ylym hökmünde pudaklara bölünipdir. Şeỳle-de bolsa Edebiỳaty öwreniş ylmynda başga ylymlar bilen hem berk baglanyşyklydyr. Esasan-da, ol dil bilimi bilen berk baglydyr. Sebäbi çeper edebiýatyň materialy söz, edebi eser bolsa sözlerden düzülýän tekstdir, mazmundyr. Çeper tekst bolsa diliň kanunyýetleriniň esasynda şekillenýär. Diliň kanunýetlerini bilmek tekstiň (mazmunynyň) gurluşyny, ulanylan stilistik figuralaryň estetik bahasy hakynda pikir ýöretmekde örän möhüm. Edebiỳaty öwreniş ylmynda dil biliminiň üstünliklerine daýanyp suratlandyryş serişdeleriniň estetik taraplaryny öwrense, dil bilimi diliň kanunyýetlerini öwrenmekligi özüne maksat edýär[1]. Edebiỳaty öwreniş ylmynda taryh ylmy bilen-de berk baglydyr. Belli bir döwrüň edebiýaty ýa-da geçmişde döredilen konkret eseri analiz edýän edebiýat taryhçysy şol döwrüň sosial-taryhy hadysalaryny öwrenmegi, bilmegi zerurdyr. Sebäbi ol öwrenilýän döwrüň edebiýatynda barlag edilýän hadysalaryň many-mazmunyny-da, analiz edilýän eseriň ähmiýetini-de doly anyklap bilmeýär.

Edebiỳaty öwreniş ylmynda sungatyň umumy kanunyýetlerini öwrenýän estetika ylmy bilen hem baglanyşyklydyr. Sebäbi, söz sungaty hökmünde çeper edebiýat sungatyň umumy kanunyýetleriniň esasynda ýaşamaga, sungatyň başga-da görnüşleri bilen gatnaşykdadygy edebiýatçydan estetika ylmynyň üstünliklerinden habarly bolmalydygyny ýatladýar.

Şeýlelikde, Edebiỳaty öwreniş ylmynda filosofiýa, psihologiýa we başga-da ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşykda ösýär. Hakyky edebiýatçy Edebiỳaty öwreniş ylmynda hakyndaky maglumatlary doly bilmelidir we olary amalyýetde ulanyp, çeper eserleri analizläp, olary bahalamagy başarmalydyr.

**Soraglar we ýumuşlar**.

1. Edebiỳaty öwreniş ylmy näme?
2. Edebiýatşynaslygyň esasy pudaklary haýsylar?

---

[1] Kuranow D. Adabiỳotshunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 2004, 15-nji sah.

3. Edebiýatşynaslygyň başga ylymlar bilen nähili arabaglanyşygy bar?

4. Edebiýaty öwreniş ylmy hakynda ýazylan nähili ylmy işleri bilýärsiňiz?

## Edebiýatlar

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat. "Magaryf". 1985

2.Adabiýot nazariýasi. U.R. Halk talim wazirligi. Toşkent, 1999

3.Ahmetov S., Sultanov K., Ädebiýattanyw. Nokis."Karakalpakstan". 1987.

4.Ahmetow S., Ž.Esenow, K.Žarimbetow. "Ädebiyattanyw atamalarynyň oryssa-karakalpakşa tusindirme sözligi. Nökis. "Bilim". 1994

5. Boboýew T. Adabiýotşunoslik asoslari. Toşkent, 2002

6.Walihojaýew B. Özbek adabiýotşunosligi tarihi X-XIX asrlar. Toşkent, Uzbekiston, 1993

7.Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat. "Türkmenistan". 1958

8.Kuranow D. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, «Ukituwçi", 2004.

9. Mämmedow A. Sönmeýän we süýnmeýän ýyldyz. Aşgabat, "Ruh". 1998.

10.Rasulow A. Tankid, talqin, baholaş. Toşkent, "Fan", 2006.

11.Sulton I. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, «Ukituwçi", 1980

12.Hudaýberdiýew E. Adabiýotşunoslikga kiriş. Toşkent, «Ukituwçi", 2004.

## Ikinji tema

## Çeper edebiýat hakyndaky taglymat. Çeper edebiýatyň ähmiýeti we ýerine ýetirýän hyzmaty.

**Meýilnama:**

1.Çeper edebiýat jemgyýetçilik aňynyň özboluşly bir görnüşidir.

2.Çeper edebiýatyň predmeti.

3.Hakykaty suratlandyrmakda çeper edebiýatyň ylymdan tapawudy.

4. Çeper edebiýatyň sosial tebigaty.

**Daýanç düşünjeleri:** Çeper edebiýat hakyndaky garaýyşlar, çeper edebiýat we sosial aň, çeper edebiýatyň esasy öwrenýän predmeti, çeper edebiýatyň

ylymdan tapawudy, çeper edebiýatyň sosial tebigaty hakynda, çeper edebiýat söz sungatydyr, onuň estetik funksiýasy hakynda maglumat.

Edebiỳaty öwreniş ylmy şu güne çenli dowam edip gelýän iki hili garaýyş özüniň hakyky çözgüdini tapmaklyga garaşyp dur. Olaryň birinjisi edebiýaty "sap sungat" görnüşinde düşünmeklik nazarda tutulsa, ikinji bir garaýyşda çeper edebiýatyň sosial aňyň bir görnüşi ekenligini inkär edýärler. Bu pikiri köplenç "sap sungat"yň tarapdarlary öňe sürüpdir. Biz köplenç akyl we duýgyny biri-birine garşy goýýarys, emma bu zat bedenimizde akyl we duýgynyň bir wagtda emele gelmegi, ikisiniňde birlikde ynsan ruhyýetiniň emele gelmegine päsgel bermeýär. Sebäbi ynsan ruhy hyzmatynyň önümi bolan edebiýat olaryň ikisini-de özünde jemläp bilýär[1].

Edebiýat nazaryỳetçileri bu meseläni çeper döredijiligiň tebigatyndan gelip çykan halda düşünmekligi we düşündirmekligi maslahat berýär. Çeper edebiýatyň jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi hökmünde differensirlenmegi hakynda pikir ýöreden türkmen edebiýatçysy Ö.Abdyllaýew "Adam özüniň hereketi, praktiki işi, zähmeti arkaly hakykaty özgertmek bilen birlikde, oňa akyl hem ýetirýär. Hakykata akyl ýetirmek - ony özleşdirmek hem dürli-dürli häsiýetdedir. Beýle bolmagynyň sebäbi-de, birinjiden, hakykatyň özünde dürli häsiýetli taraplaryň köplügidir, ikinjiden, adamyň isleginiň, hajatynyň köp taraplylygydyr. Adamda, mysal üçin, durmuşyň, tebigatyň kanunlaryna, akyl ýetirmek islegi bolsa, ikinji tarapdan, durmuşyň we tebigatyň gözelliginden lezzet almak islegi bar. Adam hakykaty aňlamaga we ony özgertmäge-de, şonuň ýaly isleglerine laýyklykda dürli formalarda çemeleşýär.

Soňky wagtlarda zähmetiň differensirlenmegi we adamlaryň estetiki duýgusynyň ösmegi netijesinde olaryň hakykata bolan gatnaşygy-da, hakykaty aňlamagyň formalaryda differensirlenipdir. Maddy önüm öndürmek bilen ruhy önüm öndürmek adamlaryň maddy önümçilik prossesindäki zähmetleri, göreşleri bilen, olaryň durmuşlary we maksatlary bilen baglanyşygyny-da bes edipdir

---

[1] Kuranow D. "Adabiỳotshunoslikka kiriş. Toşkent, "Ukituwçi", 2004, 20-nji sah.

diýildigi däldir. Zähmetiň ol iki görnüşi özleriniň häsiýeti, şerti, önümi boýunça tapawutlansa-da, olar aýrylmaz özara gatnaşykda bolup, bir-birine täsir edýär. Akyl zähmetiniň önümi bolan ylym, sungat haçan-da maddy önümçiligiň, jemgyýetçilik durmuşynyň gowulanmagyna, ösmegine hyzmat eden wagtynda, uly rol oýnaýar”[1] - diýen maglumatlary beýan edipdir.

Şeýlelikde, «çeper döredijilige itergi berýän ilkinji zat bilmek zerurlygydyr. Dogry soňky döwürlerde döredilen eserlerde hemişe döredijiniň bilmäge ymtylmagy rowaýatlardaky ýaly açyk-aýdyň duýulmazlygy mümkin, emma onuň döredilmegine bolsa ine, şu zerurlyk itergi berýär. Meselem, bir galamkeşe jemgyýetiň bar bolan halatyny ýa-da ösüş taraplaryny bilmek (köplenç romanlarda), başga birine özüni duýmagy arkaly hudaýy bilmek (tasawwuf goşgulary), ýene-de birine kalbyndaky duýgularyny (ýagny özüni) aňlamagy we şuňa meňzeş umumy ady BILMEK diýip atlandyrylýan zerurlyk döredijilige ündeýär”[2]. Dogry häzirki wagtda döredilen eserlerde bilmek zerurlygynyň bardygy açyk-aýdyň göze düşmeýär. Sebäbi, döredij - galamkeş tarapyndan aňlanylan zadyň eserde başgaça bir ugurda suratlandyrylmagy bilen düşündirilmegi-de mümkin. Meselem, döredij özüniň köpwagtdan bäri çözüp bilmedik, özüniň aňlamagyna ymtylýan meseläniň çözgüdini tebigat goýnunda, durmuşdaky birden-bir halatda, hadysa we şuňa meňzeşlerde görmegi, ýagny şol zatda hikmet görmegi-de mümkin. Döredij özüniň eserinde şol zady (wagt, halat, ýagdaý, hadysa we.ş.m) şöhlelendirmek bilen zerurlygyň öwezini doldurýar.

Ruhyň aýratyn we gaýtalanmaýan ýagdaýy bolmuş döredijiligiň dowamynda senetkäre özüniň yzarlaýan many-mazmuny aýan bolýar. Senetkäriň döredijilik edýän wagtyndaky ýagdaýy, onuň zorygyp işleýän aňy, kalby bolsa eseriň mazmunyn-da, tekstinde möhürlenýär. Şeýlelikde, çeper döredijilik bilmäge gönükdirilen prosses eken, diýmek, çeper edebiýat hem aňa baglanyşykly hadysadyr, diňe munda bilmegiň sungata mahsus bolan ýolundan barýarlar[1].

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 51-52-nji sah.
[2] Kuranow D. “Adabiyotshunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 2004. 21-nji sah.

[1] Kuranow D Adabiyotshunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 2004, 15-nji sah.

Diýmek ýokarda aýdylan pikirlerden gelip çykýan netije: edebiýat ikitaraplaýyn hadysa eken, ol sungata hem sosial-jemgyýetçilik aňa hem deň derejede baglydyr.

Belli tankytçy Belinskiý edebiýaty halk pikiriniň soňky we ýokary beýany diýip häsiýetlendirýär. Şeýlelikde, edebiýat jemgyýetçilik aňyň bir görnüşidir. Şonuň bilen birlikde, halk pikiriniň özüne mahsus şöhlelenmesidir. Şeýle hem edebiýat jemgyýetçilik aňyň çeper şekildäki şöhlelenmesidir. Edebiýatyň esasy serişdesi dildir. Sebäbi söz, dil, umuman jemgyýetçilik aňyň serişdesidir. (tebigat ylmynyň wekili-de, jemgyýetçilik ylmynyň hünärmeni-de, öz pikirlerini çeper edebiýatyň wekili bolan ýazyjy ýaly söz arkaly beýan edýär). Şeýlelikde, edebiýat-jemgyýetçilik aňyň söz arkaly beýany hasaplanýar. Edebiýatyň sosial durmuşda tutýan orny we oýnaýan roly onuň sosial funksiýasy diýip atlandyrylýar. (funksiýa-latynça söz bolup, wezipe, hyzmat diýmekdir.)

Edebiýatda - adam durmuşynyň reňbereň görnüşleri, içki duýgylary özüniň beýanyny tapýar. Umuman çeper edebiýatyň sinkretik häsiýete eýedigini ýatdan çykarmaly däl. Ol sungatyň başga pudaklaryndan özüniň suratlandyryş serişdeleri bilen tapawutlansa-da, käwagt olara mahsus birnäçe häsiýetleri özünde jemleýär.

“Çeper edebiýat jemgyýetçilik durmuşynyň we tebigatyň ähli taraplaryny sintetik görnüşde suratlandyrsa-da, onuň ýörite öwrenýän iň esasy predmeti janly bolşunda, bitewi konkretlikde we indiwiduallykda alnan adamdyr”[2]. Emma bu häsiýet tötänden peýda bolmandyr. Meselem; Belinskiýniň[3] aýtmagyna görä, gadymy hind poeziýasynda tebigat ylahylaşdyrylypdyr, birinji nobatda ösümlikler, ýylanlar, guşlar, sygyrlar, piller we başga haýwanlar görkezilipdir. Adam bolsa tebigata ýakyn, kömekçi güýç hökmünde berilipdir. Gadymy Mysr mifologiýasynda bolsa güýçli haýwanlaryň we hudaýlaryň obrazynyň arasynda adamyň daşky keşbi hem görnüp başlapdyr. Diňe gadymy Ýunan sungatyndan başlap, adam sungat eseriniň esasy predmeti bolup hyzmat edipdir. Bu jähtden Gomeriň eserleri, Eşil, Sofokl we Ewrepidiň tragediýalary, Aristofanyň komediýalary çeper pikirlenişiň taryhynda uly täsinlikler hasaplanypdyr. Şondan başlap adam sungatyň we edebiýatyň esasy suratlandyryş obýekti bolup gelýär.

---

2 Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 51-59-njy sah.
3 Belinskiý W.G. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1948

Gomeriň döwründen bu güne çenli edebiýat uzak we çylşyrymly ýoly ädimläp gelýär. Onuň merkezinde hemişe adamyň tagdyry durýar. Emma mundan çeper eserde adamdan başga hiç zat suratlandyrylmaýar eken diýen netijä gelmek bolmaz. Meselem, çeper eserlerde tebigat haýwanat dünýäsi, zatlar hem suratlandyrylmagy mümkin. Emma bularyň ählisi adam obrazy bilen baglanmagy şertdir.

Nazaryýetçileriň bellemeklerine görä çeper edebiýatda duş gelýän tebigatyň teswiri ýa-da peýzaž eseriň kompozisiýasynda anyk wezipäni ýerine ýetirýär. Meselem, gahrymanyň hereket edýän tebigy territoriýasyny suratlandyrýar, (oba, şäher, dag, çöl) gahryman häsiýetiniň ol ýa-da bu taraplaryny açmaga hyzmat edýär, eserde suratlandyrylýan waka-hadysa taryhy-konkret öwüşgin berýär. (daň, gündüz, agşam, pasyllar).

Çeper eserde tebigatyň teswiri kömekçi serişde bolup galman, eýsem, esasy suratlandyryş obýekti bolmagy hem mümkin. Esasan-da, peýzaž lirikasynda şeýle bolýar. Onda peýzaž ynsanyň içki duýgulary, ruhy hallary bilen kybapdaş edilip suratlandyrylýar. G.Ezizowyň:

Biz söýüldik, bagtly bolduk şoň üçin
Diňe söýen güýzde gussa düşünýär.
Kim aýdypdyr pany diýip barlyga,
Ýaşanyňa juda degýär bu dünýä.
Ine şu gözellik ýaşany üçin
Küýsedik baharlar basymdan-basym.
Güýzüň ýaprak büрän ýata suwlarnyň,
Onuň ýadan ýollarynyň gussasyn[1]

diýen goşgy setirlerinde ”liriki gahrymanyň gubarlan göwnüni açmak üçin dutar alyp, onuň güýzüň çalymtyk asmany zerarly çöken ruhuny galdyrmak üçin ýazylana meňzeýär. Şygyrda durmuş ýagty kartinalarda suratlandyrylýar, liriki gahryman bu dünýä biparh garaman, elmydama boljak, gözellikler mesgeni hökmünde garaýar. Şol ajaýyp dünýä has çuňňur düşünmek, seljermek üçin şahyr

[1] Ezizow G. Serpaý. Aşgabat, 1799, 26-njy sah.

ýene-de güýzüň gussasyny küýseýär (“bu gussa durlaýar, saplaýar meni”) şatlykdyr gaýgy-gamy biri-birine ýanaşyk goýup, gözelligiň ajaýyp taraplaryny açmaga çalyşýar”[1]. Şeýlelikde, goşguda dünýäniň panylygy, ynsanyň bu dünýäde ýaşaýşynyň many-mazmuny hakdaky filosofiki garaýyşlary, ýaşaýşa, geljege bolan umytlar (“küýsedik baharlar basymdan-basym”), güýz ýapraklaryna bürenen tebigat liriki gahrymanyň garaýşyndan, duýgusyndan üzňe beýan edilmeýär. Esasy orunda adam bilen tebigatyň biri-birine gaty berk baglylygy, adamyň tebigat hadysalaryna we predmetlerine bolan garaýşy, duýgusy, olary estetiki taýdan özleşdirmegi baş mesele bolup durýar. Tebigatyň suratlandyrylmagy kömekçi serişde bolup durman, eýsem esasy suratlandyrma obýekti bolup dur.

Mundan başga-da çeper edebiýatda haýwanat dünýäsiniň suratlandyrylyşyna-da aýratyn üns berilýär. Ol-da hut peýzaž ýaly, adam häsiýetiniň belli bir jähetlerini açyp bermekde möhüm rol oýnaýar. Mysal üçin, A.Salyhyň “Durna we tilki” ertekisinde haýwanlaryň üsti bilen adamlaryň häsiýeti açyp berilýär.

Şeýlelikde, çeper eseriň suratlandyryş obýekti durmuş - tebigat we jemgyýetçilik hadysalardyr. Emma suratlandyrmagyň merkezinde bolsa adamyň hereketleri, pikir-duýgulary, göreşi durýar. Bu adamyň - sungat eseriniň esasy predmeti ekenligini görkezýär[2].

Ylmy çeşmelerde beýan edilşine görä, gadymy zamanlarda çeper edebiýatda tebigaty ylahylaşdyrulyp suratlandyrmak üstem bolan bolsa, soňky wagtda munuň ýerine adam göterilip barýar. Bu häsiýet gadymy ýunan edebiýatynda, aýratyn hem tragediýalarda esasy orny eýeläpdir. Soňky döwürlerde bolsa adam we tebigatyň gatnaşygyna romantik röwüş bermäge meýil güýçlendi we bu her hili meşhur gahrymançylyk eposlarynyň emele gelmegine sebäpçi bolupdyr.

Meselem, Rossiýada “Igor polky jeňnamasy”, Hindistanda “Ramaýana”, pars edebiýatynda “Şanama”, özbek edebiýatynda “Perhat we Şirin”, garagalpak

---

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. Aşgabat, “Ylym”, 1982, 302-nji sah.

[2] Awtorlar kollektiwi. Adabiýotshunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 1979, 1983, 30-njy sah.

edebiýatynda “Alpamyş” türkmen edebiýatynda “Görogly” ýaly dessanlar şeýle nusganyň önümi hökmünde döredilipdir.

Şeýlelikde, çeper eser jemgyýetiň, halkyň pikirini, pikir duýgusyny, arzuw-umydyny suratlandyrýan serişde hökmünde jemgyýetçilik ähmiýete eýedir. Şeýle hem çeper edebiýatyň okyjylara estetik lezzet, ruhy azyk bermegi, her hili döwürlerde nesilleri durmuş bilen tanyşdyrmagy, okyjyda owadan, gowy häsiýetleri ösdürmegi, terbiýelemegi ýaly birnäe häsiýetleri hem bar bolup, olar edebiỳatyň durmuşdaky ähmiýetini ýokary derejä göterýär. Magtymguly Pyragy özüniň “Zor bolar” atly goşgusynda:

Magtymguly sözle her ne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,
Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar! [1]

şahyr çeper söz, durmuş hakykatyny, uly mazmuny beýan etse, hat-da durmuşyň taryhy soňky nesillere ýadygär galar, “sen olary çeper sözde taraşlap beýan et”- diýen pikirleriň üsti bilen obrazly görnüşde suratlandyrypdyr. Ýagny şahyr çeper söz ynsanlara güýçli emosional täsir etmegi mümkin diýen manyny aňladýan goşgy setirlerini emele getiripdir.

Şeýlelikde, çeper edebiýat okyja lezzet, bilim bermek, ony terbiýelemek bilen birlikde adamyň öňe, geleje tarap hereket etmeginde, gowy arzuwlara ganat beslemeginde hemişe oňa hemra bolupdyr.

“Çeper edebiýatda bitewi konkretlikde alnan adamyň janly bolşunda-hereketinde, gepleşiginde, pikirlenmelerinde, gaýgylanmalarynda, şatlanmalarynda we şuňa meňzeşlerinde aýdyňlaşýan häsiýeti, ýüregi, hyjuwy, ruhy duýgysy, maksady, durmuşy ýörite beýan edilýär. Adamy we onuň durmuşyny öwrenýän ylymlarda bolsa bitewi konkretlikde alnan adamy we onuň janly bolşunda ýüze çykýan adamçylyk sypatlaryny görüp bilýäris”[1]. Şeýlelikde, çeper edebiýat we sungat özüniň predmeti - adama bolan gatnaşygy hem jemgyýetçilik ylymlaryndan

---

[1] Magtymguly. Şygyrlar. Üç tomluk. 1 t. Aşgabat, “Türkmenistan”, 1992, 85-nji sah.

[1]Abdyllaýew Ö. “Edebiýat teoriýasynyň esaslary” Aşgabat, “Magaryf”, 1958, 57-nji sah.

tapawutlanýar. N.G.Çernyşewskiý "Sungatyň hakykata bolan gatnaşygy" diýen işinde çeper edebiýatyň özüne mahsuslygyny şeýle beýan edýär. "Ylmy eserleriň esasy maksady ol ýa-da bu ylym boýunça anyk maglumatlary beýan etmekden ybarat. Çeper eseriň ähmiýeti şundan ybarat, olar okyjynyň aňyna, duýgusyna täsir etmegi we onda adamçylyk duýgularyny we pikirlerini oýatmalydyr. Ýene-de beýleki bir tapawutly tarapy şundan ybarat: ylmy eserlerde hakykatda bolup geçen wakalar beýan edilýär, durmuşda bar bolan predmetler häsiýetlendirilýär. Çeper edebiýatyň eserleri adamyň ol ýa-da bu ýagdaýda nähili hereket edişleri we pikir öwürmeklerini janly mysallarda suratlandyryp we görkezip berýär.

Şeýlelikde, edebiýatyň ylmy dersden tapawudyny anyklamak kyn däl. "Çeper edebiýat we sungatyň beýleki görnüşleri hakykatdaky hadysalaryň we predmetleriň estetiki häsiýetini iň ýokary derejede beýan edýär. Şonuň üçin hem hakyky çeper eserler okyjylary begendirýär, gynandyrýar, güldürýär, tolgundyrýar.

Ylymda munuň ýaly emosional häsiýet güýçli bolmaýar. Sebäbi ylym öz öwrenýän predmetiniň emosional häsiýete eýe bolan taraplaryny däl-de, kanunlaryny beýan edýär. Beỳle diỳildigi, ylym emosiỳasyz zat diỳildigi däldir. Ylym agtaryş, ylmy düşünje emosiýadan üzňe bolmaýar, alym öz öwrenýän predmetine biperwaý seretmeýär. Emma emosiýa ylymda çeper edebiýatdaky ýaly gönüden-göni beýan edilmeýär. Ylym ylmy düşünjeleri gönüden-göni beýan edỳär"[2]. Meselem, ýazyjy A.Gowşudowyň "Perman" romanynda Gökdepe galasynyň Patyşa Rossiýasy tarapyndan 1881-nji ýylda basyp alynmagy hakyndaky taryhy wakalar çeper beýan edilipdir. Eser taryhy wakalaary anyk suratlandyrsa-da, oňa ýazyjynyň döredijilik fantaziýasy-da az-kem girizilipdir. Bu ýagdaý eseri okanyňda anyk göze düşýär. Gökdepe galasy hakynda ýazylan taryhy çeşmelerde weli, romandaky ýaly obrazlylygy, emosionallygy görmeýärsiň. Şu ýerden hem çeper eseriň ylymdan tapawudyny aňlamaga bolýar. Sebäbi "ylymda praktikada öwrenilen zatlaryň häsiýetli taraplary abstrakt-logiki formada umumylaşdyrylýar" (Ö.Abdyllaýew). Ýokarda A.Gowşudowyň "Perman"

---

[2] Abdyllaýew Ö. "Edebiýat teoriýasynyň esaslary" Aşgabat, "Magaryf", 1958, 58-59-njy sah.

romanynda ýazyjy tarapyndan öwrenilen taryhy wakalar indiwidual hem-de konkret-duýarlykly janly şekilinda umumylaşdyrylypdyr. Netije-de eserde obrazlylyk köpräk göze düşýär. Şeýle-de bolsa, ýazyjynyň eserinde suratlandyrýan taryhy wakalaryny gaýtadan işlände ony hakykata laýyk bolar ýaly edip umumylaşdyranda, ýazyjynyň durmuşa, şol taryhy wakanyň bolan territoriýasynyň hal-ýagdaýyny oňat bilmegi zerur bolupdyr. “Bu meselede ýazyjynyň hakykatyň ösüş, özgeriş kanunlaryna düýpli düşünmegi-de örän uly rol oýnaýar (Ö.Abdyllaýew). Şeýle hem bu meselede ýene-de ylym ýazyja kömege gelýär. Netije bolsa durmuşy çeper suratlandyrmakda edebiýatyň ylym bilen berk baglylykda ösýändigi mälim bolýar.

Ỳokarda aýdylanlardan çeper edebiýatyň jemgyýetçilik durmuşdaky orny we ähmiýetiniň ulydygy mälim bolỳar. Netijede çeper edebiýat birnäçe wezipeleri ýerine ýetirmek bilen jemgyýetçilik roluny ýokarlandyrdy. Ýokarda belläp geçenlerimizi umumylaşdyran halda olaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr.

1.Çeper edebiýat adamy kämillige çagyrýar, jemgyýeti giňeltmäge hyzmat edýär.

2.Çeper edebiýat-bilmek (ewristik) funksiýany ýerine ýetirýär. Munda çeper edebiýat barlyk-älemi çeper bilmek arkaly biziň älem, adam we jemgyýet hakyndaky bilim we pikirlerimizi baýlaşdyrýar.

3.Çeper - konseptual funksiýasy. Çeper edebiýat durmuşy jemgyýetiň häzirki ýagdaýyny çeper analiz etmek arkaly älem we adam hakynda çeper hököm - çeper konsepsiýany işläp çykarmaklyga ymtylýar. Bu jähtden çeper edebiýat pelsepä ýakyn durýar. Pelsepeden aratapawudy älem we adam konsepsiýasyny işläp çykmakda çeper edebiýat logikanyň kategoriýalaryna däl-de, many jähetden häsiýetlenýän çeper obrazlara daýanýar. Ylmy çeşmelerde beýan edilişine görä dünýäniň pelsepe pikirleri Dante, Şekspir, Gỳote, A.Tolstoý, F.Dostoỳewskiý, T.Mann, A.Katui ýaly onlarça döredijileriň pikirleri bilen baglanyşypdyr.

Türkmen edebiýatynda Döwletmämmet Azadynyň, Magtymgulynyň, Mahmyt Gaýybynyň we başgalaryň döredijiliginde durmuş älem we adam hakyndaky pelsepeli pikirler obrazly görnüşde giňden beýan edilipdir.

**Kommunikatiw funksiýasy.** Çeper edebiýat şahyslaryň, nesilleriň, milletleriň özara baglanyşygynda biri-birine ýakynlaşmagynda uly hyzmaty ýerine ýetirýär. Çeper eseri döretmegiň dowamynda döredijiniň duýgusyndaky okyjy bilen söhbetleşse, ony okamagyň prossesinde okyjy dörediji bilen söhbetdeşlige girişỳär. Söhbetdeşligiň prosesinde okyjylar köpçüligine çeper täzelikleri, maglumatlary ýetirýär, bu bolsa okyjynyň bilim we duýgusyny giňeldýär, täzelige bolan islegini kanagatlandyrýar. Munda okyjy taryh bilen baglanyşykly ýazylan eserleri okap, irki döwürde ýaşap geçen şahslar hakyndaky maglumatlar bilen hem tanyşmak mümkin.

**Terbiýeleýjilik funksiýasy. (didaktik hyzmaty)** Çeper edebiýat şahsy akyl we ruhy taýdan kämillige ýetirýär, jemgyýetiň ösmegine  we arassa bolmagy üçin hyzmat edýär.  Sebäbi geçmiş edebiýatyň ösüş tendensiýalaryny barlag edenimizde her milletiň edebiýatynda-da, olaryň ösüşiniň ilkinji basganҫaklarynda didaktik funksiýa öňdäki orunda durupdyr. Meselem, ýunan pelsepeisi Aflatunyň "Döwlet" atly eserinde edebiýatyň didaktik ähmiýeti barada oňat pikirler beýan edilipdir. Gündogar edebiýatynda didaktik žanrdaky eserler Hoja Ahmet Ýasawynyň döredijiliginde köp ulanylypdyr. Türkmen edebiýatynda Döwletmämmet Azadynyň "Wagzy-azat", Magtymgulynyň bu äheňdäki birnäçe şygyrlaryny mysal getirmek bolar.

**Kompensatorlyk funksiýasy.** Çeper edebiýatda adam öz durmuşynda görmedik zatlaryny, görýär, ondan özünde jemlenmedik zatlaryny tapýar we şunuň esasynda ruhy kanagatlanma hasyl edýär. Beýle diýdigmiziň, esasy sebäbi, çeper eseri okan wagtmyzda okyjy real durmuşda-çeper reallykda ýaşaýar. Şonuň üçinem özüniň durmuşynda kalbynda, oýanmadyk duýgularyny oýarýar, ömrüniň dowamynda duş gelmedik halatlarynda "ýaşaýar" Meselem, Nurmuhammet Andalybyň "Ýusup-Züleýha" dessanyny alyp göreliň, Ýusubyň owadanlygy ýagty jahana ýaýylýar, oňy Züleýhanyň söýüp galmagy okyjyny tolgundyrýar. Sebäbi Züleýha Ýusuba ýetişmek üçin ähli barlygyndan geçmäge taýýar. Aglap-aglap iki gözi kör bolýar. Eserde şeýle epizodlaryň çeperçilik bilen berilmegi okyja estetiki lezzet berýär. Okyjy özüniň  ömrüniň dowamynda söýülmedik we söýmedik

bolmagy mümkin. Emma dessandaky wakalar bilen tanyşyp barýarka gahryman bilen birlikde kalbynda söýgüniň yşky oýanmagyna mümkinçilik döredýär.

**Estetik funksiýasy.** Çeper edebiýat dünýäni gözelligiň kanunlary esasynda gaýtadan döredýär, onuň özi teswirleýän zadyna gözellik we bakylyk jähtden durup baha berýär. Edebiýatda suratlandyrylýan gözel arzuw-hyýallar, durmuşy ýagdaýlar, gözel adamkärçilik gatnaşyklary bularyň ählisi okyjyny gözellige çagyrýar. Estetika (grek dilinden aistesis - duýgy, duýguçyl manysynda). Tebigatdaky we jemgyýetdäki gözellik hakynda sungatyň özüne mahsuslygy hakyndaky filosofiki ylym. Çeperçiligi duýmak we ondan dogry netije çykarmagy estetiki kanun diýip atlandyrylýar. ”Estetika” diýen termini ilkinji gezek nemis alymy Baumgarten 1735-nji ýylda ulanýar. Häzirki alymlaryň arasynda estetikany umumy hünär (sungat) hakyndaky, sungatdaky gözelligi düşünmek hakyndaky ylym diýip, ikinjiden, ol diňe bir sungat hakyndaky däl, eýsem, umumy gözellik hakyndaky ylym diýlip-de hasaplanýar.

Şonuň bilen birlikde estetika adamlarda gözellik hakyndaky duýgy - düşünjeleri terbiýeleýän filosofiki ylym hem hasaplanýar[1].

Şeýlelikde, estetika sungatyň gözelligini şöhlelendirmekdäki aýratynlyklaryny pelsepe taýdan umumylaşdyrmak üçin sungatşynaslyk we Edebiỳaty öwreniş ylmynda ylmynyň üstünliklerine daýanýar. Şeýle hem öz nobatynda durmuşy, jemgyỳetilik-syýasy mazmunyň sungat eserlerine, onuň her hili şekillerine öwrülmeginiň umumylyk pelsepe kanunlaryny nazara almakda Edebiỳaty öwreniş ylmynda estetikanyň üstünliklerine esaslanýar. Netijede, çeper edebiỳat estetiki funksiỳany hem ỳerine ỳetirỳär. Mysal üçin, Magtymgulynyň “Gürgeniň” atly goşgusyny okanymyzda şahyryň ýaşan watanynyň gözel tebigaty, onuň dag-dereleri, tokaýlary, gözel gelin-gyzlary, mert-merdana begleri we başgalaryň obrazly çeper detallar bilen dörediji tarapyndan suratlandyrmagy okyjyda, şol territoriýa, watana bolan gözel duýgusyny oýarýar. Sebäbi şol beýan edilen owadan ýerler, gözel mesgenler okyja estetiki lezzet bagyşlaýar:

---

[1] Ahmetow S., Esenow Ž, Žarimbetow K. Ädebiýattanyw atamalarynyň oryssa-karakalpakşa tüsindirme sözligi. Nökis, “Bilim”, 1994, 237-nji sah.

Öňünde belent dag, serinde duman,
Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň!
Bulut oýnap, dolsa çaýlara baran,
Akar boz bulanyp sili Gürgeniň!

Tokaýlary bardyr gargy-gamyşly,
Gözelleri bardyr altyn-kümüşli
Boz güsbent gyr ýylky, gara gäwmişli,
Argaly gäw bolar maly Gürgeniň!

Hatarlanşyp duran iner maýalar,
Agyr bezirgenli, tüçjar eýeler,
Seňrikläp, abanyp duran gaýalar,
Öňi-ardy, sagy-soly Gürgeniň![1]

Netijede çeper edebiýat adamda gözellik duýgusyny ösdürýär çeper islegi döredýär.

**Soraglar we ýumuşlar.**

1.Çeper edebiýat-jemgyỳetçilik aňyň bir görnüşi we onuň suratlandyryş obýekti ekenligi hakynda gürrüň beriň.

2.Çeper edebiýatyň esasy predmeti hakynda düşünje beriň.

3.Çeper edebiýatdaky haýwanlar we tebigat obrazlary esasy predmet bolmagy mümkinmi?

4.Çeper edebiýat tebigaty boýunça jemgyýetçilik aňyň haýsy şekillerine ýakyn?

5.Çeper edebiýatyň jemgyýetçilik durmuşdaky orny, onuň wezipeleri nämelerden ybarat?

---

[1] Magtymguly. Şygyrlar. Üç tomluk. 1 t. Aşgabat, "Türkmenistan", 1992, 119-njy sah.

6.Çeper edebiýatyň jemgyýetçilik funksiýalaryny mysallaryň kömegi bilen düşündirip beriň

## Edebiýatlar


1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985

2.Ahmetow S, Esenow Ž, Žarimbetow Q Ädebiýattanyw atamalarynyň orysşşa-karakalpakşa tusindirme sözligi. Nokis, “Bilim” 1994,

3. Kuranow D. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 1980

4. Letaraturnyý ensiklopediçiskiý slowar. Moskwa, 1987

6.Bahtin M.Woprosy literatury i estetika. Moskwa, 1975.

7.Bobaýew T. Adabiýotşunoslik asoslari. Toşkent, “Uzbekiston” 2002,

8.Hudayberdiyew E.Adabiýotşunoslikka kiriş Toşkent, 1995

9.Sarimsokow B. Adabiýotning ijtimoiy tabiyati. Uzbek tili wa Adabiýoti žurnali. 1995, №2, 46-52-sah.

10.Bahtin M.M. Estetika slowesnogo tworçestwa, Moskwa: Iskustwo, 1986


## Üçünji tema

**Nazary-edebi pikirleriň ösüş taryhy etaplary hakynda.**

**Meýilnama:**

**1.**Irki döwürlerdäki edebi-nazary pikirleriň ösüş etaplary.

**2.**Nazary-edebi pikirleriň Gündogar halklarynyň edebiýatyndaky ösüş etaby.

**3.**Günbatar-Ýewropa edebiýatynyň taryhynda nazary-edebi pikirleriň ösüş basgançaklary.

**Daỳanç düşünjeleri:** edebi-nazary pikirleriň ỳüze çykmagy, gadymy Gresiýada nazary-edebi pikirleriň ösmegi, oýanyş döwri, XIV-XV asyrlar edebiýatynda nazary-edebi pikirler, fransuz edebiýatynda nazary-edebi pikirler, Gündogar halklarynyň edebiýatynda edebi-nazary pikirleriň ösüş etaplary we başgalar hakynda maglumat bermek.

Söz sungaty, onuň özüne mahsus häsiýetleri barada pikir öwürmek, düşünje bermek gadymy döwürlerde ýüze çykypdyr. Käbir ylmy çeşmelerde beýan edilişine görä, gadymy greklerden näçe asyrlar öň Hindistan bilen Hytaýda hem ady şöhrätä dolan eserler döräpdir. Gadymy hindileriň “Rigweda”, “Mahabharata”, “Ramaýana” ýaly eserleri irki döwürlerde dörän eserler hasaplanýar. Sebäbi “Rigweda” eseri biziň eramyza çenli iki müňünji ýyllarda peýda bolup, 12 kitapdan ybarat, “Mahabharata” bolsa, 19 kitapdan ybarat bolupdyr.

Mundan başga-da drama sungatyna bagyşlanan “Natýaşastra” atly poetik traktat bolup, onda kämilleşen ylmy pikirler bar. Ýokarda ady agzalan Hindistanyň nusgawy dessanlary özünden soňky nesiller üçin eser döretmegiň nusgasy hasaplanypdyr.

Şeýlelikde, gadymy Gresiýada pelsepe, estetika, edebiýat nazaryýetine degişli pikirleri Geraklidiň dialektikasyndan görmäge bolýar. Geraklit b.e. çenli 530-470-nji ýyllarda ýaşapdyr. Geraklit gözelligi sapalylyga baglaýar. Onuň pikiriçe gözellik diňe älem-barlyk – dünýä mahsusdyr we ol deňeşdirme mana eýedir. Onuň gözellik hakyndaky pikirleri dünýäde doňup galan zat ýok, ählisi-de ösýär, özgerýär, diýen dialektikasyna baglanyşýar.

Ady äleme dolan tanymal şahs Demokridiň (b.e. çenli 460-370-nji ý.) pikiriçe gözellik material dünýäde obýektiw eýe diýip düşündirýär. Demokridiň görkezmegine görä, gözelligiň mazmuny her zadyň gabatlaşmagynda we garmoniýalygyndadyr. Şunuň bilen birlikde Demokrit sungatyň peýda bolmagynyň sosial sebäplerini-de düşündiripdir.

Tanymal akyldarlardan ýene-de biri Sokrat (b.e.çenli 469-399-njy ý.) özüniň umumy pelsepe garaýyşlary jähtden idealist hasaplanýar. Ol her hili zadyň gözelligi onuň mätejlige, zerurlyga ýaramlylygynda diýip düşündirýär. Sokradyň düşündirmegine görä, sungatyň özi tebigata öýkünmeden ybarat diýýär.

Sokradyň idealistik pelsepe garaýyşlaryny onuň şägirdi Platon (Eflatun b.e. çenli 427-347-nji ý.) dowam edýär. ”Platonyň pikiriçe, gözellik real dünýädäki zatlarda däl-de, ideýalar dünýäsinde ýaşaýarmyş. Ol gözellik döremeýän, ýok bolmaýan, üýtgemeýän - hemişelik gözellikmiş. Ol gözellik duýga täsir edýän real zatlarda bolmanlygy üçin, ony duýgy bilen däl-de paýhas bilen özleşdirmelimiş.

Platon şahyryň döredijilik prosesini düşündirmäge-de şeýle häsiýetde çemeleşipdir. Onuň tassyklamagyna görä, döretmek üçin **“hakdan içen”** bolmalydyr. Şeýle adam ideýalar dünýäsindäki gözelligi duýup bilýärmiş. Platon adamda “Hudaý tarapyndan emele getirilýän döredijilik joşgunyny” real hakykaty öwrenmek ýolunda garşy goýýar. Döretmek üçin hakykaty özleşdirmek gerek däl-de, diňe “keramatly joşgun” gerekmiş. Ýazyjy hudaýyň mistiki güýçleriniň hereketini öz hyýaly esasynda aňlatmalymyş[1]. Emma Platonyň şägirdi Aristotel (b.e. çenli 384-322-nji ý.) halypasynyň ideýalistlik garaýyşlaryny tankyd edýär we poeziýa (edebiýat) hakyndaky materialistik pikirleri öňe sürýär. Onuň “Poetika” atly eseri - sungatyň ähli görnüşleri boýunça ýazylan pelsepe - estetik traktatydyr. Ýagny, alymlar muny belli bir sistema düşen edebiýat nazaryýeti diýip hem hasaplaýarlar. Sebäbi iki kitapdan ybarat bolan bu işde sungat hakynda umumy pikirler, tragediýa bilen eposyň nazaryỳeti, komediỳa bilen poeziýanyň meseleri barlag edilýär. “Poetika” atly eserde Aristotel estetikanyň esasy meselelerini sungatyň nazaryýetini, onuň peýda bolmagyny we klassifikasiýasyny işläp, onuň hakykata gatnaşygy, manysy, sungatyň görnüşleri, eseri bahalamagyň prinsipleri giňişleýin gürrüň edilýär.

Aristotel çeper edebiýatyň uly üç sany görnüşe bölünýändigini hem (epos, drama, lirika) ilkinji bolup subut eden alym. Onuň bu klassifikasiýasy häzirki döwürde-de ulanylýar we dowam edilýär. Muny rus alymy, N.G.Çernyşewskiý özüniň 1854-nji ýylda ýazan makalasynda: «Aristoteliň ”Poetikasy”... estetikadan ilkinji uly traktat bolup, geçen asyryň ahyryna çenli ähli estetik düşünjelere esas bolup hyzmat etdi”- diýip belläpdir.

Aristotel özüniň “Poetika” eserinde poeziýa (ýagny edebiýat) durmuşy suratlandyrýar, onuň esasy predmeti-adam, wezipesi-ynsanlara tälim-terbiýe bermekdir, diýen pikirleri öňe sürýär. Aristoteliň pikiriçe, poeziýa adam durmuşyndaky möhüm jähetlerini çeper usulda umumylaşdyrýar. Ol poeziýanyň (edebiýatyň) sungat hökmündäki käbir häsiýetlerini görkezip berýär, onuň ylymdan tapawudyny anyklaýar. Aristotel şeýle pikirleri öňe sürende Ýunanystan

---

[1] Abdyllaýew Ö. “Edebiýat teoriýasynyň esaslary” Aşgabat, “Magaryf”, 1958, 6-7-nji sah.

(Gresiýa)yň Gomer, Eshil, Sofokl, Aristofan ýaly beýik ýazyjylarynyň tejribelerine daýanýar.

"Poeziýa sungaty" diýen goşgy kitaby bilen giňden tanalýan Gorasiý gadymy Rimiň meşhur şahyrlarynyň biridir. Bölek-bölek hatarlardan ybarat bolan kitabyny Gorasiý grek, rim dramaturgiýasyny öwrenmek, barlag etmegiň netijesinde döredýär. Kitapda dramanyň hakykatlyk bilen baglylygyna, ömürdäki wakalaryň meňzeşligine üns berýär. Şonuň üçin hem şahyrlaryň oýlap tapan zatlary "Hakykat bilen meňzeş, deň bolmaly" diýip öwredýär.

Sungatyň we edebiýatyň ösüşinde oýanyş döwri XIV-XV asyrlaryň edebiýaty üçin aýratyn belentlik hasaplanýar. Bu döwürde ýaşan galamkeşler çeper döredijiligi hem, nazary-edebi pikirleri-de täze basgançaga göterdi. Meselem, uly söz ussady Leonardo da Winçi sungatyň çeşmesi tebigat, ýagny hakykat wakalardyr diýip, yglan edýär. Şoňa görä-de ol söz ussadyndan durmuşy dürlüçe we çuň bilmegi talap edýär, idealistleriň sungat predmetleriň mehaniki kopiýasy diýen garaýyşlaryny paş edýär. Leonardo da Winçi söz ussadyny "mugallym", durmuşy bolsa "mugallymyň mugallymy" diýip atlandyrýar. Ispan dramaturgy Lope de Wega, fransuz Rable, italỳan Bokkaço, hususan, şu döwrüň beýik söz ussatlary Serwantes, W.Şekspirler sungaty we edebiýaty-da, nazary-edebi pikirleri hem aýgytly görnüşde ösdürdiler.

XVII asyryň II-nji ýarymynda fransuz klassisiziminiň nazaryýetçisi Nikola Bualo (1636-1711-nji ỳ.) özüniň "Poeziýa sungaty" (1674-nji ý.) kitabynda Aristoteliň "Poetika" we Gorasiniň "Poeziýa ylmy" atly eserlerindäki nazary normalary işläp çykypdyr. Nikola Bualo gadymy ýunan edebiýatynyň nusgalaryna we tebigatyň gözelligine öýkünmek bilen akyl, ahlak normalaryna mahsus bolan eserleri döretmek prinsipini öňe sürýär. Ol bu prinsipi edebiýatyň "beýik sap arassalygy" manysynda ulanýar, halk agzeki döredijiligindäki käbir goşgularyň kemçilikleri hakynda pikir ýöredýär. Bualo her bir žanryň özüniň kada-kanunlaryny kesgitläp, olara amal etmelidigini zerur wezipe diýip hasaplaýar. Bualonyň poetikasynda duş gelýän jähetlerden ýene-de biri - žanrlary "belent" we" pes" ýaly görnüşlere bölmekdir. "Belent" žanrlara tragediýa we epopeýalar degişli bolup, olaryň gahrymanlary patyşa we başga-da ýokary taýpaly wekillerdir. "Pes"

žanrlar bolsa komediýa we romanlar bolup, olarda üçünji derejeli, ýagny ýönekeý halkyň durmuşy suratlandyrylýar. Buolanyň garaýyşlarynda kemçilikleriň bar bolmagyna seretmezden , XVII-XVIII asyrdaky Ýewropa edebiýatynyň ösüşinde uly rol oýnapdyr.

XVIII asyrda beýik fransuz magryfatçylary (pelsepeçi, ýazyjy, tankytçy) Deni Didro (1713-1784-nji ý.) we nemis magryfatçysy Lessing (1729-1781-nji ý.) estetika mahsus eserlerinde Didro "Dramaturg poeziýa hakynda", "Aktiýorlar hakynda", Lessing - "Laokoon ýa-da suratlandyryş sungaty bilen poeziýanyň araçäkleri hakynda", "Gamburg dramaturgiýaçysy» poeziýanyň sosial ähmiýeti, onuň spesifikasy, edebiýatyň sungatyň başga görnüşleriniň arasyndaky orny barasyndaky taglymaty kämilleşdirýär. Aýratyn hem, olar realistik dramaturgiýa, teatr prinsiplerini işläp çykdylar we öňe sürdüler. Çeper eserleri aýratyn hem, dramatik eserleri durmuş bilen deňeşdirip barlag etmekligiň nusgalaryny görkezdiler.

Rus alymy we şahyrlaryndan W.K.Trediakowskiniň "Rus poeziýasynyň gysgaça täze kadalary", M.W.Lomonosowyň "Rus poeziýasynyň kadalary dogrusynda hat", A.N.Radişçewiň "Lomonosow hakynda", "Peterburgdan Moskwa syýahat" eseri XVIII asyr rus edebiýatşynaslygynyň ösüşine möhüm goşant boldy.

XIX asyr rus demokratik tankytçylygynyň edebi-estetik pikirleriniň ösmeginde altyn asyr hasaplandy. Onuň W.G.Belinskiý, N.G.Çernişewskiý, N.A.Dobrolýubow ýaly beýik nesihatçylary idealistik estetikanyň esaslaryny ilkinji bolup paş etdiler. Rus demokratlary sungatyň halkylygy, realistik gaýtalanmazlygy, beýik ideologik we çeperçilik prinsiplerini esaslandyrmak arkaly estetikanyň taryhynda öwrülşikleri ýüze çykardylar. Rus edebi-tankytçylygynyň klassyklary çeper pikirlenşiň obrazlylyk häsiýetini edebiýatyň özüne mahsuslygyny giňden açyp berdiler. W.Belinskiýniň "Poeziýanyň hil we görnüşlere bölünişi", "Rus edebiýaty hakynda pikir we maslahatlar", "Gogola hat", N.G.Çernişewskiýniň "Sungatyň hakykata estetik gatnaşygy", N.A.Dobrolýubowyň "A.W.Kolsow", "Hakyky gün haçan gelýär?" "Zulmat

dünýäsinde nur” we başga-da eserleri öz döwrüniň edebi-nazary garaýyşlarynyň jemidir[1].

Ýewropa edebiýatynda bolşy ýaly gündogar halklarynyň edebiýatynyň taryhynda-da edebi-nazary pikirler öz ösüş ýoluny basyp geçdi. Meselem gadymy Hytaýda çeper döredijilik barada nazary pikirler öňe sürülipdir. “Şol döwürde edebiýat hakdaky ylmyň görnükli wekili Konfusiý (Kün-szy. b.e. çenli 551-479-njy ỳ.) bolupdyr. Ol çeper döredijiligiň örän uly öwredijilik ähmiýetiniň bardygyny, adamlaryň ahlagyny, aragatnaşygyny gowlandyrmakda onuň uly rol oýnaýandygyny nygtap geçipdir. Onuň pikiriçe döwleti dolandyrmakda-da edebiýat uly kömek edip biljek”

Edebi-nazary çeşmelere salgylansak konfusion pelsepe mekdebiniň garşysyna çykyş eden moizm diýen pelsepe mekdebini esaslandyran Mo-szy (Mo-di; b.e. çenli 479-381-nji ỳ.) Konfusiniň aýdanlaryny inkär edendigine göz ýetirýäris. Ol adamlaryň sungat, edebiýat bilen, aýratyn-da saz bilen gyzyklanmaklaryna garşy çykypdyr. Mo-szi gözelligi we onuň sungatyň üsti bilen adama edýän, täsirini inkär etmändir. Emma ol sungatdan, sazdan, estetiki lezzetden gönüden-göni hiç hili peýda ýok diýipdir we sungaty garny doklaryň güýmenjesi hasaplapdyr[2]. Emma şeýle-de bolsa Konfusiniň estetiki hem-de edebi-nazary garaýyşlary orta asyrlarda görnükli nazaryýetçi Wan-çun (Çjun-çen, 27-97-nji ý.) tarapyndan dowam edilipdir. Ol “Tankydy pikirleniş” atly işinde edebiýatyň real hakykata bolan gatnaşygy baradaky pikiri öňe sürüpdir. Wan-çunuň pikiriçe, edebiýatyň esasy maksady adam ahlagynyň gowlanmagyna täsir etmekdir. Edebiýat adama ýagşy-ýamana, hakykata, dogruçyllyga, galyplyga düşünmäge kömek etmelidir diýen gözgaraýyşy Wan-çun berk ösdüripdir.

Wan-çunuň edebi taglymaty Hytaý şahyry Lu-szi (Li-şihen; 261-303-nji ý.) tarapyndan giňişleýin ösdürlipdir. ”Nepis söz odasyna” diýen eserinde toslama, ýasama owadanlyga duşmandygyny hakyky owadanlyga dostdugyny belläp,

---

[1] Ỳewropa edebiỳatynda edebi-nazary pikirleriň ősüşi hakyndaky maglumatlar őzbek nazayỳetçileri T.Boboỳewiň, I.Sultanyň ylmy işlerine salgylanyldy.

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1958, 9-njy sah.

şahyrana eserlerdäki sözler şahyryň adam söýmek duýgusyna ýugrulan sözler bolmalydygyny berk nygtaýar.

Merkezi Aziýada hem edebi-nazary, tankydy pikirler ýüze çykyp başlapdyr. Bu territoriýada edebi-nazary, tankydy pikirler aşakdaky ýaly şekillerde ösüpdir.

1.Irki zamanlardan başlap, edebi tankydy pikirler, iň ilki edebi üýşmeleňlerde, oturyşyklarda agzeki şekilde özara pikir alyşmak we munarazalar şekilinde peýda bolupdyr. Beýle söhbetdeşliklerde we munarazalarda käbir şahyrlar, olaryň üstünlikleri we kemçilikleri görkezilipdir. Meselem, XV asyryň görnükli taryhçysy Handemiriň "Makorimul ul-ahlak" atly eserinde Lutfiniň ýaş Alyşeriň gazalyna beren bahasynyň getirilmegi muňa mysal bolup biler. Beýle häsiýet Mirhandyň "Rawzat us-safo", Wasifiniň "Badoe ul-wokeo", Babyryň "Babyrnama" ýaly eserlerinde duş gelýär.

2.Gündogar nusgawy edebiýatynda edebi-tankydy pikirler çeper eserleriň şekilinde ýa-da onuň täsirinde peýda bolupdyr. Şahyrlar özleriniň käbir goşgularynda, dessanlaryndaky ýörite baplarynda söz sungaty we onuň esasy häsiýetleri hakynda nazary pikirleri öňe sürüpdir. Meselem, Abu Ali Ibn Sinanyň poeziýa hakyndaky risalasy (X-XI asyrlar), Ýusup Has Hajybyň "Kutadgu bilig" (XI asyr), Nyzamy Genjewiniň "Hamsa" (XII asyr), Ahmet Saýfi Saraýynyň "Dünýä şahyrlary, eý gülşeni bag" diýip başlanýan mesnewisi (XV asyr) ýaly eserleri muňa mysal bolup bilýär.

3.Gündogar nusgawy edebiýatşynaslygynyň giňden ýaýran şekilleri ýa-da žanrlaryndan ýene-de biri edebi tankydy tezkireler hasaplanýar. Olarda belli bir döwürde ýaşap döredijilik eden şahyr - alymlar, olaryň eserleri hakda gysgaça maglumatlar berilipdir we eserlerinden nusgalar getirilipdir. Muhammet Awfynyň "Lubob ul-albob" (XIII asyr), Döwletşah Samarkandynyň "Tazkiratuş-şuaro" (XV asyr), Alyşer Nowaýynyň "Mejolusun-nafois" (XV asyr) ýaly tezkireleri muňa mysal bolup biler.

Şeýle edebi-nazary, tankydy pikirler türkmen nusgawy edebiýatynda-da ösdürilipdir. Bu ugurda XVIII asyrda türkmen şahyry Magtymguly Pyragy uly orunda durýar. Ol gündogaryň beýik klassyklary Nyzamynyň, Nowaýynyň, Jamynyň progressiw edebi-nazary pilirlerini ösdürip, özüniň edebi-nazary

garaýyşlaryny şygyrlarynda beýan edipdir. Magtymgulynyň pikiriçe, “Şahyr öz eserlerini galp şöhrat, bet gazanç üçin ýazman, il-halk, olaryň adamkärçilik, watançylyk, dostluk-agzybirlik, zähmetsöýerlik, ýaly duýgularyny has-da ösdürmek, şonuň ýaly duýgulary dabaralandyrmak üçin ýazmalydyr[2].

Şeýle hem Magtymguly dogruçyllyk hakynda “Magtymguly dogry söze ten bergil” diýip, dogruçyl bolmak adamyň esasy gowy häsiýetleriniň biri ekenligini nygtaýar. Elbet-de çeper eseriň esasy predmeti adam bolandygy üçin bu öz orunda çeper eseri hem bezeýär. Şahyr mundan başga az gürlemek, gowy sözlemek ýaly ideýalary hem öňe sürýär:

Magtymguly ýangyl, öçgül,
Ýa lal otur, ýa dür saçgyl!
(“Ýykmaýan ärden”)

Magtymguly öwüt bergil söz bile,
Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen.
(“Meýdan ýoluksa”)

Bildigiňçe mydam ýagşy sözlegil,
Ýagşy söz tapmasaň otur sem bolup.[1]
Her zaman, Magtymguly, halk içre gezme lap edip,
Sakla gybatdan tiliň, ugrunda gez ynsap edip.
(“Galmagaly neýlerem”)
Magtymguly, az eýle söz, barça galar dag-u, deňiz,
Topraga dolsa uşbu söz, hakdan ýene perman çykar.
(“Jan çykar”)

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda metbugat, magaryf işleriniň ýola goýulmagy bilen gündelik gazet we žurnallaryň neşir edilmegi bilen makala, munazara, syn tankyt ýaly žanrlar hem şekillenip başlaýar. Türkmen

---

[1] Abdyllaýew Ö. “Edebiýat teoriýasynyň esaslary” Aşgabat, “Magaryf”, 1958, 25-nji sah.

edebiýatçylary, ýazyjy-şahyrlary hem özleriniň edebiýat hakyndaky edebi-nazary, tankydy pikirlerini şu metbugat arkaly bildirip okyjylara ýetirip başlaýar. Emma şeýle-de bolsa XX asyrda ýüze çykan edebi-nazary pikirleri, garaýyşlary bildirmekde şu döwrüň ýazyjy-şahyrlary ýokardaky ýaly edebi däpleri ösdürmeklige, olary zaman talabyna laýyk işlemäge gönükdirýär. Bu ugurda B.Kerbabaýew, K.Gurbannepesow, G.Ezizow we başga-da birnäçe ýazyjy-şahyrlaryň edebi-nazary garaýyşlaryny mysal getirmek bolar. Mysal üçin, şahyr K.Gurbannepesow öz döwründe metbugat işinde işlemek bilen birlikde edebi-nazary pikirlerini gönüden-göni öz goşgularynda hem beýan edipdir. Onuň pikiriçe, goşgy ýazylanda many-mazmunyna, kapyýa, şekile uly üns berilmelidigini, hakyky şahyr bolmak üçin il-günüň üçin ýanyp-köýmeli, il derdine ýaramaly, ýazan zadyňy hakyky durmuşyň zähmeti bilen ölçemeli, onsoň il-günüň, okyjyň saňa baha berer diýýär. Meselem, şahyryň “Kümüş” atly goşgusynda:

Gowy goşgy diýmek ajaýyp öýdür.
Ýerbe-ýer gerekdir gapysy, poly,
Diwary saz gerek aýnasy ýagty,
Dulunda peç gerek, töründe haly.

diýip, goşgynyň düzlüşini öýe meňzedýär. Onuň kapyýasyny öýüň-gapysyna, poluna deňeşdirse, kompozisiýasyny- diwara, mazmunynyň düşnükli bolmagyny “aýnasy ýagty,” diýip, meňzetme usulda, ol okyjynyň kalbynyň törüne geçer diýmegiň ýerine ”Dulunda peç gerek, töründe haly” diýip, obrazly sözlerde beýan edýär.

K.Gurbannepesow şahyrçylyk hakynda:

Şahyr! Şahyrlygyň çyn bolýan bolsa,
Sönüp, ýanyp, ýene sönüp, ýanyp git.
Ynsanlyk ýazgydyň çyn bolýan bolsa,
Gara ýere çümüp,
Çykyp,
Çümüp git.

Hem akyl ber, hem iliňden akyl al.
Kitapdan däl, gara ýerden nakyl al.
Alan zadyň demiň bilen ýakyp al,
Soň ýene-de ýeriň süýdün emip git[1].

diýip, ýazyjy-şahyryň her bir ýazan eseri ile akyl terbiýe bermelidigini, kagyz ỳüzünde däl-de, hakyky durmuşdan, ỳagny toprak bilen badaşan hakyky kalbdan alnan söz, nesihat beriji, terbiýeleýjilik ähmiýete eýe bolar diýen pikirleri goşgusynda beýan edýär.

Şeýle ideýalardan soň K.Gurbannepesow pespällik, kiçigöwünlilik ýaly häsiýetler hakyky şahyra mahsusdyr diýip belleýär:

Dünýäde köp boldugyça uly şahyr kişiler,
Dünýäň bagty beýgeler, dert –azary kiçeler,
Şeỳledigin bilỳändirler ähli menden ulular,
Bilsin menden kiçiler.

Şahyr ulaldygyça öz halkyny ulaldar,
Halkyny ulaldýarmy-dünýäni ulaldýandyr.
Özi-de bilýän däldir özüniň şeýledigin:
Öz ömrüni gysgaldyr,
Il ömrüni uzaldýandyr[2].

K.Gurbannepesow şahyr öz ỳazan şygrynyň mazmunynyň baý bolmalydygyny, ony ýazanda birden kagyza düşürip, okyja hödürlemän, onuň üstünde kän işlemelidigi hakynda hem pikirlerini beýan edýär:

Şygryň dokuz aý bagryňda sakla,
Şondan soň stolyň üstüne okla....[1]

---

[1] Gurbannepesow K. Oỳlanma baỳry. Aşgabat, 1995, 74-nji sah.

[2] Gurbannepesow K. Oỳlanma baỳry. Aşgabat, 1995, 265-nji sah.

Şeýle edebi-nazary, tankydy pikirler XX asyr turkmen şahyry G.Ezizowyň şygyrlarynda hem giňişleýin beýan edilipdir. G.Ezizow sözüň gudraty, onuň ynsan kalbyny joşa getirýändigini, şonuň üçinem gowy gürlemek, sadalyk az sözde pikiriňi beýan etmeklik şahyrçylygyň esasy alamatlary diýip belleýär

Sözüň agramyny ölçemez tonna,
Ölçemez güýjüni milỳon kilowat.

Ýa-da:

Söz ýalaňaç pikire gyrmyzy dondur.
Söz bar-kime wagt.
Söz bar-kime bagt.
Söz bu gazap bilen çakan ýyldyrym,
Söz- bu gyz näzidir, dürleň-dürüdir.
Başarmasaň - ol öçügsi ýyldyzyň,
Başarsaňam- lowlap duran günüňdir.

Şahyr söz sungaty, onuň pikiri beýan etmekdäki ähmiýeti barada pikir ýöredýär. Edebiýatyň özi-de söz sungaty ekenligi hemmämize mälim. Şonuň üçin hem G.Ezizowyň edebi – nazary, tankydy pikirleriniň özenide az sözlülik diýen ideýa eriş-argaç bolup geçipdir. Mysal üçin onuň “Sungat” atly şygrynda:

Artykmaçlyk- duşmanydyr sungatyň.
Tygşytly bolanda, beýikdir nama.
Men pikirmi bir söz bilen aýdýarkam,
Ol ýerde üç sözüň geregi näme?

Şahyr galamkeş pikiri beýan etmekde az söz bilen giň manyny suratlandyrmalydyr, artykmaç söz çeper eseriň duşmanydyr diýen garaýyşlary öňe

---

[1] Gurbannepesow K. Oỳlanma baỳry. Aşgabat, 1995, 35-nji sah.

sürýär we käbir biri-birinden göçürip, ýa-da gaýtalap ýazýan, döredýän ýazyjy-şahyrlary berk tankyda alýar. Meselem:

Sungat diýmek näme?
Bilýärsiňizmi?
Ele alýarlar-da ýiti keseri,
Lokga daşyň ähli artyk bölegini
Ýonup, döredýärler ajap eseri.

diýen setirler şahyryň ýokardaky aýdanlaryny tassyklaýar. Şahyr ỳene-de döreden şygyrlaryny owadan, manyly ýazmalydyr diýip, olaryň öňünde wezipe edip goýýar.

Sungat diýmek näme?
Bilýärsiňizmi?
Bu sowala sada jogap bermeli.
Biz herimiz – özümiziň zergärimiz"
Mydam özümizi, ýonup ýöremeli

G.Ezizow şahyrçylykda talant-da, gözleg-de, ylahy ylham-da deň derejede bolmalydyr diýen pikirleri öňe sürýär. Meselem:

Goşgy,
Sen gün-günden azalmaly zat
Hemem Sen gün-günden köpelmeli zat.
"Gözleg gerek, gözleg!" diýsek-de käte.
Dälsiň sen gözlenip tapylmaly zat.
Seniň özüň her şahyryň bagrynda
Ýugrulyp daşaryk topulmaly zat.

diýen setirlerde G.Ezizow şahyrçylygyň – da özüniň syr sungaty bardygyny, onuň üçin hemişe gözlegde bolmalydygyny, hudaý beren ylham joşgunyny kagyza düşürip, manylar gazanynda eýläp, şygyr görnüşine getirmelidigini berk nygtaýar.

XX asyrda ýaşap geçen şahyrlar K.Gurbannepesowyň, G.Ezizowyň edebi-nazary, tankydy pikirleri hem edil Gündogaryň beýik klassyklary Nyzamy Genjewiniň, Alyşer Nowaýynyň, aýratyn hem Magtymguly-Pyragynyň edebi-ylmy pikirleri bilen utgaşyp gidýär. Olar özleriniň, beýik söz ussatlarynyň edebi-ylmy

garaýyşlaryny ösdürip, XX asyryň durmuş sredasyna mahsus halda işläp çykypdyrlar, oňa zamanagöý many çaýyp, edebiýatyň geljek sary ösüşe gadam basyp barýandygyny nygtapdyr.

Netijede, gözbaşyny gadymýetden alyp gaýdýan edebi-nazary pikirleriň emele gelmegi XX asyr türkmen edebiýatynda hem edebi-nazary, tankydy pikirleriň ösmegine ỳol-ỳoda bolandygy mälim.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1.Günbatarda edebi-nazary pikirleriň taryhy takmynan haçandan we nireden başlanypdyr?

2.Aristoteliň edebi-nazary pikirlerini nähili bahalaýarsyňyz?

3.Platonyň edebi-nazary pikirlerini nähili bahalaýarsyňyz?

4.Fransuz klassiziminiň nazaryýetçilerinden kimleri bilýärsiňiz?

5.Rus demokratik tankytçylygy edebi-estetik pikirleriň ösmegine nähili goşant goşdy?.

6.Gündogar edebiýatynda edebi-nazary pikirler haýsy şahyrlaryň eserlerinde duş gelýär?

7.Magtymgulynyň edebi-ylmy garaýyşlaryny aýdyp beriň?

8.XX asyr türkmen edebiýatynda edebi-nazary tankydy garaýyşlaryň ösüşi nähili?

**Edebiýatlar:**

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985.

2.Sulton Izzat. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, 1980.

3.Boboỳew T. Adabiýotşunoslikka kiriş kursi boỳiça okuw – metodik kullanma. Toşkent, ”Ukituwi”, 1979.

4.Hudayberdiỳew E. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, «Ukituwçi”, 2004.

5. Gubannepesow K. Oýlanma baýry. Aşgabat, 1995.

6.Magtymguly. Şygyrlar. Üç tomluk, Aşgabat. Türkmenistan. 1992, 1994.

7.Ezizow G. Saýlanan eserler. Aşgabat. “Bereket Bina”. 1995.

## Dördünji tema

## Edebiýatyň (çeper eseriň) mazmuny we şekili, olaryň birligi hakynda.

**Meýilnama:**

1.Çeper eseriň şekili hakynda düşünje.

2.Çeper eseriň mazmuny hakda düşünje.

3.Mazmun we şekiliiň birligi hakynda düşünje.

**Daýanç düşünjeleri:** mazmun hakynda düşünje, çeper eseriň ideýa mazmuny, obrazlaryň düzülişi, mazmunyň şekile geçmegi, şekil hakynda düşünje, mazmun we şekiliň çeper eserdäki hyzmaty.

Çeper eser şekil we mazmunynyň birligi hökmünde mälim bolýar. Şekil (forma) bilen mazmuny biri-birinden aýra göz öňüne getirip bolmaýar. Çeper eserde mazmun şekile salynýar. Forma (şekil) bolsa belli bir mazmuny beýan edýär. Çeper eserde nähilidir bir wakany ýa-da adamy suratlandyryp bermekde, ol hakynda diňe bir ýönekeý maglumat bermek bilen çäklenmän, nähilidir bir ideýany we mazmuny şol arkaly aýdýar. Suratlandyrylýan sýužetde adamlaryň obrazlary arkaly ýazyjy özüniň daşky dünýä, jemgyýete, durmuşa bolan gatnaşygyny, gözgaraýşyny bildirýär, ýagny eseri ideýalar bilen, mazmun bilen doldurýar”[1].

Netijede, ýazyjy durmuş materiallaryny özüniň dünýägaraýşyna, özüniň golaýlygyna laýyk saýlap alandygy üçin onuň şu waka-hadysa bolan gatnaşygy we olary suratlandyrmakdaky nukdaý nazary çeper eseriň ideýa mazmunyny, ýagny ýazyjynyň çeper umumylaşdyrmalary esasyndaky pikirini, waka beren ideýa bahasyny kesgitlemäýär. Bu ideýa mazmun ýazyjynyň saýlap alan durmuş wakalary we şol minutlaryny suratlandyrmagynda, eserde gatnaşýan, ýagny mazmun şekile eýe bolup, özüniň ähmiýetini açyp berýär.

Şeýlelikde, edebiýatda mazmunyň şekile eýe bolmagy ideýa-mowzuk esasynyň adam häsiýetinde belli bolup, onuň içki duýgulary we hereketleri arkaly ýazyjynyň gaýtadan işlän durmuş materiallaryny konkretleşdirmeginde,

---

[1] Jarymbetow K. Ädebiỳattanywdan sabaklar. Nökis, “Karaqalpakstan”, 2012, 16-njy sah.

aýdyňlaşdyrmagynda şöhlelendirilmeginde amala aşýar. Şeýle durmuş materiallaryndaky aýdyňlaşdyrylan mesele ýazyjy tarapyndan çeper eserde baş mesele edilip, ýagny problema edilip goýulýar. Şu meseläni (problemany) gozgamak bilen ýazyjy özüniň aýtjak bolýan pikir-duýgusyny, ideýasyny suratlandyrmaga girişýär. Olary suratlandyrmagyň dowamynda okyja täsirli bolmagy üçin olary obrazlara siňdirip beýan edýär. Netijede çeper eseriň mazmuny, mowzukdan, meseleden, ideýadan ybarat bolýar.

Tema (grekçe Thema-bir zat, predmet sözünden) çeper eseriň öňüne goýan esasy maksady we problemasy (meselesi). Çeper eseriň mowzugy ýazyjynyň nämeler hakynda we nähili meseleler hakynda pikir ỳöretmegini anyklamaga kömek edýär. Döwrüň ähmiýetli meselelerini yzarlap tapyp bilmegi çeper esere mowzuk saýlamagy esasy şertleriniň biri hökmünde ol ideýa bilen aýrylmaz bagla

nyşykly bolýar. Şeýlelikde, çeper eseriň esasy mowzugy ýazyjynyň bir waka, hadysany analizlemegi ýa-da aýdyňlaşdyrmak üçin haýsydyr bir häsiýetiň şekillenmegini görkezip bermek üçin özüniň öňüne goýan maksatlaryna, ýagny, ýazyjynyň saýlap alan we suratlandyrỳan durmuşy wakalary çeper eserden öň goýýan we açyp bermeli bolan meselerleriniň jeminden ybaratdyr.

Mowzuk düşünjesi eseriň bütin mazmunyndan gelip çykýar. Çeper eseriň mowzugy wakanyň mazmunyndan gelip çykýar. Mysal üçin, A.Kekilowyň "Söýgi" romanynda Akmyrat we Ogulnabadyň arasyndaky söýgi meselesi eseriň bütin dowamynda wakanyň ýaýbaňlanmagyna täsir edýär. Ýazyjy iki ýaş juwanyň biri-birine bolan söýgüsini durmuş wakalary bilen utgaşdyryp, ony özüçe şekillendirýär. Netijede, obrazlaryň üsti bilen söýgi meselesi ör-boýuna galýar. Ýazyjy şu durmuş wakalaryny özüçe suratlandyryp, eseriň mowzugyny-da "Söýgi" diýip atlandyrýar.

Problema-mesele bu täzeçe gozgalan ähmiýetli, durmuşa, jemgyýetçilik, taryhy, şeýle hem ýeke adamyň taryhyna baglanyşykly meselelerdir. Problema-bu her bir döwrüň edebiýaty ýa-da ýekeje bir eseriň taryhy, sosial ýagdaýlaryndan gelip çykan halda gozgalýan ähmiýetli meselelerdir. Mysal üçin, Ç.Aşyrowyň "Ganly saka" trilogiýasynda türkmen durmuşynda XX asyrdan öňki bolup geçen ýer-suw meselesi gozgalýar.

Ideýa-çeper eserde öňe goýulýan, gozgalýan we açyp berilýän meseleleriň mazmunyndan, häsiýetleriň ýagdaýlaryndan logiki röwüşde gelip çykýan netijedir. Ýazyjy durmuşyň ol ýa-da bu jähetleri hakyndaky pikirini okyja ýetirmekçi bolýar, şu pikirini obrazlaryň hyzmatyna, gozgalýan meseleleriň süňňüne siňdirýär. Okyjy çeper eseri okan wagtynda, wakanyň-hadysanyň ýagdaýyndan, häsiýetleriň logikasyndan eseriň ideýasyny tapýar. Ideýa eseriň süňňüne näçagly siňdirilen bolsa, onuň çeper täsirliligi, emosionallygy güýçli bolýar. Çeper eseriň ideýasy, hut mowzuk ýaly eseriň mazmunynda şöhlelendirilýär. Çeper eserdäki her bir epizod, her bir obraz we hat-da aýratyn detallar-da eseriň ideýasyny açmaga hyzmat edýärler. Mysal üçin, N.Saryhanowyň "Şükür bagşy" hekaýasynda ýazyjynyň ideýasy saz-sungatyň türkmen halkynyň arasynda uly orun eýeleýändigini, onuň jadyly owazynyň ynsan kalbyny lerzana getirýändigini, hat-da Şükür bagşynyň agasyny-da ýesirlikden uruş-jenjelsiz azat etmek meseleleri bolup hasaplanýar. Eserde Şüküriň han saraýyna merdanalyk, batyrlyk bilen gorukman barýan epizodlary, elindäki çeper detal bolan dutar, eseriň ideýasyny açmaga kömek edýär.

Eger-de eserde kämil çeper şekil bolmasa (dartgynly sýužet, kompozisiýa, çeper dil we başgalar), ýazyjynyň aýtjak bolýan oňat pikir-duýgulary, ideýalary ýönekeý maglumatnama derejesinde bolýar. Sebäbi garagalpak nazaryýetçi alymy K.Orazymbetowyň "Çeper eseriň mazmunyny onuň manysy, ony döredijiniň duýgusy, pikiriniň ýüze çykmasynyň netijesi hökmünde seredýän bolsak, onda şekili şu mazmunyň amala aşmasynyň usuly hökmünde seretmek bolýar. Ýagny mazmun döredijiniň özüni gurşap alan sreda hakyndaky tolgunmalary, her hili hadysalara emosional we aňly gatnaşygydyr. Şekil bolsa - şu tolgunmalaryň, gatnaşyklaryň ýüze çykmagynyň guraly we usulydyr" [1] - diýip, belleýişi ýaly şekil mazmuny dünýä indermek üçin hyzmat edýär. Şeýlekide, çeper eserde mazmun bilen çeper şekiliň birliginiň saklanmagy şertdir. Mazmunyň şekile öwrülmegi obrazlar arkaly ýüze çykýar. Ýazyjynyň ideýa - maksady adam durmuşynyň konkret menzilleri - obrazlar arkaly şöhlelenýär. Mazmunyň şekile obrazlar arkaly

---

[1] Orazimbetow K. Häzirki karakalpak lirikasynda körkem formalardyň ewolýusiýasy häm tipologiýasy. Nökis, "Bilim", 2004, 23-nji sah.

geçmegi dialektik baglanyşyk bolup hasaplanýar. Bu baglylyk-çylşyrymly döredijilik prosesden ybarat. Çeper mazmuny şöhlelendirmek, çeper şekil saýlap almak hem çylşyrymly ruhy proses, döredijilik gözlegler bilen berk baglydyr.

Obraz mazmuny suratlandyrýan şekil hökmünde hyzmat edýär. Diýmek, obraz-hem mazmun hem şekil hadysasydyr. Çeper eserde ideýa mazmun obrazlar arkaly açyp berilýär, obrazlar bolsa çeper suratlandyrylyş gurallary arkaly döredilýär[2]. Şekil dil, çeper suratlandyryş gurallary, sýužet, kompozisiýa, edebi-çeper görnüş, žanr, şygyr düzülişi, obrazlar, metod, ritm, kapyýa ýalylary öz içine alýar. Meselem, B.Seýtäkowyň “Perwana” atly powestiniň şekili diýende biz şu powestiň poetikasyny, aýratyn hem onuň sýužeti, kompozisiýasy, konfilikti, çeper diliň häsiýetlerini we başgalary düşünýäris.

I.Nuryýewiň “Enäniň sesi” atly şygrynyň ritmi, ölçegi, bent düzülişi, kapyýalanmak tertibi, intonasiýasy, poetik sintaksisi, dilde ulanylýan troplar goşgynyň şekilini düzýär:

Säher turup ele galam alamda, a
Sesiň gelýär: Ölçerdiňmi, han ogul?” b
Goşgymy tamamlap, hoşal bolamda , a
Sesiň gelýär: “Ölçerdiňmi, han ogul?” b

Ýokardakylardan gelip çykan halda mazmun-ideýa, şekil bolsa - çeperçilik hadysa diýip netije çykarmak mümkin.

**Soraglar we ýumuşlar.**

1.Mazmun näme?

2. Şekil näme?

3.Her bir mazmuna mahsus şekil bolýar. Emma mazmun özüniň şekiline mahsus bolmasa nähili ýagdaý ýüze çykýar?

4.Mazmunyň şekile geçmegi esasan nämeler arkaly ýüze çykýar?

---

[2] Hudaýberdiýew E. Adabiỳotshunoslikka kiriş. Toşkent, 1995, 87-nji sah.

## Edebiýatlar.


1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat. “Magaryf”. 1985.

2.Hudaýberdiýew E. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, 1995.

3.Jarymbetow K. Ädabiýattanywdan sabaklar. Nökis, “Karakalpakstan”, 2012.

4.Orazymbetow K. Häzirki karakalpak lirikasynda körkem formalardyň ewolýusiýasy hem tipologiýasy. Nökis, “Bilim”, 2004.

5.Seýtäkow B. Perwana. “Aşgabat”, “Türkmenistan”, 1978

6. Nuryýew I. Säherim meniň. Aşgabat, “Magaryf”, 1984.


# Bäşinji tema

## Çeper edebi obraz we onuň görnüşleri.

### Meýilnama:

1.Obraz hakynda düşünje.

2.Obrazlaryň estetik häsiýetleri boýunça bölünişi.

3.Obrazlaryň žanr häsiýetleri boýunça bölünişi.

4.Tipik obraz.

5.Obraz we häsiýet hakynda düşünje.

**Daýanç düşünjeleri:** obraz, obrazlaryň estetik häsiýetleri boýunça (gahrymançylyk obraz, tragiki obraz, satiriki obraz obrazlar) hakynda düşünje bermek, epik obrazlar, dramatik obrazlar, obraz we häsiýet meseleleri barada düşünje bermek.

Çeper eserlerde mazmun we şekiliň, mowzuk hem-de ideýanyň birligini özünde jemleýän esasy gural obrazdyr. Wakany edebiýatda obrazlaryň kömeginde suratlandyrmaga bagly garaýyşlar Aristoteliň döwründen bäri dowam edip gelse-de, emma bu pikir esasan XIX asyryň birinji ýarymyna gelip, Gegel, W.G.Belinskiý ýaly akyldarlaryň eserlerinde doly şekillenipdir. Şonuň üçin-de,

obraz düşünjesi özüniň häsiýeti we mazmunyna görä örän çylşyrymly we giň manylydyr.

Sungat eserinde ýazyjynyň wakany düşünmegi, estetik islegi ýaly birnäçe jähetlerini çeper obrazsyz göz öňüne getirmek kyn. Çeper eseriň barlagynda hem esasy üns ondaky obrazlaryň durmuşy derejelerine gönükdirilýär.

Adamyň içki we daşky dünýäsini, waka-hadysalaryny we janly tebigatyň görnüşlerini umumylaşdyryp, ony anyklaşdyryp suratlandyrýan, eserde möhüm ideýa-estetik wezipäni ýerine ýetirýän beýan ediji gural obraz diýip atlandyrylýar. Çeper obraz diýlende esasan, adam obrazy düşünilýär we ol edebiýtda aýgytly rol oýnaýar.

“Obraz” termini rus dilinden alnan bolup, türkmençe “şekil, keşip” diýen manyny berýär. Obraz diýlende ilýustratiw obraz we çeper obrazlar göz öňüne gelýär. Ilýustratiw obraz predmetiň ýa-da adamyň daşky keşbini, şekilini şöhlelendirýär. Çeper obraz bolsa “Ilýustratiw obrazdan bütinleý tapawutlanýar: Çeper obraz adamyň ýa-da başga zadyň diňe bir daşky görnüşiniň şöhlelenmesi bolman, onuň emosional häsiýete eýe bolan mazmunynyň hem şöhlelenmesidir. Edebiýatda we sungatda döredilýän obrazlar şonuň ýaly çeper obarzlardyr”[1]

Çeper obraz älem-barlygiň senetkär dörediijiniň gözi bilen görlen we idealy esasynda döredijilik gazanynda eỳlenip, gaỳta uşlenen keşbidir, şekilidir. Çeper obrazy her bir dörediji özüçe keşbe salyp, täsirli görnüşde döretmäge çalyşỳar. Meselem, birmeňzeş mowzugy galama alan iki ỳazyjy, bir zadyň suratyny çyzan suratkeş tarapyndan döredilen obrazlar birmeňzeş bolmaỳar. Sebäbi çeper obraz okyjyda belli bir estetik duỳgyny oỳarỳar. Meselem, durmuşdaky erbet wakalar ỳa-da adamlaryň betnyşan çeper keşbi okyjyda ỳigrenç, gahar-gazap oỳarsa, ỳagşylygy, oňat häsiỳetleri suratlandyrỳan obrazlar joşgun, höwes oỳarỳar. Her bir çeper eserde ỳazyjynyň döredỳän obrazy arkaly belli bir estetik ideal suratlandyrylỳar. Şeỳlelikde, çeper obraz otrisatel (gapma-garşy) we položitel (oňyn) obrazlar diỳen toparlara bölünmegi mümkin. Položitel obrazlar jemgyỳetçilik normalara mahsus sypatlary, oňat gylyk-häsiỳetleri özünde jemleỳär,

---

[1] Abdyllaỳew Ö. Edebiỳat teoriỳasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 125-nji sah.

onuň iş-hereketleri halkyň arzuw-isleginem peÿdasyna, idealaryna laÿyk amala aşyrylÿar[1]. Bu kesgitleme türkmen edebiÿatynda B.Kerbabaÿewiň «Aÿgytly ädim» romanynda Artygyň, Aşyryň, A.Kekilowyň «Söÿgi» romanynda Akmyradyň, Ogulnabadyň we başga-da birnäçe gahrymanlaryň obrazlaryny mysal getirmek bolar.

Otrisatel obraz jemgyÿetçilik normalara laÿyk gelmeÿän häsiÿetleri özünde jemleÿär. Mysal üçin, G.Kulyÿewiň «Gara kerwen» romanynda iňlis razwedkaçysy Forsteriň obrazy, H.Derÿaÿewiň "Mukaddes ojak" romanynda Atajanyň obrazy halkyň estetik düjünjesine laÿyk däl. G.Kulyÿewiň «Gara kerwen» romanynda Forster käbir adamlary baÿlyk ÿa-da wezipe bilen tamşandyrsa, käbiriniň arkasynda iňlis imperializminiň durÿanlygy bilen mugyra getirÿär. Ol garamaÿak ilat arasynda bolsa özüni Müsürli arap atlandyryp, sellesine bat berÿär[2].

Nazaryÿete bagyşlanan barlaglarda obrazlar köplenç şertli görnüşde otrisatel we položitel bolup bölmeklige meÿil edildi. Edebiÿat durmuşy iki hili ÿol bilen barlag edÿär. Birinjisi – tassyklaÿar, ikinjisi - inkär edÿär. Durmuşy ÿazyjynyň idealyna laÿyk taraplaryny tassyklamak üçin esere gatnaşdyrylÿan obrazlar – položitel obraz diÿilÿär. Durmuşyň käbir jähtlerini inkär etmek üçin hyzmar edÿän obrazlar – otrisatel obrazlardyr. Emma şeÿlede bolsa, edebiÿatda käbir obrazlarda otrisatel we položitel häsiÿetler aralaş jemlenmegi hem mümkindigini garagalpak edebiÿatçysy K.Jarymbetow belläp geçÿär we ol öz pikirlerini rus ÿazyjysy M.Ÿu.Lermontowyň "Biziň zamanymyzyň gahrymany" romanynyñ baş gahrymanyny mysal getirÿär[1]. Bu hili obraz türkmen edebiÿatynda hem duş gelÿär. Myña A.Durdyÿewiñ «Bagtly ÿigit» atly eserinde Annagulynyñ obrazyny mysal getirmek bolar.

Eseriñ gurluşynda tutÿan ornuna görä obrazlaryñ birnäçe görnüşleri bar. Meselem, eseriñ wakalarynyñ merkezinde durup, sÿužeti herekete getirÿän, ÿazyjynyñ suratlandyrmakçy bolÿan esasy ideÿany ozüne ÿükleÿän şahslar baş

---

[1] Jarymbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar. Nökis, "Karaqalpakstan", 2012, 20-nji sah.

[2] kollektiw. Türkmen edebiÿatynyň taryhy. Aşgabat. "Ylym". 1982. 60-njy sah.

[1] Jarymbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar" Nökis, "Karaqalpakstan", 2012, 20-nji sah.

obraz ỳa-da baş gahryman diỳlip atlandyrylỳar. Meselem, Ata Gowşudowyñ «Mähri-Wepa» romanynda baş gahryman Wepa, Mähri. ỳazyjy olar arkaly 1941-45-nji ỳyllardaky uruş döwrüniñ kynçylykly wakalaryny giñden suratlandyrỳar. Käwagt eseriñ merkezinde deñ ähmiỳete eỳe bolan iki we ondan artyk obrazlar-da bolmagy mümkin. Meselem, A.Kekilowyñ «Söỳgi» romanynda wakanyñ esasçylary Akmyrat, Begenç, Ogulnabat obrazlary durỳar. Muña esasy obrazlar diỳilỳär.

Çeper eserde belli bir ideỳany suratlandyrỳan, örän az hereket edỳän obrazlar – epizod personažlary ỳa-da kömekçi obrazlar hem bar. Mysal üçin, Tirkiş Jumageldiỳewiñ “Bagrymyzyñ badaşany” atly romanyndaky Maşat, Amanly, Oraz ỳaly obrazlar şeỳle obrazlaryñ tipine degişlidir.

Çeper obraz edebiỳatda birnäçe görnüşe bölünmegi mümkin. Mysal üçin estetik häsiỳetleriñ şöhlelenmegine görä obrazlar tragedik, gahrymançylykly, komedik, satirik ỳa-da ỳumoristik bolup, şertli görnüşde bölünmegi mümkin. Bu ỳagdaỳda çeper obrazyñ estetik häsiỳetleri bazara alynỳar[2].

“Gahrymançylykly obraz adamyñ hak ỳokary derejä göterilin iñ ajaỳyp häsiỳetlerini, ideỳalaryny, hyjuwlaryny, duỳgularyny şöhlelendirỳär” (Ö.Abdyllaỳew). Şonuñ üçinem ol joşgunlylyk, gözellik kategoriỳalary bilen baglanyşykladyr. Mysal üçin, N.Jumaewiñ “Aỳdogdy Tahyrow” romanynda Aỳdogdy Tahyrowyñ obrazy hem gahrymançylykly, hem tragiki obrazdyr. Ol Watanyñ asudalygy, ỳurduñ parahatçylygy üçin gurban bolỳar. Onuñ edermenligi okyjyda mert-merdanalyga, gaỳduwsyzlyga hyjuwlanma duỳgusyny oỳarỳar. Şonuñ bilen birlikde okyjyda gaỳgy-gamly gynanç duỳgulary hem peỳda bolỳar. Beỳle gahrymançylykly obrazlar tragiki häsiỳete eỳe bolỳar.

Tragiki obraz diỳip, “Ösüp gelỳän täzäniñ köne tarapyndan heläk bolmagyna ỳa-da ỳiti garşylykly göreşde otrisarel gahryman tarapyndan položitel gahrymanyñ heläk bolmagyna, onuñ döreden ajaỳyp zatlarynyñ ỳok edilmegine we ş.m. gynançly waka aỳdylỳar” (Ö.Abdyllaỳew). Mysal üçin, Mollanepesiñ “Zöhra-Tahyr” dessanynda tragiki obraz beỳan edilipdir.

---

[2] Jarymbetow K. Ädebiỳattanywdan sabaklar. Nökis, “Karaqalpakstan”, 2012, 19-njy sah.

Ýumoristik obrazda “köplenç položitel gahrymanyñ häsiỳetinde bolan ownuk ỳetmezçilikler görkezilỳär we onuñ üstünden gülünỳär. Emma ỳazyjy ony otrisatel gahrymanlar ỳaly özüne garşy pozisiỳada goỳmaỳar-da, dine ownuk kemçiliklerini belläp geçỳär. ỳazyjy gahrymanyñ häsiỳetiniñ ỳetmez taraplarynyñ üstünden gülse-de, oña duỳgydaşlyk bildirỳär” (Ö.Abdyllaỳew). Mysal üçin, “Keỳmir kör” pesasyndaky Warryk batyryñ obrazy munuñ aỳdyñ mysalydyr.

Edebiỳat teminleriniñ sözlüklerinde berlen sypatlamalara gorä satiriki obrazda adam häsiỳeti gülküli formada suratlandyrylỳar. Satiriki obrazlar käwagt otrisatel obrazlara meñzese-de, olaryñ arasynda prinsipial aratapawut hem bar: otrisatel obrazda durmuşdaky nogsanltklar inkär edilse-de, onuñ üstünden gülünỳär. ỳagny awtor olaryñ üstünden gönüden – göni gülmeỳär. Satiriki obrazlarda bolsa, onuñ tersine durmuşdaky nagsanlyklaryñ üstünden gaharly, awuly gülmek, ironiỳa we sarkazm güỳçli bolỳar. Satiriki obrazyñ hem hereketlerinden, gylyk-häsiỳetlerinden okyjyda ỳigrenç duỳgusy oỳanỳar. Ironiỳa ỳumoristik obrazy döretmegiñ hem serişdesi bolup biler. Ironiỳa – ỳañsylama, ỳañsa almak diỳmekdir. ỳañsylama bolsa gaharsyz, şatlykly hem bolup biler, gaharly – awyly-da bolup biler.

Beỳle obraza Agahan Durdyỳewiñ “Bally molla” hekaỳasynda Bally mollanyñ obrazy mysal bolup biler.

Nazaryỳetçiler döredijilik metoda görä obrazlaryñ aşakdaky ỳaly görnüşlerini belleỳärler.

**Romantik obraz.** Bu hili obrazlarda durmuşda bolmadyk, emma bolmagy arzuw edilỳän, täsin güỳç – kuwwadyñ eỳesi bolan, joşgunly ruhybelentlilik bilen döredilen obrazlar degişlidir. Meselem, Mollanepesiñ “Zöhre-Tahyr” dessanyndaky Tahyr we Zöhräniñ obrazlary degişlidir. XIX asyrda ỳaşap döredijilik eden şahyr Keminäniñ käbir şygyrlarynda romantik obrazyñ nusgalaryny görỳäris.

**Fantastik obraz.** Bu hili obrazlarda adatdan daşary börtdürilip, çişirilip ylahylaşdyrylan täsin häsiỳete eỳe bolan häsiỳetler jemlenỳär. Fantastik obrazlar halk agzeki döredijiliginiñ eserlerinde köp duş gelỳär. Meselem, döw, peri obrazlary.

**Simwoliki obrazlar.** Beỳle obrazlarda predmetler, ösümlikler, zatlar, jandarlar, reñler arkaly sosial hadysalar umumlaşdyrylỳar. Onda gül we bilbil – aşyk we magşuk, gyzyl reñ – azatlyk, abadançylygyñ belgisi – kbvwkly hökmünde ulanylỳar. Meselem, K.Gurbannepesowyñ “Taỳmaz baba” poemasynda Mätäç kempiriñ obrazy munuñ aỳdyñ mysaly.

Simwoliki obrazlaryñ ỳene-de bir topary allegorik obrazlardyr. Munda guş, haỳwan, otlar we ş.m. adamlara mahsus bolan häsiỳetlere eỳe edilip görkezilỳär, has anygrak aỳdanymyzda ynsanlaşdyrylỳar.

**Mifologik obraz**. Munda adam tebigata garşy göreşmekde ejiz bolup, ondaky hadysalary nähilidir bir tebigatdan daşary, ynsanlara gowy ỳa-da ỳowuz niỳetde bolan hudaỳlar we perişdeler, ruhlar ỳolbaşçylyk edỳär – diỳip pikir eden ata-babalarymaz tarapyndan döredilipdir. Mifologik obrazlarda hem realistik elementler bolỳar. Mysal üçin, dini miflerde Alynyñ obrazyny agzap geçmek bolar. Şeỳle hem Ferdöwsiniñ “Şanama”, Magtymgulynyñ “ỳaşy nädendir” atly şygrynda mifologik obrazlar getirilipdir.

Çeper obrazlar žanr prinsipelri boỳunça-da toparlara bölünmegi mümkin. Mysal üçin, epiki obrazlar, dramatik obrazlar, liriki obrazlar.

Epiki obraz “Gahrymanyñ wakalaryñ içinde edỳän hereketiniñ, gepleşiginiñ, galyberse-de iç gepletmeleriniñ, duỳgularynyñ beỳan edilmegi, suratlandyrylmagy arkaly aỳdyñlaşỳan obrazdyr” (Ö.Abdyllaỳew). Epiki obraz eserdäki personažyñ iş –hereketleri, başyndan geçiren wakalary arkaly şöhlelenen obrazy düşünỳäris. Epiki obrazlar wakalaryñ ösmegi arkaly, ỳagny epiki suratlandyrma arkaly kamilleşỳär. Türkmen edebiỳatynda epiki obraz Çary Aşyrowyñ “Ganly saka” poemasyndaky Çaryỳaryñ, Nurmyrat Saryhanowyñ “Kitap” hekaỳasynda Welmyrat aganyñ obrazlaryny mysal getirmek bolar.

Liriki obraz. Eserdäki liriki gahrymanyñ içki duỳgularyny, iç gepletmeleriniñ şöhlelenmegi, suratlandyrylmagy arkaly döredilỳär. Liriki obraza lirikanyñ esasy häsiỳetleri siñdirilỳär.

Seniñ dideleriñi
Arzuw etdim men,
Seniñ huzuryña

Ugur etdim men

Çytma gaşlaryñy,
Saçlaryñ oỳnap!...
Söỳgüm alyp geldi
Günüme goỳman[1].

Şygyrda obraz wakalaryny suratlandyrmak arkaly döredilmän, eỳsem, liriki gahrymanyñ oñat gören gyzyna söỳgi duỳgularyny bermek arkaly döredilỳär.

**Dramatik obraz**. Bu hili obrazlar aỳratyn dramaturgiỳada döredilỳär. Personažlaryñ iş-hereketlerini sahnada görkezmek üçin suratlandyrmak – dramatik obraz döretmegiñ esasy şertidir. Egerde epiki obraz okyjynyñ abstrakt pikirlenmegi suratlandyrylan wakany göz önüne getirmek ukybyna laỳyk niỳetlenilip döredilse, dramatik obraz personažlaryñ gepleşigi (dialog, monolog) we baş personažlaryñ ruhy dramatik möwç almagy dramatik obtazyñ häsiỳetli belgilerinden hasaplanỳar (K.Järimbetow). Mysal üçin, Nazar Geldiỳewiñ “Gowgaly günler” (üç perdeli, alty görnüşli drama) atly dramasynda 1941-45-nji ỳyllardaky gandöküşikli urşuñ wakalary bilen baglanyşykly, ỳagny Näzigiñ adamsy urşa gidende päli ỳaman Garabegiñ eden etmişlerine ynanyp, özüniñ gül ömrüni köỳdüren gahrymanyñ ruhy dramasyny görkezmek arkaly dramatik (dartgynly) obraz döredilipdir.

Çeper eserlerde tipik obraz diỳen düsünje-de bar. Tipik obraz çeper eserde suratlandyrylỳan dower mahsus bolan umumylyk belgileri, şol döwür adamlarynyñ häsiỳetlerini özünde jemleỳän, personažlaryñ tipikleşdirilen obrazy (K.Jarimbetow). Şeỳlelikde, tipik obraz arkaly okyjy ỳazyjynyñ suratlandyrỳan döwrüni bir pütinlikde düşünỳär we onuñ esasy alamatlaryny dogry ugup alỳar. Mysal üçin, Gylyç Kulyỳewiñ “Ỳowuz günler” romantynda Magtymguly, Adna Serdar, Şatyr beg we başgalarda personažlar suratlandyrylỳan döwrüñ, ỳagny XVIII asyr türkmen halkynyñ ỳaşan döwrüniñ aỳratynlyklaryny, gapma-garşylyklaryny, adamlaryñ biri-birine menzeş häsiỳetlerini özüne siñdiren we

---

[1] Allanazarow A. Okasym gelỳän goşgular. Aşgabat, “TDKR”, 2006, 122-nji sah.

häsiỳetleri real açyp suratlandyrylan tipik obrazlardyr. ỳazyjy ỳeke indiwidual belgileri, sypatlary bilen umumylyk, tipik sypatlary ỳakyn birleşdirỳär.

Tipik obraz babatynda türkmen, garagalpak we özbek edebiỳatşynaslyk ylmynda beỳan edilen pikirleri deňeşdirip görenimizde olardaky nazary sypatlamalar tipologik häsiỳete eỳe. Olary umumlaşdyryp aỳdanymyzda ỳazjynyň durmusda nämeleri tipik diỳip düşünmegi, bilmegim özüniň eserlerinde nähili häsiỳetleri tipik häsiỳet hökmünde suratlandymagy onuň dünỳägaraỳşyna we ussatlygyna, halkyň durmuşyny näderejede bilmegine bagly eken. Durmuşdaky ol ỳa-da bu hadysanyň tipik ỳa-da tipik däldigini konkret taryhy şertler belläp geçỳär. Şu sebäpli hem jemgyỳetiň ösüşiniň belli bir taryhynda bir döwürde tipik bolan hadysa onuň beỳleki bir döwründe tipik bolmazlygy mümkin. Nazaryỳetçileriň bellemeklerine görä, edebiỳatda çeper obrazy tipikleşdirmegiň üç usuly bar eken. Olaryň birinkisi, umumlaşdyrmak, netije çykarmak ỳoly bilen tipikleşdirmek. Söz senetkäri durmuşdaky birnäçe adamlaryň durmuşyny, içki dünỳäsini, däp-dessurlaryny, psihologiỳasyny, zähmet çekişini içgin öwrenmegiň esasynda olaryň iň zerur sypatlaryny, tipik häsiỳetlerini saỳlap, seçip alỳar, umumlaşdyrỳar, sintezleỳär, çeperleşdirilip bir pütin halda jemlenỳär we konkret şahsyň obrazy arkaly suratlandyrylỳar.

Ikinji görnüşi çeper fantaziỳa ỳoly bilen tipikleşdirmek. Munda söz senetkäri özüniň hyỳalyna, fantaziỳasyna daỳanyp eser döredỳär. Döredíji fantastik obrazlary hem şu derejede hakyky, tebigy edip döretmäge hereket edýär. Netijede okyjy bu obrazyň özüni durmuşda bar diýip pikir edýär we oňa ynam bilen seredýär.

Üçünji bir görnüşi prototipiň esasynda tipikleşdirmek. Prototip (ýunança prototiýpo: prots ilkinji, deslapky, başlangyç: tiýpos – nyşana, nokat, obraz) edebiýaty öwreniş ylmynda çeper obrazy ýüze çykarmakda esas hökmünde hyzmat edýän real şahsyň manysynda ulanylýar. Bu usulda çeper obraz döretmegiň häsiýetli tarapy – durmuşda ýaşan taryhy şahslar çeper obrazyň esasynda durýar. Ýazyjy durmuşdaky tanymal şahslar - prototiplerine daýanyp çeper obraz döredýär. Bu çeper obraz durmuş materially - prototip, ýazyjynyň döredijilik fantaziýasy – çeper toslama we öňe sürlen ideýa-estetik idealyň goşulmagyndan

hasyl bolýar. Prototip bilen obrazyñ arasynda döredijiniñ özi durýar (K.Järimbetow).

Obraz we häsiýet. Çeper eserde obraz döretmek, köplenç gahrymanyñ häsiýetini açmak arkaly amala aşyrylýar.[1] Edebiýat terminleriniñ sözlüklerinde beýan edilişine görä, eserde zehiniñ ugry we ibdiwidual psihologik hasiýetleri bilen biri-birinden tapawutlanyp durýan, eseriñ sýužetinde "uly ýük" gatnadýan şahslara köplenç häsiýet termini ulanylýar. Käbir jemgyýetçilik topar ýa-da toparyñ zerur häsiýetlerini suratlandyrýan – döwrüñ uly umumlaşmasy bolup bilýän häsiýet edebi tip diýlip atlandyrylýar. (Häsiýet grekçe – häsiýet, keşp: tip ýunança taýpos – yz, nusga, tagma, obraz).

Ģeper eserde häsiýet diýenimizde ýaşaýşyñ şerti, arzuw-umytlary, iç gepletmeleri, gylyk-häsiýeti, ahlak, jemgyýetçilik – pelsepe dünýägaraýyşlary we başga-da jähtleri taýdan ýagty, kämil doly suratlandyrylan obrazy düşünýäris.

Soraglar we ýumuşlar

1.Çeper obrazyñ mazmuny näme?

2. Çeper obrazyñ täsirliligi diýende nämä düşünýärsiñiz?

3.Döredijilik metodyna görä obrazyñ görnüşlerini gürrüñ beriñ.

4.Edebi görnüş we žanrlar boýunça obrazyñ görnüşlerini gürrüñ beriñ.

5.Eseriñ strukturasynda tutýan ornuna görä çeper obrazlaryñ nähili görnüşleri bar?

6.Obrazyñ indiwidual häsiýetiniñ çeşmesi nirede diýip pikir edýärsiñiz?

7.Obraz we häsiýet diýende nämä düşünýärsiñiz?

## Edebiýatlar

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyñ esaslary. Aşgabat. "Magaryf". 1985.

2.Kollektiw. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, «Ukituwçi", 1979, 1983.

3.Boboýew T. Adabiýotşunoslikka kiriş kursi buýiça ukuw – metodik kullanma. Toşkent, «Ukituwçi", 1979.

[1] Jarymbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar. Nökis, "Karaqalpakstan", 2012, 30-njy sah.

4.Kuronow D. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, «Ukituwçi”, 2004.
5.Kekilow A. Edebiýat teoriýasy. Aşgabat. “Türkmenistan”. 1958.
6. Jarymbetow K. Ädebiyattanywdan sabaklar” “Qaraqalpakstan” 2012.

## Altynjy tema

## Çeper eseriñ sýužeti, konflikti, kompozisiýasy

**Meýilnama:**

1.Sýužet hakynda maglumat.
2. Sýužetiñ elementleri hakynda düşünje.
3. Sýužet, fabula we konflikt gatnaşyklary.
4. Konflikt hakynda düşünje.
5.Liriki eserlerdäki sýužet we konflikt.
6.Kompozisiýa hakynda maglumat.
7.Kompozisiýa we sýužetiñ özara gatnaşygy hakynda düşünje.

**Daýanç düşünjeleri**: Sýužet, sýužetiñ elementleri hakynda düşünje bermek, fabula we konflikt hakynda maglumat, liriki eserdäki sýužet we konflikt hem-de kompozisiýa hakynda düşünje bermek.

Durmuşy çeper suratlandyrmakda we esasy ideýany öñe sürmekde sýužetiñ uly orny bar. Sýužet çeper eseriñ ähli görnüşlerinde hem bar. Emma her bir žanryñ sýužeti özüne mahsus bolmalydyr. Sýužetiñ klassyk şekili, esasan dramatic, epik hem-de liro-epik eserlerde duş gelýär. Sýužet (fransuzça sýužet) – suratlandyrylýan ýa-da beýan edilýän diýen manyny añladýar. “Eserde gahrymanlaryñ häsiýeti, ideýasy, onuñ ösüşi bilen ilteşikli bolan gantaşyklaryñ, çaknyşyklaryñ, wakalaryñ belli bir garşylyk liniýasy boýunça emele gelýän sistemasyna sýužet diýilýär” (Ö.Abdyllaỳew).

Nazaryýete bagyşlanan barlaglarda çeper eserde sýužetiñ belli bir garşylyklar esasynda ýüze çykýandygy, şol garşylyklaryñ anyk bir wakanyñ üsti bilen beýan edilýändigi, ýagny belli bir wakanyñ içinde gahrymanlaryñ biri-biri bilen bolan garşylyklarynyñ, göreşleriniñ üsti bilan emele gelýändigi, şonuñ üçinem, ýazyjy

eserde personažlaryñ obrazyny döretmrk üçin sýužetden giñden peýdalanýandyklary aýdylyp geçilýär. Sebäbi sýužetiñ öcmegi bilen personažlaryñ-da edýän işleri ýüze çykýan belli bir garşylyklaryñ esasynda olaryñ häsiýeti açylýar. Çeper eserde sýužet ähli wagtda bir şekilde, bir ugurda ösmeýär. Ol öwrülşiklere-de duş gelmegi mümkin. Sýužetiñ beýle ýagdaýdaky ösüşi hakynda Ö.Abdyllaýew oñat pikirleri öñe sürýär. Biz alymyñ bu pikirleri bilen ylalaşýarys we ony dolulygyna getirmegi makul bilýäris. "Çeper eserde bir bitewi garşylykly ýa-da konsentrik sýužet hem bolýar. Muña B.Kerbabaýewiñ "Aýgytly ädim", A.Gowşudowyñ "Köpetdagyñ eteginde", N.Jumageldiýewiñ "Bagrymazyñ badaşany" romanlarynda belli bir döwürdäki belli bir meselede ýüze çykýan garşylyk bilen baglanyşykly wakalaryñ, çaknyşyklaryñ bir bitewi toplumy esasynda gurlan sýužeti mysal getirmek bolar. Şeýle hem çeper eserlerde hronikal sýužet hem bolýar. Meselem, A.Durdyýewiñ "Bagtly ýigit" powestindäki Annagulynyñ ilkibaşda öýlenmek meselesinde ýüze çykýan garşylyk bilen baglanyşykly wakalar bir sýužeti emele getirse, goşun gullygynda terbiýelenmek meselesi bilen baglaynyşykly wakalar başga bir sýužeti emele getirýändigini görmek bolýar"[1].

Şeýleleikde, sýužetiñ ösmegi, özgermegi esasy çeper eserde beýan ediýän wakadaky gapma-garşylyklary, çaknyşyklary, personažlaryñ iş hereketleri arkaly ösýär. Sýužetdäki ýagny eserdäki şeýle konfliktiñ başlanmagyna baglanyşyk diýilýär. Mysal üçin, Öwlýaguly Möwlamowyñ şahyr Rehmet Seýidowyñ ýaşlyk ýyllarynyñ aýry-aýry epizodlaryny suratlandyrýan "Şahyryñ ýaşlygy" atly powestindäki baglanyşyk Rehmediñ ýaşlygyndan ata-enesinden aýrylyp, ýetim galmagy bilen baglanyşykly öz gün güzeranyny dolandyrmak üçin Abdyweli baýyñ gapysynda işleýän pursatydyr. Powestde suratlandyrylýan konkret garşylyk baý bilen ýetim oglanyñ arasynda başlanýar. Ýagny eserde iki synpyñ arasynda bolan garşylyklar esas edilip alynýar.

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyñ esaslary. Aşgaba,. "Magaryf", 1985, 156-157-nji sah.

Waka başlanandan soñ onuñ hertaraplaýyn ösmegi, personažlaryñ arasynda konfliktiñ çylşyrymlaşmgy wakanyñ ösüş prosesini üpjün edýär. Bu hili ýagdaý edebiýat ylmynda ösüş diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin Öwlýaguly Möwlamowyñ “Şahyryñ ýaşlygy” atly powestinde ýaş Rehmede dine bir Abdyweli baý däl, eýsem onuñ agtygy Allanazaryñ, baý ogly – Hatamyñ beren horluklary wakanyñ dartgynly ösmegine alyp gelýär. Bu ýagdaý bolsa eserde sýužeti güýçlendirip, wakanyñ ösmegini gazanýar.

Eserde wakanyñ ýagny garşylygyñ ösüp, ýokary derejä ýetýän pursatlary bolýar. Muña sýužetiñ çür depesi ýagny kulminasiýa diýilýär. Muña mysal edip, “Şahyryñ ýaşlygy” atly powestde il-günüñ arasynda “oruslar gelip, baýlary ýok etjekmiş, olaryñ mal-mülküni garyp-gasarlara bölüp berjekmiş” –diýen “myş-myş” gürrüñler dargap, köne jemgyýetiñ dargajakdygy, deñhuhukly döwrüñ geljekdigi baradaky habaryñ ýaýramagy Abdyweli baýyñ “içini it ýyrtmagy”, Rehmedi urup, azap berip, bir adamy yzyna tirkäp gelip, ony göterip ýaşaýan jaýyna eltip taşlamagy, daşyndan gapyny gulplamagy – bularyñ ählisi garşylygyñ ýokary derejä ýetýän pursatydyr, ýagny kulminasiýa hasaplanýar.

Wakanyñ ösüp ýokary nokada ýetenden soñ personažlaryñ garşylyklary, çaknyşyklary her hili şekilde çözülýär. Mundan sonra sýužeti ösdürmäge, dowam etdirmäge zerurlyk galmaýar. Muny sýužetiñ çözülişi diýilýär. Mysal üçin, “Şahyryñ ýaşlygy” atly powestde Abdyweli baýyñ Yehmedi öz elinden goýbermejek bolup, ony hoş sözler bilen sylamagy, oña göwünlik bermegi hem-de baýyñ öz ata-watanyny (Lebaby) taşlap serhetden geçip, başga ýurda gitmegi bilen sýužeti düzýän garşylyk çözülýär.

Sýužet ylmynda sýužeti düzýän esasy wakalardan başga-da ýagny sýužete girmeýän elementler hem bolýar. Käwagtlar sýužetler esasy wakalara baglnyşmazlygy-da mümkin, emma sýužetiñ ösüşine, obrazlary döretmäge belli bir derejede täsir etmrgi mümkin. By aýratyn hem ekspozisiýa, prolog, epilog, yzaçekilme we başgalardyr. Şeýlelikde, “Eseriñ sýužetini düzýän garşylyk sebäpsiz döremeýär. Ýazyjy ony düşündirmek üçin garşylyk başlanmazynyñ öñüsyrasyndaky ýagdaýyny beýan edýär. Sýužetiñ bu bölegine ekspozisiýa diýilýär” (Ö.Abdyllaýew). Ekspozisiýa (latynça söz bolup, beýan etmek,

duşündirmek diýmekdir). Mysal üçin, "Şahyryñ ýaşlygy" atly powestde türkmen halkynyñ durmuşynda XIX asyrdan ön iki synpyñ arasynda ýagny baý we batrak garamaýak halkyñ arasyndaky garşylygyñ, çaknyşygyñ owaldan dowam edip gelýändigi hakynda maglumat bermekçi bolup, personaž Döndi mamanyñ dilinden baý bilen Aýdogdy batragyñ arasynda bolup geçen garşylykly wakalar gürrüñ berilýär. Okyjylary iki synpyñ arasynda bolip geçen tragiki wakalar bilen tanyşdyrýar. Bu eserdäki esasy sýužet bilen baglanyşmaýar.

**Prolog we epilog.** Bular hem sýužetiñ elementleri hasaplanýar. Okar ähli eserlerde bolmaýar. Bu şert hem däl. Haçanda sýužetiñ içki logikasy şony talap etse, onda ýazyjy bu elementleri ulanmagy mümkin. Eserdäki wakalara giriş hökmünde berilýän suratlandyrma prolog diýilýär. "Şahyryñ ýaşlygy" atly powestde Döndi mamanyñ dilinden gürrün berilýän wakasy öz şahyr doganynyñ ykbaly hakynda hemem şol arkaly durmuşda bolup geçen synpy garşylyklar hakynda maglumat berlipdir. Onuñ üçin ýazyjy şahyryñ awtobiografik häsiýetli şygyrlaryndan mysallar hem getiripdir we ony Döndi mamanyñ gürrüñleri arkaly beýan edipdir.

Eserde gahrymanlaryñ sýužet wakalary tamam bolandan soñky durmuşa dahylly bolan maglumata we suratlandyrmalara epilog diýilýär. "Şahyryñ ýaşlygy" atly powestde Abdyweli baýyñ öz maşgalasy hem-de ýany bilen Rehmedi-de goşup, obasyndan gaçyp, serhetden aşyp, başga ýurtda göç basmagy hakyndaky wakalar, Rehmediñ bolsa ýoluny tapyp, öz ýaşan ýurdy Lebap iline gaýdyp gelmegi hem-de şahyryñ näwagt aradan çykandygyny habar berýän maglumatlar muña mysal bolup biler.

Käwagtlar ýazyjy sýužetiñ düzüliş bölümleriniñ tertibini özgertmegi-de mümkin. Ol ýazyjynyñ ussatlygyna baglydyr. "Birnäçe eserlerde ýazyjy suratlandyrýan wakalaryna, gahrymanlaryna bolan garaýşyny ýa-da gahrymanyñ durmuşynda birwagtlar bolup geçen wakany beýan edýär. Muña yzaçekilme diýilýär" (Ö.Abdyllaýew). Aman Kekilowyñ "Söýgi" romanynda yzaçekilme giñden ulanylypdyr.

Çeper eserlerde wakalaryñ ösüş dowamynda gahrymanyñ öz edýän hereketleriniñ üsti bilen onuñ gylyk-häsiýetleri, dünýä garaýşy we başgalary-da

görkezilýär. Kä halatlarda ýazyjy diňe suratlandyrmak bilen däl-de, gönüden-göni öz adyndan gürrüň etmek bilen häsiýetlendirýär. Oňa häsiýetlendirme diýilýär. A.Gowşudowyň „Köpetdagyň eteginde“ romanynda Ýelliniň ýazyjynyň dilinden häsiýetlendirilişi. Beýle häsiýetlendirmek obrazyň janly bolmagyna oňaýsyz täsir edýär.

Bulardan başga-da ýazyjy baş gahrymanlara öz tarapyndan hem baha berýär. Muňa häsiýetlendirme diýilýär.

Çeper eseri ýazanda ýazyjy obraz döredýär, şol wagtda gahrymanyň diňe bir içki häsiýetini däl-de, onuň daşky keşbini, görnüşini hem suratlandyryp barýar. Beýle suratlandyrylma edebiýat ylmynda **portret diýilýär.** Portrete Ö.Abdyllaỳew şeỳle kesgitleme berỳär: «Gahrymanyň obrazyny döretmekde – gahrymanyň gylyk-häsiỳetini, duỳgusyny, oỳ-pikirini bir bütewi formada jemläp görkezmekde bolsa, portret esasy rol oỳnaỳar. Gahrymanyň  çeper eserlerde häsiỳet, duỳgy belli bir keşbiň – portretiň gabygyna girende, diňe şonda anyk duỳarlykly bolỳar, onuň estetiki emosional häsiỳeti-de şonda anyk duỳarlykly formada ỳüze çykỳar»[1]. Meselem, Mollanepesiň:

Gözleseň, jan alar gara gözleriň,
Ölini direlder şirin sözleriň,
Alma - ỳaňaklaryň, güler - ỳüzleriň,
Şirindir lebleriň miweden, gelin!

Kamatyň tubadyr, goỳnuňda nardyr,
Gerdeniň dutardyr, zülpleriň tardyr,
Jemalyň görmäge gözlerim zardyr,
Görsem gül ỳüzüňi sabadan, gelin![1]

diỳen setirlerinde gelniň gara gözleri, şirin sözi, alma - ỳaňaklar, gülüp duran nurana ỳüz, owadan tuba agajyna meňzeỳän kamat, dutaryň taryna meňzeỳän saç – zülp  - bu çeper portret.

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary.  Aşgabat,  “Magaryf”,  1958,  328-nji sah.

[1] Mollanepes. Goşgular ỳygyndysy. Capa taỳỳarlan A.Aşyrow. Aşgabat, «Miras», 2009,  63-nji sah.

Çeper eserde ýazyjy käwagt gahrymanlaryň duýgularyna, pikirlerine, hyýallaryna baglap, tebigat görnüşlerini hem suratlandyrýar. Munuň özi gahrymanlaryň nähili ýagdaýlarda nähili hereket edýändiklerini has anyklaşdyrýar. Eserde tebigat görnüşleriniň suratlandyrmagyna peýzaž diýilýär. (A.Kekilow).

Meselem, şahyr G.Ezizowyň «Türkmen sährasy» atly goşgusynda:

Gara bulut gelip, zemine çöker,
Al-asman gübürdäp, depregin kakar,
Daglardan sil akar, ỳene gün çykar,
Gyz-gelin doldurar reỳhan çölleri.

Ỳagyşy ỳaraşar ỳaỳlaň ỳazyna,
Gerçekler bendidir aşyk gyzyna...[2]

diỳen setirlerde türkmen sährasynyň tebigaty, keşbi metaforaly obrazly görnüşde suratlandyrylỳar.

Yzaçekilme, häsiýetlendirme, portret, peýzaž gös-göni sýužete girmeseler-de, olar eserdäki gahrymanlar arkaly sýužet bilen baglanyşýarlar. Gahrymanlar eserdäki sýužeti ösdürýän garşylyklary-da, syužete girmeýän elementleri-de özünde birleşdirýär[3].

Nazaryỳete bagyşlanan barlagdan mälim bolşy ýaly liriki eserlerde hem käwagt sýužet ulanylýar. Liriki sýužetde epiki obraz döredilmeýär. Lirikadaky sýužetler her hili liriki duýgulary oýatmak üçin hyzmat edýär. Gamly ýa-da joşgunly pikir-duýgy, ýa-da gowy görmek ýaly estetiki duýgulary bermek üçin hyzmat edýär (K.Jarymbetow). Mysal üçin A.Allanazarowyň "Okasym gelýän goşgular" atly şygyrlar ýygyndysynda atsyz berlen şu aşakdaky goşgusynda:

Gelin öýkeledi şol gün ýaryndan,
Ýigit sebäbine düşünip bilmedi,
Soňam gitdi işleriniň ugruna,

---

[2] Ezizow G. Saỳlanan eserler. Aşgaba,. «Bereket-Bina», 1995, 147-nji sah.

[3] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, "Magaryf", 1958, 67-nji sah.

Iki günläp, öýne gara salmady.

Üçünji gün geldi gijäň bir wagty,
Görse, gelin öýde ot-elek bolýar.
Aýna ýüzün goýýar, ýola seredip,
Şöhle deý süzülip geçäýjek bolýar.

Bir-de bolsa diňşirgenýär gapyny,
Ukudaky çagalaryna ser salyp.
Zowzuldap ýör otaglaryň içinde,
Bir zatlar äkiden-getiren bolup.

Öýe girdi, diýdi ilki körpeje,
Soňam gujaklady şatlygy bilen.
Diýdi ejesine derek jammyldap,
"Nirde bolduň, kaka, şunça günläp sen!"

Arkaýynlyk aralaşdy ojaga,
Alada sowuldy geliniň kalbyndan.
Çaý getirip gysmyljyrap oturdy,
"Garaşa-garaşa halys boldum men..."[1]

diýen setirlerde gysgaça sýužet bar. Goşguda gahrymanlaryň maşgala ojagynda bolup geçen çaknyşyklary içki duýgy arkaly beýan edilýär. Gysgaça sýužet arkaly liriki gahrymanyň içki duýgulary, ruhy halatlary, kalbynda bolup geçýän hasratlar, ýagny adamsynyň özünden öýkeläp gidendigine, onuň aýlanyp gelmegine aỳalynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýandygy hakyndaky içki duýgulary şahyr tarapyndan ussatlarça suratlandyrylýar. Sýužet bu goşguda liriki duýgulary oýarýar, maşgalanyň eziz ekenligi baradaky pikirleri emosional görnüşde beỳan edilỳär.

---

[1] Allanazarow A. Okasym gelýän goşgular. Aşgabat, "TDKR", 2006, 132-nji sah.

Liriki eserlerde sỳužet meselesi babatda özbek edebiỳatçysy Ummat Tuỳçiỳew şeỳle ỳazỳar: «Sỳužet liriki žanrda hem zaman we sreda meselesi diỳmekdir, zaman we sreda meselesi bolsa suratlandyrylyş jaỳy - ỳagdaỳ, wagt hem-de göwrüm bilen baglanyşyklydyr. Sỳužet lirik eserleriň hem mazmun, hem şekil häsiỳetine eỳe bolan elementlerden biridir»[1]. Şonuň üçinem, lirik sỳužetde mazmun duỳgynyň häsiỳeti, onuň zaman we sredasyna görä obỳektiw gatnaşygyna bagly bolỳar. Şeỳlelikde edebiỳat nazaryỳetine bagyşlanan barlaglardan mälim bolşy ỳaly lirik gahrymanyň hyỳaly, pikirlei, içki duỳgulary ruhy ỳagdaỳyna bagly görnüşde beỳan edilỳän subỳektiň ruhy hereketi liriki eseriň sỳužetini ỳüze çykarỳar.

Çeper eserde sýužetiň ösmeginde konfilikt (gapma-garşylyk, çaknyşyklar) ähmiýetli rol oýnaýar. Şonuň üçinem belli türkmen tankytçysy J.Allakow konfilkt hakynda şeýle pikir ýöredýär. "Garşylyk, göreş-durmuşyň, ýaşaýşyň düýp özenidir. Şol garşylyklaryň göreşi-de tebigatyň, adamzat durmuşynyň bolsany emele getirýär. Öz materiallaryny durmuş hakykatyndan susup alýan sungatyň, çeper döredijiligiň hem garşylyk, başgaça söz bilen aýdanymyzda, konfilikt ýüregi, gan damarlary bolup durýar. Konfilikt gahrymanlaryň obrazlaryny janlandyrýar, olary aýgytly göreşe, garşylyklary ýeňip geçmeklige hyjuwlandyrýar, sýužeti herekete getirýär"[2]. Hakykatdan-da sýužeti ösdürýän esasy zat bu konfiliktdir. Mysal üçin, B.Kerbabaýewiň "Gaýgysyz Atabaý" romanynda patyşa goşunyň öňki ştab kapitany Seýitmyrat Öwezbaýewiň häsiýetini ynandyryjy görkezmegiň hötdesinden gelipdir. Ýazyjy öz gahrymanynyň indiwidual aýratynlygyna, naturasyna çuň aralaşmak bilen öz gahrymanynyň häsiýetindäki potensial mümkinçiliklerini açyp berýär. Onuň geljekki aýgytly ädimine esas taýýarlaýar. Öwezbäýew öz halkyny, öz watanyny tüýs ýürekden söýýär. Şu häsiýeti hem onuň razwetka bilen çapraz düşmegine Oraz serdar bilen arasynda ýiti garşylygyň, konfiliktiň döremegine sebäp bolýar. Şol ýerde-de sýužet herekete gelýär. Ýa-da

---

[1] Tuỳçiỳew U. Adabiỳ tur we žanrlar. 3 tomluk, 2 tom. Toşkent, «Fan», 1992, 27-nji sah.

[2] Allakow J. Döwür we gahryman. Aşgabat, 1988, 15-nji sah.

bolmasa Aman Kekilowyň “Söýgi” romanynda durmuş wakalary bilen baglanyşykly hem-de gahrymanlaryň ruhy dünýälerinde bolup geçýän içki garşylyklar hem sýužetiň ösmegine uly itergi beripdir.

**Liriki eserlerde hem konfilikt bolýar.** Emma epiki we drama eserlerindäki ýaly wakanyň nobatma-nobat ösmegi arkaly, ýagny sýužetiň ösmegi arkaly göze düşýär, ol köplenç, liriki gahryman bilen daşky sreda durmuş arasyndaky gapma-garşylyklar, çaknyşyklar arkaly görünýär. Mysal üçin, Magtymgulynyň “Döke başlady” atly goşgusynda liriki gahryman özüniň durmuşynda feodal baýlaryň zulumyndan nalaýar. agalaryň nalyşy, daglaryň ýemrilmegi bilen deňleşdirilýär. Zalym begleriň ýurdy bir ýandan ýyka başlamagy we başga-da horluklar liriki gahrymanyň öz ýaşan zamanyna, jemgyýetine, durmuşyna närazylygyny geirip çykarýar. Olaryň arasynda konfilikt göze düşýär. Muny liriki konfilkt diýip atlandyrmak mümkin.

Çeper eserdäki gahrymanlaryň arasynda şahsy mesele bilen baglanyşykly ýüze çykýan konfilkt intriga diýip atlandyrylýar.

Çeper eserde iki sany sosial toparyň ýa-da adamlaryň belli-belli köpçülikleýin toparlarynyň arasynda döreýän, ösýän konfilkte kolliziýa diýilýär.

Edebiýat taryhyna nazar salanymyzda 1940-njy ýylaryň ahyry we 1950-nji ýyllaryň başlarynda “konfiliktsizlik teoriýasy” diýen akymyň bolandygyny bilýäris. Bu tendensiýanyň esasy maksady işçi-daýhan, intelegent ählisi deň hukukly bolandan soň olar arasynda antogonistik gapma-garşylyklar, çaknyşyklar bolmandyr. Şonuň üçinem çeper eserde-de ýiti garşylyklar şöhlelendirilmeli däl diýen düşünje peýda bolýar. “Konfiliktsizlik teoriýasynyň” şeýle esassyz düşünjelerini türkmen ýazyjylary hem özleriniň çeper eserlerinde nazara alyp galam ýüwürdipdir, Emma Nazaryýetçileriň dogry belleýişleri ýaly “Konfiliktsizlik teoriýasy” edebiýatyň, şonuň içinde sýužetiň çeperçiliginiň hununy pese düşürip, personažlaryň obrazlaryny örän sadalaşdyrýar, ýönekeýleşdýar. Şonuň üçinem “Konfiliktsizlik teoriýasy” XX asyryň 50-njy ýyllarynyň ortalaryna gelip, özüniň täsirini ýitiripdir.

## Kompozisiýa hakynda düşünje.

Çeper eserdäki bölekler, obrazlar we çeper suratlanmalaryň belli bir ideýa maksada hyzmat edýän terminde ýerleşdirilmegi, olaryň suratlandyrylmagyndaky ölçegi we üstünligi kompozisiýa diýip atlandyrylýar. Kompozisiýa esasy çeper gurallardan biri bolup, ol ýazyjynyň ideýa-maksady esasynda saýlap alynan durmuş waka-hadysalaryny suratlandyrmaga, personažlaryň özara gatnaşyklaryny nobatma-nobat beýan etmäge hyzmat edýär. Eger çeper eserde ýazyjynyň maksady, ideýa pozisiýasy nobatlaýyn hem-de anyk bolmasa kompozisiýa gowşak bolýar. Şonuň üçin çeper eserdäki her bir detal, epizod ýa-da çeper gural hemişe bir zada hyzmat edýär, biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolýar. Aýratyn hem çeper eseriň kompozisiýasynda materiallaryň nobatlaýyn ýerleşdirilmegi möhüm ähmiýete eýedir. Çeper eserde materiallaryň nobatlaýyn tertip bilen ýerleşdirilmeginden başga-da, olaryň göwrümine-de uly ähmiýet berilmelidir. Çeper eserde käbir materiallar esasy, käbirleri bolsa ikinji derejeli meýilnamada suratlandyrylýar, käbir obrazlaryň daşky keşbi, pikir-duýgulary, ýaşaýyş şertleri giňişleýin suratlandyrylsa, käbirleri bolsa gysgaça şöhlelendirilýär. Epiki eserlerde materiallary bölümlere bölmek prinsipi möhüm orny eýeleýär. Birnäçe epik eserler bölümlere, bölümler bolsa öz nobatynda ýene-de kiçijik bölümlere bölünýär. Ýazyjy materialy bölümlere bölmekde belli bir maksady nazara alýar. Çeper eseri bölümlere bölmek meselesi awtoryň durmuş hadysalaryny şöhlelendirmek häsiýetine, eseriň žanr häsiýeti we onda öňe sürülýän problema, ýazyjynyň çeper ussatlygyna bagly bolýar.

Liriki eserlerde hem kompozisiýa bolýar. Emma olaryň kompozisiýasy aýratynlyklara eýedir. Sebäbi liriki eserlerde wakalaryň ýerleşdirilmegi berilmän, eýsem, duýgular dünýäsini, ruhy halatlary, joşgunly dünýäniň ýerleşdirilmegi berilýär. Liriki eserlerdäki kompozisiỳa hakynda özbek edebiỳatçysy J.Kamalow şeỳle ỳazỳar: «Lirik eserde kompozisiỳa döredijiniň üns merkeziniň, onuň öňünde duran çeper wezipäniň anyklygy, şoňa görä eserdäki bölümler we obrazlaryň jaỳlaşdyrylyşy hem-de döredij tarapyndan şol merkeze we çeper wezipä görä suratlandyryş ölçegine hem-de onuň laỳyklygyna ykrar bolmakdan ybarat»[1].

---

[1] Kamalow J. Lirik şeriỳatda kompozisiỳa. Kandidatlyk dissertasiỳa. Toşkent, 1970, 28-jni sah.

Ỳokardada belläp geçişimiz ỳaly kompozisiỳa eseriň gurluşy bilen bagly, onuň komponentlerine bagly bolan hadysadyr. Kompozisiỳa – eseriň gurluşy, onuň düzümindäki bölekleriň jaỳlaşdyrylyşy, wakalary beỳan etmegiň tertibi – esasy çeper gurallardan biri bolup, ỳazyjy arkaly eserde gatnaşỳan adamlary häsiỳetlendirỳär, özüni gyzyklandyrỳan durmuş wakalaryny özüçe suratlandyrỳar. Şeỳlelikde liriki eserde kompozisiỳa liriki görnüşiň kanunlaryna laỳyklaşdyrylan halda düzülỳär. Edebiỳatçylaryň bellemeklerine görä liriki kompozisiỳa öz öňüne sokial gözlegi, poetik ideỳanyň durmuş sutuasiỳasyna esaslanandyrylmagyny, kompozision şekiliň içki kanunyỳetlerine esaslanandygyny, liriki eserde şekil we mazmunyň birligini, liriki duỳgynyň beỳan ediliş şekliniň görnüşleri ỳaly talaplary özüniň öňüne wezipe edip goỳỳar.

Topragyň üstünden ömürler geçỳär.
Goỳup soňky açyşlaryň tohumyn.
Şol tohumlar sende ỳokmy ỳa-da bar?
Ine, etgin şu sowalyň wehimin.

Seň aỳdan pikiriň aňyrdan gelse,
Aşakdan gelşi deỳ tämiz çeşmäniň,
Derỳadan geçjege bir köpri bolsa, -
Serişdesi bolsa, münüp-düşmäniň.

Öten doslaryňy örtenip ỳatla,
Ỳaşap ỳörenleri söỳmegiň üçin.
Köňlüňi pes tutup, güỳz kimin ỳaşa,
Ertäň aladasyn duỳmagyň üçin.

Uçỳar hyỳal guşy ganatyn ỳaỳyp,
Bar sary töwerek şeỳle ajaỳyp[1]

---

[1] Ezizow G. Saỳlanan eserler. Aşgabat, «Bereket-bina», 1995, 255-nji sah.

Gurbannazar Ezizowyň «Güýz» (sonetler çemeni) atly goşgusyndan alnan bu setirlerde ähli kapyýalar juda owazly bolup, olar a – b – a – b , w – g – w – g, d – e – d – e – d, j – j görnüşinde kapyýalaşýarlar. Onda mazmun bentlerara belli bir yzygiderlilik bilen beýan edilýär. Goşgynyň içki kompozisiýasyna görä onuň her bendi özbaşdak goşgy görnüşinde, ýagny dört setirli bir bent hökmünde ulanmaga bolýar. Emma goşgynyň birinji bendinde mazmunyň ähmiýeti, ýagny ene topragyň üstünde ýaşaýşyň bardygy, şol ýaşaýyň dowamynda adamyň öz ömründe gowy gylyk-häsiýetleri bilen yzynda at galdyrmak gerekdigi hakyndaky pelsepeli pikirler beýan edilýär. Liriki gahryman ritoriki sorag arkaly şu barlyk – älemde öz durmuşyňda näme işleri amala aşyrdyň, gelejege nämeleri serpaý etjek – diýen içki duýgularyny şöhlelendirýär. Goşgynyň ikinji bendinde pikirler parallelizm usulynda ösdürilip, ýokary nokada göterilýär. Ýagny «pikir, çeşme, köpri» ýaly detallar parallel görnüşde ulanylyp, liriki gahrymanyň pelsepeli içki duýgy – pikirlerini emosional görnüşde şohlelenmeginde uly çeperçilik hyzmaty ýerine ýetirip dur.

Üçünji bentde meseläniň çözgüdi berlipdir. Ýagny, bu dünýäde özüň bilen bile ýaşan doslaryňy hemişe ýatlamalydyny, şonda beýleki adamlar hem şeýle däbi dowam ederler, Köňlüňi pes tutup, güýz paslyna meňzäp dana bolup ýaşa şonda sen ertirki günüň üçin at galdyrarsyň – diýen pikirler deňeşdirme usulda suratlandyrylýar. Sebäbi güýz pasly adamyň ýaşynyň garrylykdan öňki, akylynyň durlaşan wagty bilen deňeşdirilýär.

Soňky iki setirde bolsa pikir jemlenýär. Ýagny liriki gahryman bu dünýä barlykda ýaşap ýörenine begenýär, ýaşaýan tebigatyň asudalygyna, ajaýyplygyna guwanýar, şeýlelikde öz duýgusynyň ruhy halaty obrazly suratlandyrylýar.

Şeýlelikde, şahyr lirik kompozisiýanyň esasy talaplaryndan biri bolan wajyp sosial ýagdaýy we manyly mazmyny saýlap bilmegi başarypdyr. Goşgudaky özüne mahsus kompozision gurluş lirik sýužetiň elementleri bolan «baglanyş – duýgynyň ösüşi – kulminasiýa – çözlüş» e laýyk gelýär we elementlerdäki sazlaşyk goşgy sýužetiniň hem şekil, hem mazmun hadysasy ekenligini subut edýär.

## Soraglar we ýumuşlar.

**1.**Çeper eseriň sýužeti diýende nämä düşünýärsiňiz?

2.Sýužetiň esasy elementlerini aýdyp beriň ?

3.Kompozisiýa näme?

4.Liriki eserlerdäki kompozisiýa bilen epiki eserlerdäki kompozisiýanyň tapawudyny mysallar bilen getirip aýdyp beriň?

5.Konfilikt näme? Çeper eserdäki konfiliktiň ähmiýeti näme?

## Edebiýatlar.

**1.**Abdyllaỳew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat. "Magaryf". 1985.

2.Adabiýot nazariýasi dasturi. Uzbekiston Respublikasi talim ýazirligi. Toşkent, 1999.

3.Allanazarow A. Okasym gelýän goşgular. Aşgabat. 2006.

4.Kollektiw Adabiýot nazariýasi. II tom. Toşkent, "Fan". 1978. 1979.

5.Žarimbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar. Nökis, "Karakalpakstan" 2012

6. Kamalow J. Lirik şeriỳatda kompozisiỳa. Kandidatlyk dissertasiỳa. Toşkent, 1970.

7.Tuỳçiỳew U. Adabiỳ tur wa žanrlar. 3 tomluk, 2 tom. Toşkent, «Fan». 1992.

8.Ezizow G. Saỳlanan eserler. Aşgabat. «Bereket-bina». 1995.

## Ýedinji tema

## Edebi žanrlar we görnüşler

**Meýilnama:**

1.Edebi žanrlar we görnüşler hakynda umumy maglumat.

2.Epiki žanr hakynda düşünje.

3.Epos we onuň görnüşleri.

4.Roman žanry.

**Daýanç düşünjeleri:** çeper eseriň žanrlara bölünmegi, olaryň özüne mahsus häsiýetleri. Häzirki zaman türkmen edebiýatynda proza žanrynyň ösüşi.

Edebi (çeper) eser belli bir taryhy waka, wakany saýlap almagyň prinsipi, waka bolan gatnaşyk, ýagny belli bir dünýä garaýyş we döredijilik metodyň beýanydyr. Şonuň üçin hem çeper eseri öwrenmekde mazmun we şekiliň ähli taraplary, ideýa-mowzugyň esaslary, häsiýetleriň giňligi, eseriň sýužeti we kompozision gurluşy, dili hem-de geçmiş edebi däpleri bilen baglanyşygy anyklanýar. Çeper eser jemgyýetiň we ýazyjynyň durmuşyndaky belli bir döwrüniň önümi hasaplanýar. Çeper eserler biri-birine meňzeş bolmagy mümkin. Bu meňzeşlik her hili taryhy territoryýanyň meňzeşligi bilen bahalanýar hem-de bu meňzeşlik kompozisiýada göze düşýär. Emma çeper eseriň görnüşleri kompozision gurluşy jähtden biri-birinden aratapawutlanýar. Sebäbi edebi görnüşler suratlandyrylýan prinsipi, wakanyň masştaby we beýan ediş usuly, obrazlaryň häsiýetini açmaklygyň mümkinçilikleri bilen bellenilýär. Durmuş materialyny suratlandyryş häsiýeti, çeper eseriň esasynda durýan konfilikt we onuň çözülişi, eserde wakalaryň beýanynyň kim tarapyndan alyp barylýandygyna seredip çeper eserler üç žanra bölünýär.

**1.Epik eserler.**

**2.Liriki eserler.**

**3.Drama eserler.**

„Žanr” fransuz sözi bolup, ol türkmen dilinde hil görnüş diýen manyny aňladýar. Žanr çeper söz sungatynyň ösüşiniň dowamynda kämilleşen görnüşler bolup hasaplanýar. Edebi žanr ýa-da görnüş diýenimizde estetiki duýgular bermegiň usullary, çeper suratlandyryş şertler, mowzuk, mazmun häsiýetler, biri-birine meňzeş ýa-da örän ýakyn bolan eserleriň toparyna aýdylýar.

Bu durmuş hakykatlygyny çeper suratlandyrmagyň dowamynda ýazyjy-şahyr maksat - niýet eden ideýalaryny bermegiň usullarynyň biridir (K.Jarymbetow). Eger ýazyjy durmuşdan alan wakasyna giňişleýin, ýagny giň masştably, sýužetli beýan etmegi suratlandyrmakçy bolsa onda ol epiki žanry saýlap alýar. Eger galamkeş özüniň aýtjak bolýan ideýasyny içki duýgulary, ruhy halatlaryny emosional täsirli şekilde bermekçi bolýan bolsa onda ilriki žanry saýlap alýar. Eger-de ýazyjy özüniň suratlandyrmakçy bolýan wakalaryny köplenç hereket arkaly bermekçi bolsa, onda ol drama žanryny saýlap laýar.

Şeýle-de bolsa çeper edebiýatda käbir eserleri žanr boýunça ýa liriki ýada epiki (epos) ýa-da bolmasa drama žanryna goşup bolmaýar. Mysal üçin, poema, ballada žanrlaryndaky eserler özünde liriki we epiki häsiýetleri jemleýär. Meselem, K.Gurbannepesowyň „Aýal bagşy”, „Ýürek poemasy” atly poemalarynda liriki duýgular bilen birlikde epiki wakalar hem beýan edilýär. Eser liro - epiki häsiýetde suratlandyrylýar.

Emma şeỳle-de bolsa, türlmen edebiỳatynda žanr tarmininiň ulanylyşynda birligiň ỳoklugy mälim. Belli nazayỳetçi A.Kekilow «Edebi žanrlar we edebi metod» (Aşgabat, 1979) atly işinde « Edebi eserler esasy üç topara bölünỳär: epos, lirika, drama. Olary aňladỳan termin hökmünde «kysym» sözüni almak gerek. Mysal üçin, çeper edebiỳatyň, epiki kysymy, çeper edebiỳatyň liriki kysymy, çeper edebiỳatyň drama kysymy…

…Eger «kysym» sözi bilen edebi eserleriň esasy üç toparyny eposy, lirikany hem-de dramany atlandyrsak, «žanr» sözi bilen şol toparlaryň ähli görnüşlerini atlandyrmak gerek. Şeỳle bolanda, «žanr» sözüniň manysy örän giňelỳär, ol edebi

eserleriň görnüşlerini aňladỳan aktiw termin bolup durỳar»[1] – diỳip plkirlerini öňe sürỳär. J.Allakow[2] hem alymyň bu pikirlerini goldaỳar.

Belli edebiỳatçy A.Bekmyradow bolsa, «…häzirki wagta çenli türkmen edebiỳaty öwreniş ylmynda «žanr» termininiň ulanylyşynda belli bir prinsip saklanmaỳar. Birbada birnäçe düşünjäniň şu termin bilen aňladylỳan wagtlary seỳrek däl. Mysal üçin, şygyr senedine «poeziỳa žanry» diỳilỳär. Gönüden-göni şygyrỳete degişli bolan poema hem «poema žanry» diỳlip atlandyrylỳar. Bu bolsa belli bir derejede okyjyny alasarmyk ỳagdaỳa salỳar. Şeỳle ỳagdaỳdan çykmak üçin belli bir prinsipe gelinse ỳagşy. Biziň pikirimizçe, edebi döredijilik klassifikasiỳa bölünende, ilki bilen «görnüş» termini ulansa kem boljak däl. Şu görnüşleriň içinde bolan bölünişige žanr termini has gowy gelişỳär. Aỳdaly, goşuk žanry, rubaỳy žanrym tỳug žanry…»[1] – diỳip özüniň pikirlerini öňe sürse, edebiỳatçy Muhammetguly Amansähedow onuň pikirlerini inkär edỳär hem-de «…biziň üçin professor Ö.Abdyllaỳewiň «Edebiỳat teoriỳasynyň esaslaryndaky»…durmuşy çeper suratlandyrmagyň liriki, epiki, drama we liro-epiki formalaryny žanrlar diỳip, olaryň öz içindäki görnüşlerini bolsa, görnüş (epos žanrlarynyň görnüşleri, liriki žanryň görnüşleri, drama we ş.m.) diỳip» atlandyrmagy has göwnejaỳ bolup görünỳär»[2] – diỳip Ö.Abdyllaỳewiň nazary pikirlerini goldaỳar.

Türki halklar, şonuň içinde özbek, garagalpak edebiỳatşynaslyk ylmynda «adabiỳ tur wa žanrlar», «ädebiỳ tür häm žanrlar» ỳagny, «edebi görnüş we žanrlar» diỳip atlandyrylỳar.

---

[1] Kekilow A. Edebi žanrlar we edebi metod. Aşgabat, «Ylym», 1979, 35-nji sah.

[2] Allakow J. Edebiỳat ylmyna giriş. – Aşgabat, «Magaryf», 1992, 349-njy sah.

[1] Bekmyradow A. Magtymgulynyň poeziỳasynda şahyrana däp we täzeçillik gőzlegleri. – Aşgabat, «Ylym», 1989, 10-njy sah.

[2] Amansähedow M. Şygyr sungaty we şahyrana şahsyỳet. Aşgabat, «Ruh», 2000, 16-17-nji sah.

# EPOS

„Edebiýat ylmynda epos termini iki hili manyny aňladýar. Birinjiden, epos diýlende, halkyň durmuşynyň belli bir döwürde uly taryhy ähmiýete eýe bolan wakany giň masştabda beýan edýän halk döredijiliginiň eserleri göz öňünde tutulsa, ikinjiden, gahrymanlaryň häsiýetini ideýasyny durmuş wakasyny hadysalary bilen baglylykda yzygider beýan edip, suratlandyryp görkezmek bilen aýdyňlaşdyrýan eserlere epos ýa-da epiki eserler diýilýär”- diýen pikirleri öňe süren türkmen nazaryýetisi Ö.Abdyllaýew[1] edebiýat teoriýasynda epos termini ikinji manysynda ulanylýar diýip belleýär. Şeýlelikde, epos-edebiýatyň üç görnüşiniň biri bolup, onda waka we oňa gatnaşýan adamlary çeper şöhlelendirip, suratlandyryp berýän eserleriň görnüşidir. Bu žanrdaky eserde sýužet bolup, wakany suratlandyryş giň masştabda beýan edilip, suratlandyrylýan wakalara awtoryň özi gönüden-göni gatnaşmaýar, emma olary daşyndan beýan edýär, onda awtoryň roly (hyzmaty) göze görünmeýär, awtorlar wakalardan özlerini bölek tutýar, diňe beýan ediji (gürrüň beriji, gürrüňçi) hökmünde göze düşýär. Epiki eserleriň ikinji bir häsiýeti-sýužetiň ösüşiniň dowamynda personažlaryň aragatnaşyklarynda konfiliktiň ösmegi we onuň personažlaryň ýeke (indiwidual) häsiýetlerini kämilleşdirýär.

Suratlandyrylýan wakalaryň göwrümine wagtyň uzaklygy-gysgalygyna baglanyşykly eposyň uly, orta we kiçi görnüşleri kämilleşipdir. Uly şekiline epopeýalar, gahrymançylykly dessanlar, romanlar degişlidir.

Epopeýa termini suratlandyrylýan wakalary göwrümi boýunça örän uly we çylşyrymly, suratlandyrylýan wagty uzak, durmuşyň her hili taraplaryny giňişleýin gurşap alan eserleriň toparlaryny bellemek üçin ulanylýar. Ö.Abdyllaýew: “Epopeýa hem epiki žanryň romana ýakyn görnüşidir. Ol halkyň durmuşynda bolan has möhüm taryhy ähmiýetli wakany giňden suratlandyrýan iň uly epiki formadyr”[2] –diýip belleýär. Muňa mysal edip, B.Kerbabaýeiň “Aýgytly ädim” epopeýasyny mysal getirmek bolar.

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 255-nji sah.

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 267-nji sah.

Roman durmuşy, jemgyýetçilik hadysalary, ýeke ykballary, wakalary giň möçberde, tutuş sýužetiň içinde suratlandyrýan eserdir. Roman žanry özüniň öňe sürýän meseleleri, durmuşy giňişleýin suratlandyrmagy jähtden hem birnäçe gürrüň we powestleriň wezipesini bir eseriň möçberinde ýerine ýetirilip bilýär. Şonuň üçin hem roman žanry başga žanrlara sereden-de örän çylşyrymly we aralaş görnüşde bolup, birnäçe žanrlaryň häsiýetlerini özüne siňdirýän sintetik görnüşe eýe. Şeýle häsiýetleri bilen-de ol realistik edebiýatyň, umuman her hili milli edebiýatyň kämilleşen žanry bolup hasaplanýar. (K.Jarymbetow). Romanda durmuşyň töwerekleýin alnan giň uçastogy, obrazy giňden suratlandydylýar (Ö.Abdyllaýew). Roman žanry türkmen edebiýatynda XX asyryň 20-nji ýyllarynda peýda bolýar. Ilkinji türkmen romanlaryny döretmekde B.Kerbabaýewiň, A.Gowşudowyň , B.Seýtäkowyň, A.Kekilowyň we başgalaryň hyzmaty uly. Roman žanrynyň peýda bolmagy we ösmegi hakynda B.Ussaýewiň “Roman we ussatlyk”, J.Allakowyň ”Döwür we gahryman”, Ö.Abdyllaýewyň “Edebiýatyň keşbi-durmuşyň keşbi” atly barlaglary bar.

**Powest** – “Epiki žanryň hekaýa bilen romanyň aralygynda duran görnüşidir. Powestde hekaýa garanda suratlandyrylýan wakalar we şonuň bilen baglylykda gahrymanlaryň häsiýetiniň açylýan taraplary köp bolýar, romandaka garanda bolsa azrak bolýar. Şonuň üçin powestiň möçberi-de köplenç hekaýadan uly, romandan kiçi bolýar”, diýip, Ö.Abdyllaýewiň belleýşi ýaly romanda ençeme taryhy döwrüň mazmuny birnäçe wakalar we birnäçe gahrymanlaryň obrazy arkaly açyp berilse, powestde bolsa şolaryň bir bölegi giňişleýin şöhlelendirmegi-de mümkin. Şonuň üçin hem nazaryýetiler powestde esasy mesele onuň möçberinde ýa-da haýsy bir žanryň görnüşine degişlidigine seretmezden, çeper eseriň şol žanr şekilini nähili ýerine ýetirip bilmeginde hem-de ýazyjynyň ussatlygyna bagly bolýar diýip belleýärler.

Powest žanry türkmen edebiýatynda XX asyryň 20-nji ýyllaryndan soň kämilleşýär. Iň ilkinji powestleriň hatarynda B.Kerbäbäýewiň “Aýsoltan”,

N.Saryhanowyň “Şükür bagşy”, A.Durdyýewiň “Bagtly ýigit” we başga-da birnäçe powestlerini agzap geçmek bolar.

**Hekaýa** – wakany gysga we ykjam görnüşde suratlandyrýan epiki žanryň kiçi görnüşidir. Hekaýada sýužet köplenç bir gahrymanyň töwereginde jemlenen bolup, Sýužetiň esasynda ýatýan konfilikt kulminasiýa ýakynlaşyberende, birden ýitileşmän, ösmän, baglanyşdan başlap, kem-kemden ýaýbaňlanýar. Türkmen edebiýatynda A.Durdyýewiň “Bally molla”, A.Gowşudowyň “Gandym awçynyň maşgalasy”, “Azaşan yzyny tapdy” we başga-da birnäçe hekaýalary ýatlap geçmek bolar.

**Nowella**-italiýan dilinden alnan bolup, türkmeçe “täzelik” diýen manyny aňladýar. Nowellada gahrymanyň ömründe bolup geçen ýiti bir wakalary gysga, çeper psihologiki usulda suratlandyrýan kiçi epiki žanryň bir görnüşidir. Nazaryỳetçileriň bellemeklerine görä nowella özüniň žanr belgilerine eýe ýagny, bir gahrymanyň başyndan geçiren wakasy gysga, ykjam suratlandyrylýar, sýužet garaşylmadyk ýerden başlanýar, personažlaryň sany örän çäklenen bolýar; eserde örän gysga wagtda köp ýyllyk wakalaryň mazmuny siňdirilýär. (K.Jarymbetow). Türkmen edebiýatynda N.Saryhanowyň ”Arzuw”, G.Gurmansähedowyň “Hezzetden soň” we başga-da nowellalar bar.

**Oçerk** - özüniň möçberi we suratlandyryş usullary jähtden hekaýa ýakyn görnüşidir. Oçerkde häzirki durmuşyň wakalary we gahrymanlary suratlandyrylýar. “Oçerkde käbir detallar bolaýmasa, gahrymanlar we olaryň durmuşy, işi ýazyjynyň fantaziýasy arkaly giňden tipikleşdirilmeýär-de, esasan durmuşdaky konkret bolşy ýaly beýan edilýär.” (Ö.Abdyllaýew)

Ö.Abdyllaýew türkmen edebiýatynda oçerk žanrynyň ylmy oçerk hem-de çeper oçerk diýen şekilleriniň bardygyny belleýär.

Çeper oçerkde çeper şertlilikler köp ulanylsa, ylmy oçerkde ylmy häsiýet güýçli bolýar. Türkmen edebiýatynda B.Kerbabaýewiň “Mollamurt”, N.Pommanyň “Wadasyna wepaly ýigit”, B.Gurbanowyň “Zähmet pälwany”, B.Öwezowyň “Bir paslyň taryhy” atly oçerkleri bar.

**Basnýa** – akyl bermek, nesihat mazmunyna eýe bolan satiriki usulda ýazylan eserdir. Basnýa köplenç allegoriki manyda ýazylỳar. Basnýada kiçi sýužet

ulanylýar, haýwanlar, guşlar, ösümlikler, käwagt personažlar hökmünde gatnaşýar. Basnýalar köplenç şygyr şekilinde, kä halatlarda bolsa proza görnüşinde-de ýazylýar.

Nazaryýetçileriň arasynda basnyýanyň haýsy görnüşe degişlidigi hakynda birnäçe garaýyşlar bar. Käbirleri basnýany sýužete gurulýandygyna we onuň ahyrynda getirilýän awtoryň akyl-nesihatyň aýdylmagyna esaslanyp ony liro-epika degişli diýýärler. Käbir edebiýatlarda bolsa basnýadaky sýužetiň ösmegine, konfiliktiň çözlüşine esaslanyp, ol diňe epik görnüşe degişli diýip hasaplanýar. Emma şeýle-de, köp edebiýatçylar ikinji pikiri goldaýarlar.

Ýewropada basnýa žanrynyň gelip çykyşy gadymy grek ýazyjysy Epozyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Ol öz basnýalaryny kyssada ýazypdyr. Fransuz şahyry Lafonten 17-nji asyrda bu žanrdaky eserleri bilen bütin dünýäde meşhurlyk gazanýar. Rus şygryýetinde 18-nji asyrda ýaşan Iwan Krylow Epozyň basnýalaryny şygyr diline geçirýär. Şondan soň bu žanr Russiýada has ýaýbaňlanýar[1].

Türkmen nazaryýetçisi R.Rejebow: «Basnýada her haýwan bir adam ahlagynyň simwoly bolup gelýär. Uzak asyrlaryň dowamynda haýwanlaryň häsiýetini synlamak esasynda olaryň her biri barada adamlaryň aňynda bir aýratynlyk döräpdir. Meselem, tilki – hilegär, towşan – gorkak, şir – mert, möjek – açgöz, şagal – ogry, it – wepaly we ş.m.’ bu häsiýetler adamlara-da mahsus häsiýetlerdir. Basnýanyň tankydy-satiriki häsiýeti-de şu ýerden gelip çykýar. Onda adamlaryň ýaramaz gylyklarynyň üstünden gülünýär, jemgyýetçilik durmuşyndaky ählitipik nogsanlar paş edilýär»[2] – diýip basnýanyň nazary kesgitlemesini öňe sürýär.

Türkmen edebiýatynda basnýanyň oňat nusgalary Enweriniň döredijiliginde duş gelýär. Şonuň üçinem, Enwerini ilkinji türkmen basnýaçylarynyň biri diýip hasaplaýarlar. Onuň «Çynar we kädi» basnýasy biziň günlerimize gelip ýetipdir. XX asyr türkmen edebiýatynda Ata Salyhyň, Nury Annagylyjyň, Aşyr Amanowyň,

---

[1] Mämmedow A. Şygyr duzluş görnüşleri. Aşgabat, 2010, 24-nji sah.

[2] Rejepow R. Liriki mazmun we şygyr sungaty. Aşgabat, 1968, 57-nji sah.

Beghan Ýagmyrowyň, Hudaýguly Allamyradowyň, Bäşim Çommadowyň, Ahmet Mämmedowyň birnäçe basnýalary okyjylara hödürlendi.

**Soraglar we ýumuşlar.**

1.Edebi žanrlar diýlende nämäni düşünýärsiňiz?

2.Epiki žanrlar we onuň özüne mahsus häsiýetlerini aýdyp beriň?

3.Epos žanrynyň görnüşlerine haýsylar degişli?

**Peýdalanan edebiýatlar.**


1.Abdyllaýew. Ö Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat. “Magaryf”. 1985.

2. Amansähedow M. Şygyr sungaty we şahyrana şahsyỳet. Aşgabat. «Ruh». 2000.

3.Bekmyradow A. Magtymgulynyň poeziỳasynda şahyrana däp we täzeçillik gözlegleri. – Aşgabat. «Ylym». 1989

4.Jarymbetow K. Ädebiyattaniwdan sabaklar. Nökis, “Karakalpakstan”, 2012.

5.Boboyew T. Adabiýotşunoslik asoslari. Toşkent:”Uzbekistoan”, 2002.

6.Sulton I. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, “Ukituwçi”,1980.

7.Hudaýberdiyew E. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”,1995.


**Sekizinji tema**

**Lirika žanry**

**Meýilnama:**

1.Lirikanyň termin hökmünde kämilleşmegi.

2.Edebiýatyň lirika žanry we onuň esasy häsiýetleri.

3.Lirikanyň tipologik bölünişi.

3.1.Meditatiw lirika-jemgyýetçilik we durmuşy mowzukdaky garaýyşlar, pikirler emosional (täsirli) duýgular arkaly beýan edýän žanr.

3.2.Yşky lirika ýa-da duýgy lirikasy- indiwidual duýgulary berýän žanr.

3.3.Peýzaž lirikasy ýa-da suratlandyryş lirikasy.

4.Lirikanyň mazmuny boýunça klassifikasiýasy: didaktik ýa-da akyl-nesihat goşgulary, söýgi goşgulary, oda, elegiýa, publisistik goşgular, pelsepe goşgulary, epigrammalar, ýumor we satiriki goşgular.

5.Lirikanyň şekili boýunça klassifikasiýasy: gazal, murabbag, rubaýy (rubagy), dörtlük, muhammes, muaşşak, ýa-da akrostih, liriki poema, sonet, oktawa, seksina, erkin goşgy (werlibr) we başgalar.

**Daýanç düşünjeleri:** lirika hakynda düşünje, lirikanyň tipologik bölünişi, meditatiw lirika, duýgy lirikasy, peýzaž goşgulary hakynda maglumat, lirikanyň şekil jähtden görnüşleri hakynda düşünje bermek.

Lirika termini gadymy grek dilinden alnan bolup, onuň manysy muzyka (saz) esbab (lira)ny aňladypdyr. Emma bu söz edebi termin hökmünde b.e.çenli III asyrdan başlap ellinizm döwürinde ulanylyp başlanypdyr. Soňra lirika termini antik grek edebiýaty bilen birlikde Rim edebiýatynda täze döwürde Günbatar Ýewropa edebiýatynda başlanypdyr. K.Jarymbetow lirikanyň XVIII-XIX asyrlarda rus edebiýatynda termin hökmünde kämilleşendigini belläp gelýär. Merkezi Aziýa halklarynyň edebiýatynda şonuň içinde türkmen edebiýatynda hem lirika termin hökmünde XX asyryň birinji ýarymynda kämilleşýär.

Şeýlelikde, lirika çeper edebiýatyň gadymy görnüşlerinden bolandygy sebäpli oňa degişli bolan žanrlar her hili atlandyrylypdyr. Sebäbi, lirika durmuşy işjeň görnüşde suratlandyrýar, bu aktiwlik onuň esaslarynda durýan durmuşy mazmunyň tiz özgermegi bilen bagly bolup, öz nobatynda žanrlaryň şekil belliklerine hem täsir edýär. Gadymy edebiýatçylar liriki žanrlary mazmun we şekil jähtden gaty çäklendirmeklige hereket edipdirler. Şonuň üçin hem Günbatar edebiýatlarynda özüne mahsus lirik žanrlar ýüze çykypdyr. Meselem: Günbatar edebiýatynda (soňra rus edebiýatynda hem) bir şahsa dosluk ýa-da yşky manyda bagyşlanan liriki eserler, taryhy şahsa bagyşlanan liriki goşgular - oda, kinaýaly goşgular, epigramma, birde-bir şahsyň ölümi bilen ýazylan goşgular - epitafiýa, ỳaly goşgulary, elegiýa we başga-da birnäçe žanrlara bölünipdir. Gündogar nusgawy lirikasy, gazal, rubagy, murabbag, muhammes, musaddas, muaşak, kita,

tuýug ỳaly birnäçe žanrlara bölünipdir. Bu žanrlaryň köpçüligi häzir-de poeziýada ulanylýar.

Lirika wakalary suratlandyrmaỳar, ol daşky sredanyň täsirinden ýüze çykan guwanç, şatlyk, gaýgy-gam ýa-da nalyş duýgularyny, ruhy duýgular bilen başdan geçiren wakalary, pikirleri emosional (täsirli) şekilde beýan edýär. Lirikada wakalar obýektiw suratlandyryş arkaly däl-de, eýsem şahyrlaryň subýektiw (ýeke) duýgulary arkaly öz çözgüdini tapýar.

Liriki eserlerde, esasan, şahyryň özüniň içki duýgulary berilýär, şonuň üçin käbir halatlarda şahyry liriki gahryman hökmünde käbul edýär, ýagny şahyr bilen liriki gahryman bir düşünilýär. Emma lirikada berilen duýgulary, ruhy halatlary diňe bir şahyryň ýeke durmuşyna bagly diýip düşünmek hem nädogrudyr. Şahyr özünden başgasynyň-da içki dünýäsine, ruhy halatyna ýakynlaşmak ukybyna eýe, "liriki men" arkaly köp adamlaryň içki dünýäsini, her hili duýgularyny, ruhy halatlaryny, kalbyndaky ýürek dertlerini bermek ukybyna eýe, ýagny talantyna eýe. Şonuň üçinem liriki gahryman - bu şahyryň özi däl-de, eýsem çeper obraz. Birnäçe nazaryỳetciler liriki eserdäki gahrymanlary iki topara bölmekligi teklip edýärler. Olaryň birinjisi subýektiw gahryman, ýagny, eseriň esasy personažy, ähli köňül (kalb) duýgulary subýektiw (liriki) gahrymanyň adyndan berilýär; obýektiw gahrymanlar, ýagny eserdäki liriki gahrymandan başga gatnaşyjylar. Obýektiw gahrymanlar liriki duýgulary, ruhy halatlary bermekde kömekçi hyzmatyny ýerine ýetirýär[1] – diỳip, garagalpak alymy K.Jarymbetow özüniň pikirlerini beỳan edỳär.

Türkmen edebiỳatçysy M.Amansähedow: ««Liriki gahryman» ỳa-da «liriki men» şahyryň lirikadaky hereket edỳän gahrymany, munda şahyr öz adyndan gürleỳär. Ỳöne şahyr bilen liriki gahrymanyň arasynda belli derejede baglanyşyk bolsa-da, onuň özi däldir. Şahyr bilen liriki gahrymanyň arasyndaky baglanyşyk-şygyrdaky duỳgy şahyryň özünden gözbaş alỳar. Aratapawut-umumy adamzada, döwre, zamana mahsus alamatlaryň siňdirilmegindedir.

Beỳle diỳildigi, liriki gahryman subỳektiw garaỳşyň we obỳektiw hakykatyň önümi diỳikdigidir.

---

[1] Jarymbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar. Nökis, "Karaqalpakstan", 2012, 25-nji sah.

Bu garaỳyş, umuman aỳdylanda, dogrudyr. Ỳöne bu liriki gahrymanly şygyrlar barada aỳdylanda dogrudyr...

Liriki gahryman – bu liriki eseriň gahrymany diỳmekdir. Başgaça aỳdanyňda, dramanyň gahrymanyny dramatik gahryman, prozanyň gahrymanyny prozaik gahryman diỳip atlandyran ỳalydyr.

...Lirikanyň gahrymany, dramanyň, prozanyň gahrymanlaryndan duỳguçyllygy, şahyranalygy, temperamenti, hyjuwlylygy bilen tapawutlanmaly» - diỳip, liriki gahryman hakynda pikir ỳöredỳär we liriki gahryman nähili bolmaly diỳeb sowala edebiỳatçy şeỳle jogap berỳär: «Birinjiden, lirikada şahyr öz adyndan gürläp, obraz döredilmelidir, ikinjiden, gahryman, obraz duỳguçyllygy, şahyranalygy, temperamenti, hyjuwlylygy bilen tapawutlanmalydyr, üçünjiden, liriki gahryman, obraz sahyryň adyndan sözleỳän hem bolsa, onuň ruhy ahwalaty, duỳgusy bir özüne degişli bolman, tipiki häsiỳetde ỳüze çykmalydyr» [1] – diỳen pikirleri öňe sürỳär.

Iki halk edebiỳatşynaslygynda liriki gahryman hakynda ỳokarda beỳan edilen pikirler tipologik häsiỳete eỳe.

Lirika içki duýgulary, ruhy halatlary şöhlelendirýänligi sebäpli gysga, ykjam bolmagy lazym. Egerde liriki eser göwrümi taýdan uly bolsa, onda ol okyjyny bezdirýär, onuň çeperçilik derejesi peselýär.

Lirikada epiki şekildäky ýaly sýužetler bolmaýar. Lirikada duş gelýän kiçijik sýužetler içki duýgulary oýarmak üçin, olara dürtgi bolmak üçin, olary daşary çykarmak üçin peýdalanylýar.

Nazaryỳetciler liriki eserleri estetiki häsiýetlerine, ýagny her hili duýgulary, ruhy halatlary, suratlandyryşyna, şöhlelendirýän mowzugyna, mazmunyna görä şertli görnüşde her hili toparlara bolup görkezýärler. Türkmen edebiýatynda belli edebiýatçy Ö.Abdyllaýew halk döredijiliginiň we ýazuwly edebiýatynyň liriki žanryndaky esasy görnüşleri diýip, aýdym, läle, hüwdi, monjugatdy, oda, elegiýa, agylar we ýönekeý liriki goşgulary belleýär. Lirikany mowzuk taýdan ýönekeý

[1] Amansähedow M. Şygyr sungaty we şahyrana şahsyỳet. Aşgabat, «Ruh», 2000, 39-njy sah.

liriki goşgular, watançylyk, syýasy, filosofik, didaktiki, zähmet, söýgi, peýzaž we ş.m. görkezýär[2].

Belli edebiýatçy R.Rejebowyň “Liriki mazmun we şygyr sungaty” atly kitabynda hem lirika ideýa-mowzuk, mazmun we şekil taýdan birnäçe görnüşlere bölüp görkezilýär. Türki halklar edebiýatynda, şonuň içinde türkmen edebiýatynda liriki eserleri mazmuny, mowzugy boýunça žanr görnüşlerine bölmek däbi bar. Mysal üçin, didaktik (öwüt-nesihat) lirikasy, söýgi lirikasy, elegiýa, publisistik lirika satiriki- ýumor lirika we başgalar. Lirikanyň ideýa-mowzuk, mazmun taýdan görnüşleriniň özüne mahsus häsiýetlerine seredip geçeliň.

Pikir-duýgy ýa-da meditatiwlik lirika. Bu hili lirikada jemgyýetçilik syýasy, sosial durmuşy, pelsepe, didaktiki mowzuklar gozgalýar, olar hakynda liriki gahrymanyň pikir-duýgulary emosional görnüşde berilýär. Meselem, Magtymgulynyň “Bu dünýä” atly goşgusy, meditatiwlik lirika. Munda liriki gahryman dünỳä hakynda içki duỳgularyny beỳan edỳär.

**Peýzaž lirikasy**. Lirikanyň bu görnüşinde adamy gurşap alýan tebigatyň, şäheriň, obanyň görnüşleri we.ş.m suratlandyrylýar. Peýzaž lirikasy okyjyda söýmegi, owadanlyga bolan höwes duýgularyny oýarýar. Türkmen edebiýatynda XX asyryň belli şahyry G.Ezizowyň döredijiliginde peýzaž lirikasy köp duş gelýär. Meselem:

Bag astynda göge garap ỳatyryn,
Düsek edip ỳaş maỳsaly topragy.
Barmaga göl ỳuwa sarap ỳatyryn
Men - dünỳäniň daragtynyň ỳapragy.

Unudỳan özümi. Unudỳan bada.
Ỳaşyl tebigata siňỳän-de gidỳän.
Baky tebigatda,
Baky dünỳäde,

---

[2] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat,. “Magaryf”, 1985, 270-nji sah.

Özümi gül, toprak, maỳsadyr öỳdỳän
Juda ir höwrükdim ỳaşyl baglara,
Sahranyň üstünden öwsen şat ỳele.
Şoň üçinem gussa batan çaglarym
Keselmi bejerỳän tebigat bile[1]

diỳen setirlerde tebigatyň gök maỳsaly topragy, dury – mawy asmany, keseliňi bejerỳän jana şypa beriji howasy – bularyň barysy peỳzaž suratlandyrmasy. Şonuň üçinem, liriki gahryman tebigat bile özüniň gam-gussasyny deň paỳlaşỳar. Goşguda tebigatyň jadylaỳjy keşbi okyjyda ömre, ỳaşaỳşa, tebigata, bu dünỳä, gelejege bolan uly höwesi döredỳär. Şeỳlelikde, liriki gahryman «Men - dünỳäniň daragtynyň ỳapragy» - diỳip, adamyň bu barlyk älemde daragtyň ỳapragyna meňzäp ösmelidigini, miwesine meňzäp önüp-ösmelidigini nygtaỳar.

**Didaktik** (öwüt-nesihat) lirikasy- akyl beriji nesihat mazmunyna eýe bolýar. Didaktik žanrdaky eserler sosial durmuşy, jemgyýetçilik sredany, jemgyýetçilik gatnaşyklary, şeýle hem ýeke adamyň gymyldy-hereketini, jemgyýetdäki ornuny, ynsanyň adamkärçilik keşbini etiki göz-garaýyşlardan, ýagny edep-ekramlylyk, adamkärçilik häsiýetleri, adamyň erkinliklerini, wezipelerini şöhlelendirýär. Bu öwüt-nesihat häsiỳetli goşgular türkmen nusgawy edebiýatynda giňden ýaýrapdyr. Mysal üçin Magtymgulynyň:

Yzzat, hormat, syn etmegin
Görüm göülmegin erde;
Akyl bolsaň söz aỳtmagyn
Nobat berilmegen ỳerde.

«Görüm görülmegen ỳerde»

diỳen setirlerinde ahlaky ündewleri, ỳagny, nobat berilmedik ỳerde kän gürlemeli däldigini öwüt-nesihat edýär .

---

[1] Ezizow G. Saỳlanan eserler. Aşgabat, «Bereket-Bina», 1995, 147-nji sah.

XX asyr türkmen edebiỳatynda hem şeỳle mazmundaky goşgular kän döredilỳär. Mysal üçin, A.Mämmedowyň “Gowy gylyklar” atly bentlikler goşgusynda :

“Dogry diý!” diýse biri, bir bada “dogry!” diýmegil:
“Egri diý!” diýse biri, her zada “Egri!” diýmegil.
Oýlan-ölçer, geçir aňdan, soň garaýşyň mälim et,
Her niçik, soň ahmyr eýläp, wyždan tagamyn iýmegil![1]

diýen bentlerde akyl-nesihat sözleri okyjyny terbiýä çagyryp, öwüt-ündew berỳär.

Bu hili goşgulary A.Mämmedow özi «Öwüt» diỳip atlandyryp, şeỳle ỳazỳar: «Öwüt eserlerinde adamyň häsiýetleriniň hemmetaraplaýyn gözel bolmalydygy nygtalýar. Kyssa eserlerinde şeýle şahsyşetler hekaýa arkaly (“Syýasatnama”, “Kowusnama”, “Hatamnama”) suratlandyrylyp görkezilýär. Beýle eserlere poeziýada “Didaktiki goşgular” hem diýilýär. R.Rejebow: “Şahyrlaryň özi olara öwüt diýip at goýupdyr” diýip belleýär. Emma bu hili şygyr şygryýetiň özbaşdak bir žanry (görnüşi) däl-de, diňe tema ulgamlarynyň biridir»[1].

**Publisistik lirika.** Çeper edebiýatyň ýa-da žurnalistikanyň bir žanry bolup hasaplanýar. Publisistika häzirki günüň ähmiýetli syýasy, ykdysady, sosila-medeni we başga-da meselelerini şöhlelendirýär. Publisistikanyň konsepsiýasyny, talaplaryny hasaba almak, ähmiýetli täze ideýalary, wakalary jemgyýetçilik mazmuna eýe bolan günüň täzeliklerini okyjylar köpçüligine ýetirmekligi göz öňünde tutulýar.

Lirikada köplenç halatlarda publisistik pafos, publisistik keýp berilýär. Liriki eserlerdäki publisitik häsiýetler we belgiler çeper-estetik duýgular arkaly beýan edilýär, liriki gahrymanyň ýeke ruhy halatlary, ruhy ýagdaýlary, içki tolgunmalary arkaly beýan edilýär.

Türkmen edebiýatynda garaşsyzlyk döwründe publisistik goşgular giňden ösdi. Meselem: şahyrlar A.Agabaýewiň, A.Mämmedowyň, A.Allannazarowyň we

---

[1] Mämmedow A. Bentler we rubagylar. Aşgabat, 2012, 17-nji sah.

[1] Mämmedow A. Şygyr duzluş görnüşleri. Aşgabat, 2010, 40-njy sah.

başga-da birnäçe şahyrlaryň döredijiliginde duş gelýär. Publisistik goşgularyndaky her hili sosial motiwler, taryhy, mysal getirilen faktlar oçerkli häsiýetler çeper-estetik talaplara esaslandyrylan ýagdaýda, ýagny çeper fantaziýa, çeper obrazlar arkaly berilýär. Meselem, Magtymgulynyň "Döke başlady", "Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz" diỳen goşgularynda oçerkli häsiýetler beỳan edilỳär.

**Kasyda** – Arap, pars we türki şygyrýete degişli edebi adalgadyr. Kasyda her bent iki setirden (bir beỳtden) ybarat bolỳar, birinji beỳdiň iki setiri özara kapyỳalasỳar. Soňky beỳtleriň ikinji setirleri-de hemişe birinji beỳt bilen kapyỳalaşỳar. Kasydanyň möçberi 12-16 beỳtden az bolmaỳar. Kasyda Gündogar halklaryň edebiỳatynda duş gelỳän iň gadymy şekilleriň biridir. Ol ilkinji gezek yslamdan öň arap poeziỳasynda ỳüze çykỳar. Şondan pars we türki halklaryň edebiỳatyna geçỳär. Kasyda aa ba wa ga görnüşinde kapyỳalaşỳar. Onuň mazmunynda öwgi, öwüt-nesihat, satira ỳa-da syỳasy, dini düşünjeler beỳan edilipdir. Kasyda adatça üç bölekden ybarat bolỳar. Birinji bölege «tagazzul», «nesip», «teşbip» diỳilỳär. Ỳagny bu bölek kasydanyň başynda asyl tema geçmezden öň, getirilỳän goşgy. Şonda bolsa şahyr öwülỳän adamyň ünsüni özüne çekmek maksady bilen yşky-söỳgi, aşyk-magşuklik, özüniň hyjuwy, içki joşguny, söỳgüniň şatlygy we söỳgüliden aỳra düşmekligiň jebir-jepasy hakynda ỳazỳar. Eger nesipde şahyr öz ỳaşlygy we söỳgülisi hakda ỳazsa, oňa teşbip diỳilỳär. Gadymy arap edebiỳatynda Kaỳys Zerih we Mejnun Beni Amyr ỳaly şahyrlar ỳazan kasydalarynyň teşbibinde öz hakyky söỳgülileriniň waspyny edipdirler. Ikinji bölümde öwgüliniň waspy berilỳär. Üçünji, ỳagny kasydanyň soňky böleginde doga-dileg aňladỳan beỳtler getirilỳär. Kasyda forma jähtden gazala meňzeşdir, emma möçberi ondan juda uludyr[1].

Türkmen şahyry Enweri kasydaçylygyň iň uly wekilleriniň biridir. Sufist şahyrlar bolsa, kasydada özleriniň Hudaýa bolan söýgülerini-de beýan edipdirler. Gazalyň döremegi, onuň kem-kemden şöhratlanmagy netijesinde, kasydanyň gerimi daralyp, ähmiýeti azalyp ugrapdyr[2].

---

[1] Meredow A., Ahally S. Türkmen klassyky edebiỳatynyň sőzlügi. Aşgabat, 1989, 168-nji sah.

[2] Mämmedow A. Şygyr duzluş görnüşleri. Aşgabat, 2010, 13-nji sah.

Türkmen edebiỳatynda XVIII asyrda ỳaşan beỳik sahyr Magtymgulynyň «Siziňdir», «Arşy-aglaỳa» atly şygyrlarynda kasydanyň nusgalaryny görỳäris.

Lirikanyň mazmuny boýunça bölünýän görnüşlerinden biri yşky-muhabbet, aşyklyk goşgulary ýa-da söỳgi lirikasy bolup hasaplanýar. Žanr häsiýetleri boýunça muhabbet-söỳgi lirikasy liriki gahrymanyň ýürek töründen çykýan duýgularyny berýär. Türkmen edebiýatynda XIX asyr türkmen şahyry Mollanepes yşky-söỳgi goşgularyny döretmegiň ussady hasaplanýar. Şonuň üçinem, şahyry "Yşk mülküniň şasy" diỳip atlandyrỳarlar. Şahyryň:

Aýra düşsem bir zaman ki, ýyglaýyr men zary-zar,
Hassa köňlüm dalmynyp, göýä kuýun dek bikarar,
Görmüşem çahy-zenahdan üzre zülpün tary-tar,
Terk edeý aşyklygym diýsem ki, ýokdur ygtyýar,
Tutdy köňlüm, goýmady gitmäge her ýan bir gözel.

Ýa ajap nagşy-nigärdir nukta haly husn era,
Saçlary sünbülge ogşar, gözi nerkesden gara,
Gaş kakyp, leb dişleýip, synamga saldy çoh ýara,
Ömür saly örtenir, hijrinde men deý majera,
Aşyk ählini kylyp husnuna haýran bir gözel[1]

diỳen goşgy setirlerinde aşyk gahrymanyň kalbyny örteỳän derdiň biri söỳgi meselesi çeperleşdirip suratlandyrylỳar.

**Elegiýa-**elegiýada adamyň durmuşynyň dürli taraplary bilen baglanyşykly gaýgyly, gynançly duýgulary beýan edilýär. (Ö.Abdyllaýew). Şonuň üçin hem şeýle motiwdäki liriki eserleri elegiýa diýip atlandyrýarlar. A.Mämmedow lirikanyň bu žanry hakynda şeýle kesgitleme beripdir: " Ýas-matam mowzugynda, kimdir biriniň ölümine bagyşlanyp ýazylan şygyrlara elegiýa diýilýär. Muňa köne döwürde mersiýa hem diýipdirler. Elegiýanyň maksady gaýgy-gussany däl-de, şonuň üsti bilen adamlaryň biri-birini hatyralap, söýüp ýaşamaklaryny ündemekden ybaratdyr"[2]

---

[1] Mollanepes. Goşgular ỳygyndysy. Çapa taỳỳarkan A.Aşyrow. Aşgabat, «Miras», 2009, 160-njy sah.

[2] Mämmedow A Şygyr duzluş görnüşleri. Aşgabat, 2010, 32-nji sah.

Elegiýa häsiýetdäki goşgulara Magtymgulynyň “Bolarmy”, Seýdiniň “Goşa pudagym”, XX asyr türkmen şahyry Agageldi Allanazarowyň “Oglum Eziz” we başga-da birnäçe mysal getirmek bolar.

Eziz janym- şol neresse oglumy,
Gije-gündiz asla undup bilemok.
Ana-da,ol torsarypjyk dur çetde,
“Gel” diýsemem, gujagyma gelenok.

Deň-duşlary oýnan oýnun, oýnap ýör,
Öýde asylgy dur köýnejikleri.
Oýulyp dur indi şol günden bäri,
Öýüň bir burçunda ýatýanja ýeri.

(A.Allanazarowyň. “Oglum Eziz”)

**Satiriki lirika.** Satiriki edebiýatyň üç görnüşinde-de (eposda, dramada, lirikada) döredilýär. Satira durmuşdaky ýaramaz hadysalary, wakalary we adamlary, köplenç ýaramaz obrazlar arklay şöhlelendirýär. Şonuň üçin hem türkmen edebiýatçysy A.Mämmedow satiriki lirikanyň satira diýen latyn sözünden gelip çykandygyny we onuň manysy garym-gatymlygy, dürli-dümenligi aňladýandygyny belleýär. “Satirada adamyň häsiýet babatdaky kemçilikleriniň, açgözlüginiň, gyňyrlygynyň, gödekliginiň, öwünjeňliginiň... we beýleki ýaramaz taraplarynyň, şeýle hem öýde, iş we jemgyýetçilik ýerlerinde özüni açyp baryşyndaky oňaýsyz hereketleriniň, erbet endikleriniň üstünden düşülýär.

Ýumordan tapawudy onuň şekillendirýän ahwalatyna okyjylarda inkär ediji, ýazgaryjy, gaharly gülküni döredýänliginden ybaratdyr”[1]

Türkmen edebiýatynda Mämmetweli Keminäniň “Bir tüýsli”, “Kazym” XX asyr şahyrlaryndan G. Seýitliýewiň “Ýalta we Tokmak”, N.Pommanyň “Düýe iýen towuklar” we başga-da birnäçe şygyrlary mysal getirmek bolar.

Lirika çeper şekili boýunça birnäçe görnüşlere bölünýär. Lirikanyň beýle hili bölünişiginde şygryň mazmuny däl-de, eýsem şekili hasaba alynýar. Mysal üçin,

---

[1] Mämmedow A Şygyr duzluş görnüşleri. Aşgabat, 2010, 19-20-nji sah.

bentleri, setir sanlary, bogun sanlary, kapyýa we başga goşgy ölçegleri ş.m. Şeỳlelikde, häzirki zaman türkmen edebiỳatynyň liriki žanry nusgawy edebiỳatyň däplerini ösdürmek bilen çäklenmän, täze görnüşler we žanrlar bilen baỳlaşỳar. Türkmen edebiỳatynda lirikanyň aşakdaky ỳaly çerep şekilleri ulanylyp gelinỳär. Biz olaryň özüne mahsus žanr we şekil häsiýetleri barada durup geçeris.

**Murapbag – goşuk.** Bu söz häzirki "goşgy" sözüniň gadymky aýdylyşydyr. Halk arasynda şu günler hem "goşgy goşmak" söz düzümi ýörgünli ulanylýar. Goşuk goşgy düzülişiň iň gadymy formasydyr. Nusgawy edebiýatda oňa murapbag ýa-da goşuk diýilýär. Bu žanr 17-nji asyrdan bärligine (Garajaoglan, Magtymguly, Kemine, Mätäji) türkmen şygrynyň özeninde goýlup gelinýär.Goşuk dört setirli goşgy formasy bolup, ol şunuň ýaly kapyýalaşýar. Birinji bendinin 2, 4-nji setirleri özara kapyýalaşyp, galan bentlerinin, 1, 2, 3-nji setirleri özara kapyýalaşýar we 4-nji setiri 1-nji bendin, 2, 4-nji setirleri bilen kapyýalaşýar[1]. Meselem, Seỳdiniň:

Şunça jepa çekdim, bolmady paỳym,        a
Bu nalyşym eşitmedi hudaỳym,        a
Gökdäki röwşenim - ỳyldyzym, aỳym        a
Halka urup ỳaşan çagdyr bu çaglar[2]        b

Goşyk setirleri 11 bogunly, a a a b görnüşinde kapyỳalaşỳar.

Poeziýamyzda goşugyň döremegi bilen şygyr hakyky halky we milli häsiýete eýe boldy. Murapbag- goşuk şygryň ýakymlylygy, täsirliligi, çeperçilik babatda şireliligi, aýratynam, aýdym edilp aýdylmaga oňaýlylygy bilen tapawutlanýar. Murapbagyň başky bendi a-b-a-b görnüşinde soňky bentleriniň ilkinji üç setiri özara, dördünjisi birinji bendiň ikinji, dördünji setirleri bilen owazlaşyp gelýärler.

**Dörtleme.** Her bendi dört setirden durýan täze mazmunly we içki gurluşy täze bolan şygyrlaryň döremegi netijesinde murapbag XX asyrda ep-esli özgerdi.

---

[1] Abdyllaỳew Ö. Edebiỳat teoriỳasynyň esaslary. Aşgabat, «Magaryf».,1985-nji sah.

[2] Seỳdi. Goşgular. Aşgabat, «Turan», 1991, 28-nji sah.

Beýle şygyrlara murapbag diýilmän, dörtleme diýilýär. murapbaglyk olaryň diňe setir sanlarynda saklanyp galdy. Şu günki poeziýamyzda dörtlemeleriň dürli şekillei işledilýär. Olar başaşa, boşaşa, halkalaýyn kapyýalaşýan goşgulardyr. Ýöne welin murapbagyň köne galybynda şygyr ýazmak däbi häli häzirem ýörgünlidir. Halk şahyrlaryny ýatlamanymyzda-da, Kerim.Gurbannepesowyň, Berdinazar Hudaýnazarowyň, Sapar Öräýewiň, Gurbanýaz Daşgynowyň, Atamyrat Atabaýewiň murapbag we dörtleme şekillerinde birnäçe goşgular döretdiler. Ýene-de bir ýagdaýy ýatlatmak isleýäris. Nusgawy edebiýata degişli murapbaglaryň käbirinde birinji bendiň birinji we üçünji setirleriniň kapyýasyz gelýän halatlaryna-da duşulýar. Soňky dörtlemelerde bitewi bir goşgynyň içindäki bentleriň başaşa we boşaşa kapyýalarda-da gatyşyp gelýän ýagdaýlaryna sataşylýar[1].

**Muhammes.** Her bendi 5 setirden durýan gadymy şygyr görnüşleriniň biridir. Aslynda muhammes 5-leme diýmekdir. Kapyýalaşyş tertibi birinji bentde tutuşlygyna saklanýar. Galan bentlerdäki iň soňky setir birinji bendiň setilerindäki ýaly owazlaşýar. Şekili: a-a-a-a-a, b-b-b-b-a...

**Bäşleme.** Muhammesler hem edil murapbaglar ýaly XX asyrda dürli özgerişlere sezewar boldy. Muhammesden tapawutlandyrmak maksady bilen, indi olara, edebiýat nazaryýetinde bäşleme diýilýär. Bäşlemeleriň kapyýalaşyşy we bogun ölçegi dürli hilidir. Şekili: a-a-a-b-b, a-b-a-b-b, a-b-a-b-a...

**Mesnewi.** Her bölegi 2 setirden ybarat bolan we her bölegi özara (a-a, b-b...) kapyýalaşýan şygyr görnüşine mesnewi diýilýär. Ol şygryň gadymy žanrlarynyň biridir. Mesnewi uly göwrümli şygyr eserlerini döremek üçin hem amatlydyr. Bu žanr dünýä halklarynyň köpüsiniň edebiýatynda iň aktiw işledilýän şygyr görnüşidir. Rus edebiynda ol ‘Dwustişiýe’ adalgasy bilen bellidir. Merkezi Aziýa halklarynyň şahyrlaryndan Ýusup Balasugunlynyň “Kutatgu bilig”, Döwletmämmet Azadynyň “Wagzy - Azat” poemalary, Jelaleddin Rumynyň

---

[1]Goşgy düzluşi boýunça A. Mämmedowyň barlagyna daýanyldy. (Şygyr duzluş görnüşleri.Aşgabat, 2010)

“Mesnewiler ” kitaby, Şabendäniň “Hojamberdi han”, Abdysetdar Kazynyň “Jeňnama” poemalary şeýle ölçegde ýazylan eserlerdir. XX asyr türkmen şahyrlaryndan Aman Kekilowyň şygyrda ýazylan “Söýgi” romanyny, Ata Köpekmergeniň “Kepderiniň syýahaty”, “Meniň mekdebim”, B. Hudaýnazarowyň “Gyzgyn sähra” poemalaryny-da ýokardakylaryň üstüne goşmak bolar.

**Müseddes.** Gündogar şygyr görnüşleriniň biridir. Ol ilki araplarda döräpdir. Müseddes sözi arapçadan türkmençä geçirilende alty setirli ýa-da altylama häsiýetli goşgy diýen manyny berýär. Owazlanyşy, bogun ölçegleri muhammes ýalydyr. Ol muhammesden diňe ýekeje setiriniň artykmaçlygy bilen tapawutlanýar. Ýöne ol muhammese garanda döredijisinden ussatlygy köpräk talap edýär. Sebäbi bu ýerde kapyýa artdyrylýar. Ýeri gelende aýtsak, şygryň žanryna hem-de goşgynyň bentlerindäki setirleriň sanynyň köpelşine görä, kapyýadaş sözleri tapmak kynlaşýar.

**Altylama.** Müseddes hem murapbag, muhammes, birneme öňe gidip aýtsak, nusgawy edebiýatyň beýleki şygyr görnüşleri ýaly, XX asyr türkmen edebiýatynda-da düýpli özgerişleri başdan geçirdi. Ol özgerişler goşgynyň kapyýalaşma tertibi we bogun ölçegleri bilen baglanşyklydyr.

**Musabba.** Musabba arap sözüdir we türkmençe ýedileme diýmekdir. Kapyýalaşyş tertibi muhammesiňki, müseddesiňki ýalydyr. Müseddesden diňe bir setir artdyrylmak bilen tapawutlandyrylýar. Ýöne oňa garanda köne türkmen edebiýatynda musabba örän seýrek duşulýar. Her niçik-de bolsa, şahyrlarymyz şeýle kyn şekili işlemekde hem türkmen diliniň mümkinçilklerinden ýerlikli peýdalanypdyrlar. Magtymgulynyň “Nazar eýle”, “Duman peýda”, Seýdiniň “Gerekdir” goşgulary musabbanyň hakyky nusgalarydyr.

**Müsemmen.** Müsemmen arap sözi bolup, sekizleme diýmekdir. Owazlanyşy öňde gürrüňi edilen şygyr görnüşleriniňki ýalydyr. Köplenç, uzyn bogunlarda ýazylýar. Köne türkmen şygryýetinde tas ýok diýerliklidir. XX asyr şahyrlarynda M. Seýidowda, K. Ylýasowda “sekizlemeler” atlandyrylan şygyr topbaklary bar.

Ỳöne olar müsemmeniň üýtgän, özgeren şekiline girmeýär. Sebäbi olarda her topbakda gutarnykly bir pikir orta atylýar.

**Rubagy.** Bary-ýogy dört setirde gutarnykly, anyk bir manyny aňladýan şygyr görnüşine rubagy diýilýär. Ol edebiýatyň şahyrana ulgamynyň özbaşdak, iň bir täsirli žanry hökmünde has köne döwürlerden bäri ýazylyp gelinýär. Rubagy gündogar edebiýatynyň diňe öz önümidir. Täjik şahyry Rudaky rubagynyň esasyny goýan diýlip hasaplanylýar. Türki dildäki edebiýatda Zahyreddin Babur, parsça edebiýatda Omar Haýýam rubagy žanrynyň hakyky ussatlarydyr. Nesiminiň, Nowaýynyň, Mehmet Pälwanyň, Baýram hanyň döredijiliklerinde-de rubaga belli derejede orun berilipdir. Rubagynyň 1-2-4-nji setirleri özara owazlaşýarlar. 3-nji setir bolsa kapyýasyz galdyrylýar. Emma bu ýagdaý we gutarnykly manyny aňlatmagy rubagynyň esasy aýratynlygy däldir. Esasy aýratynlyk onuň başky iki setirindäki mazmunyň soňky iki setirde has güýçlendirilmeginden, ýagny ol bölekleriň garpyşykly, çaknyşykly bolmalydygyndan ybaratdyr.

**Gazal.** Her bendi iki setirden durup, galan bentleriniň ikinji setiri birinji bendiň setirleri bilen sazlaşyp gelýän şygra gazal diýilýär. Şekili şeýle: a-a, b-a, ç-a we ş.m. Hakyky gazalyň ölçegi 14, 15, 16 bogundan ybaratdyr. Emma onuň 11 bogunly ölçegde ýazylan we ýazylýan halatlary-da bolýar. Her gazalyň umumy bent möçberi 7-den 10 topbaga çenlidir. Ol lirikanyň iň näzik, iň bir kyn görnüşidir. Sebäbi ol kapyýalary köp talap edýär. Gazal kasydadan bölünip aýrylypdyr we ilki başda diňe söýgi duýgularyny şöhlelendirmegi maksat edinipdir. Soňra ol, edil kasyda žanrynda hem bolşy ýaly, sufist şahyrlary tarapyndan Hudaýy taryplamak, söýmek äheňleri bilen utgaşdyrylypdyr. Magtymgulynyň döredijiliginde gazal onçakly köp däldir, jemi sany ona golaýdyr. Ýöne Magtymguly öz gazallaryna umumyjemgyýetçilik häsiýetini beripdir we şonuň bilenem gazalyň halkylyk tarapyny güýçlendiripdir. Nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiliginde-de bu žanrdaky eserlere azda-kände sataşylýar. Nesiminiň, Baýram hanyň, Şeýdaýynyň gazallary türkmen okyjylarynyň arasynda meşhurdyr. XX asyrda A. Atabaýewiň, K.

Gurbanmyradowyň, A. Annadurdyýewiň, Ö.Eminowyň ýaky şahyrlaryň döredijiliginde köp duş gelýär.

**Müstezat**. Gazalyň çylşyrymly bir şekilidir. Ol uzyn we kelte bogunly iki sany gazal häsiýetli setirlerden ybaratdyr. Kelte bogunly setirler uzyn bogunly setirleriň her biriniň yzyna tirkelýär. Gysgalar hem uzyn setirler ýaly kapyýalaşýar. Ýöne, olary aýraýanyňda-da, goşgynyň umumy mazmunyna zyýan ýetirmeýär. Ol setirler uzyn bogunly setirleriň mazmunyny welin güýçlendirip gelýär. Nowaýynyň, Nesiminiň Andalybyň müstezat şygyrlary, Seýitnazar Seýdiniň "Eý, ýary horezmi" diýen goşgusy bu şekiliň türkmen edebiýatynda iri wagtlardan bäri işlenip gelendigine şaýatlyk edýär.

**Oda.** Oda – grekçe aýdym diýmekdir. Dabaraly stilde ýazylýan şahyrana eser. Gadymy greklerde hor bolup aýdylýan aýdymlar-da oda atlandyrylypdyr. Ilkinji odalar, grek legendalarynda görkezilişi ýaly, biziň eramyzdan ozalky 518-422-nji ýyllarda Pindar tarapyndan döredilip, olarda sport ýaryşlarynda (olimpiadalarda) üstün çykanlar taryplanypdyr. Rus edebiýatynda watançylyk, din we filosofik odalary ýazmakda M. W. Lomonosow, G. R. Deržawin ýaly şahyrlar aýratyn tapawutlanypdyrlar. Oda ilki on setirden ybarat bentleri öz içine alypdyr. Ol a-b, a-b, ç-ç, d-e, e-d tertipde kapyýalaşdyrylyp, bu kada örän berk saklanýar eken. Emma 20-nji asyr şygryýetinde ol düýpli özgeripdir. İndi oda dürli şekilde, dürli bogunda, dürli owazlaşdyrylmada diňe öwgi häsiýetli şygyrlary aňladyp gelýär.

**Üçtopbak.** (Triptih) Orta asyr italýan we grek şygryýetinde meşhur bolupdyr. Soňra ol şekil tutuş Ýewropa we rus edebiýatyna ýaýrapdyr. Ol türkmen şygryna 20-nji asyryň ikinji ýarymyndan aralaşyp ugrady . Ilkinji gezek B. Hudaýnazarowyň döredijiliginde göründi. Üçtopbak aýry-aýry üç sany goşgudan ybaratdyr. Her topbak gutarnykly bir pikiri aňladýar we topbaklaryň üçüsi bilelikde anyk, bitewi bir ideýany aýdyňlaşdyrýar.

**Sonet.** Sonate diýen italýan sözündendir. Dört setirli iki bendiň yzyna ýene üç setirli iki bent goşulmagy netşjesinde döredilýän goşgudyr. Owazlanyş tertibi

abba abba ççd wdw görnüşdedir. İň ilkinji sonetler 13-14-nji asyrlarda Italiýada döräpdir. Dante we Petrarka täzeden döreýiş döwrüniň meşhur sonetçileri bolupdyrlar. Sonet rus şygryýetine 18-nji asyrdan ornaşyp ugrapdyr. Şygryň bu görnüşine dürli döwürde A. Delwig, A. Puşkin, W. Brýusow, I. Bunin, M. Dudin ýalylar ýüzlenipdirler. Sonetleriň üç sany dört setirli bentden we bir sany iki ýa-da iki sany iki bentden durýan görnüşleri-de bolýar.

**Üçleme goşgy.** Köne edebiýatda üçleme häsiýetli goşga gabat gelinmeýär. Ol esasan 20-nji asyr şygyrýet äleminiň önümidir. Onuň her bendinde başky setir üçünji setir bilen owazlaşýar. Aralyk setirler owazlaşmaýar. Ýöne olary-da biri-biri bilen owazlandyrmak mümkindir. Üçleme goşgular uzyn we gysga bogunlarda ýazylyp bilner.

**Ak goşgy.** Kapyýalaşmaýan setirlerde ýazylýan goşgy görnüşidir. Türkmen edebiýatynda bu usula diňe 20-nji asyrda, özem örän selçeň ýüzlenilipdir. G. Ezizow ak goşgynyň başyny başlaýjydyr. A. Atabaýewiň, A. Amanowyň, K. Gurbanmyradowyň bu žanrda ýazan käbir şowly goşgulary bar. Ak goşguda esasy üns sesleriň intonasiýasyna, mazmunynyň hyjuwly ýüze çykarylyşyna berilýär. Ol labyzly okamak üçin amatlydyr.

**Abaý bendi.** Bu şekil ilkinji gezek gazak halkynyň şahyry Abaý Kunanbaýew tarapyndan ulanylypdyr. Ol alty setirden durýar. Gysga setirle dört, uzyn setirler ýedi bogundan ybarat. Professor Ö.Abdyllaýew ony “Abaý bendi” diýip atlandyrypdyr. Gazaklarda oňa altaýak diýýärler. Geçen asyrda ýaşan türkmen şahyry R.Seýidow bu şekilde örän şowly şygyrlaryň birnäçesini döretdi.

**Erkin şygyr.** Sillabo-tonik usulda ýazylýar. Setirlerindäki bogunlar bir ölçegli däldir. Uzynly-gysgalydyr. Rus şygryýetinde 18-nji asyrda peýda bolupdyr. 19-njy asyr türkmen şahyrlary goşgularyny erkinräk ýazmaga synanşypdyrlar. Ýöne welin, olaryň şonuň ýaly şygyrlary hakyky erkin goşgy bolup bilmändir. 20-nji asyr türkmen edebiýatynda erkin şygyrlara uly gerim berildi. Erkin şygryň anyk rejelenen, gutarnykly bir galyba salnan şekli ýokdur.

**Týug.** Týug şekilindäki goşgy bentleri türkmen şygryýetiniň irkiräk döwürlerinde, mysal üçin, Seýdide, Keminede, käbir dessan şygyrlarynyň arabentlerinde gabat gelýär. Kapyýalaşyşy rubagylaryňky ýalydyr. Bi meňzeş seslerden durýan, emma başga-başga manylary aňladşan üç sözi tapaýmak aňsat iş däl. Şol sebäpli-de týuglar, umuman, gündogar edebiýatynda, şol zaman türkmenleriň köne hem häzirki zaman edebiýatynda-da biçak seýrek. Týug, megerem, şygyrda sözleri "oýnadyp" bilmek bilen baglanşykly bäsleşik (bäsdeşlik) netijesinde döreýän bolsa gerek.

**Soraglar we ýumuşlar.**

1.Lirika žanry hakynda maglumat beriň.

2.Lirikanyň mazmuny, mowzuktikasy boýunça bölünişlerini aýdyp beriň.

3.Lirikanyň şekli boýunça toparlara bölünişleri hakynda pikir bildiriň.

4.Häzirki zaman türkmen edebiýatynda köp ulanylýan şygyr görnüşleri haýsylar?

**Edebiýatlar.**

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, 1985.

2.Mämmedow A. Şygyr görnüşleri we şekil ulgamlary. Aşgabat. 2012.

3.Jarymbetow K. Ädebiýattaniwdan sabaklar. Nökis. "Karakalpakiston" , 2012.

4.Sulton I. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, 1980.

5.Orazymbetow K. Qosiq teoriyasi. Toşkent, 2010.

**Dokuzynjy tema.**

**Drama.**

Meýilnama:

1.Drama-çeper edebiýatyň bir görnüşi.

2.Epos we dramanyň meňzeşligi; sýužet, harakter, suratlandyrylyş dili.

3.Dramaturgiýanyň özüne mahsus hereketleri.

4.Dramaturgiýanyň žanr taýdan bölünmegi.

**Daýanç düşünjeleri:** Drama hakynda düşünje, dramanyň özüne mahsus häsiýetleri, dramaturgiýanyň žanr görnüşleri.

Drama esasy üç edebi žanryň biri bolup, ol komediýa, drama, tragediýa ýaly görnüşlere bölünýär. Dramanyň edebi žanr görnüşindäki özüne mahsus häsiýetlerinden biri onuň sahnada ýerine ýetirlişi hasaplanýar.

Drama eserleriniň gahrymanlary özlerini diňe hereketde mälim edýärler, olaryň sözi özüne mahsus häsiýetlere eýe bolup, gahrymanlaryň hereketi bilen baglanýar. Drama eserlerinde intonasiýa, pauza we owazyň belent-pesligi uly ähmiýete eýe bolup, sözüň özüne mahsus bu häsiýeti sahnada ýene-de anyk görünýär, aslyýetinde drama sözi grek dilinden alnan bolup, ol hereket diýen manyny aňladypdyr. Drama žanry köplenç epiki žanr bilen meňzeşräk bolýar. Emma olaryň hem aratapawudy bar. Nazaryýetçileriň bellemeklerine görä: “eger epiki eserleriň (roman, gürrüň, dessan we.ş.m) esasyny sýužet guraýan bolsa, drama eserleriniň-de esasyny sýužet guraýar. Eýsem, epiki eserlerde waka (sýužet) özüniň başlanyşyna, ösüşine, ýokary derejä (kulminasiýa) eýe bolmagy mümkin. Drama eserleriniň köpçüliginde sýužet şeýle ýollar bilen ösýär we jemlenýär”[1].

---

[1] Jarymbetow K. Ädebiýattanywdan sabaklar. Nökis, “Karaqalpakstan”, 2012, 47-nji sah.

“Liriki eserlerdäki ýaly drama eserlerinde-de birseslilik, ýagny gahrymanyň içki duýgusyny özüniň beýan edýän wagtlary-da bolýar. Ol köplenç drama eserlerindäki monolo

glarda şeýledir. Monolog grek sözi bolup, nürkmençede birseslilik diýmekdir. Liriki eser bilen dramadaky personažyň öz içki duýgysyny beýan edýän monology bir-birine meňzeşdir” (Ö.Abdyllaýew). Dramada awtoryň özüniň sesi bolmaýar. Dramada häsiýeti ýüze çykarýan dartgynly momentleriň uly bölegine perde, kiçi bölegini bolsa görnüş diýip atlandyrýarlar.

Şeýlelikde, drama komediýa, drama, tragediýa ýaly görnüşlere bölünýär. Drama eserlerinde äheň, säginme we owazyň belent-pesligi uly ähmiýete eýe bolup, sözüň ozone mahsus häsiýetleri sahnada ýene-de anyk bolýar.

**Tragediýa.** Sýužeti gynançly, tragiki ýazgydyň esasynda gurlan drama eseridir (Ö.Abdyllaýew). Tragediýadaky konflikt örän güýçli bolmak bilen, ol hemişe jemgyýetçilik-syýasy ösüş, adamyň kämil ruhy durmuşy bilen baglylykda çözülýär. Meselem, T.Taganowyň “Ganly gije” tragediýasynda wakalar tragiki tamamlanýar.

**Komediýa.** Onda waka-hadysalar, häsiýetler, kolliziýa gülküli äheňde beýan edilýär. Komediýada gülki, komika durmuşdaky betgylyk adamlaryň üstünden gülünýär. Komediýada-da položitel we otrisatel obrazlar bolýar. Komediýada gülki ajy häsiýete eýe bolsa, onda şu gülkä sebäpçi bolan häsiýet bolsa otrisatel obraz bolýar. Eger komediýada şatlykly gülki häsiýeti duýulsa, onda ol položitel obrazyň tipidir. Meselem, türkmen edebiýatynda Oraz Akmämmedowyň “Toýuň topalaňy” atly komediýasyny agzap geçmek bolar.

Drama we dramatik eser žanrlarynyň aýratyn bir görnüşi bolup, onda durmuş wakalary çylşyrymly konfliktleriň esasynda, personažlaryň göreşiniň dowamynda açyp berilýär. Dramada wakalar kiçi göwrümde hem-de personažlaryň-da sany az sanly bolýar. Türkmen edebiýatynda drama XX asyryň ýigriminji ýyllarynda peýda bolup, şol ýyllarda B.Kerbabýewiň “Magtymguly”, Bazar Amanowyň “Kemine”, G.Burunowyň birnäçe drama eserleri okyjylara hödürlendi we teatr sahnalaryny bezäp, tomaşaçylaryň söýgüsine mynasyp boldy. Mundan başgada N.Geldiýew, G.Seýitliew, G.Muhtarow, H.Meläýew, T.Esenowa, B.Abdyllaýew we başga-da birnäçe drama eserlerini döreden galamkeşler bar. Nazar Geldiýewiň “Gowgaly günler” (Aşgabat, 1978) atly kitabynda alty sany pesasy ýerleşdirilipdir.

## Soraglar we ýumuşlar

1.Drama diýende nämä düşünýärsiňiz?

2. Drama näçe görnüşe bölünýär?

3. Tragediýa näme?

4. Komediýa näme?

## Edebiýatlar.

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, 1985.

2.Jarymbetow K. Ädebiýattaniwdan sabaklar. Nökis, “Karakalpakstan”, 2012.

3.Sulton I. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, 1980.

4. Hudaýberdiyew E. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”, 1995.

## Onunjy tema.
## Liro-epiki eserler.

Meýilnama:

1. Liro-epiki eserleriň özüne mahsus häsiýetleri.

2.Liro-epiki eserleriň görnüşleri.

3. Liro-epiki hasiyetli roman.

4.Liro-epiki poemalar.

5.Ballada.

**Daýanç düşünjeleri:** Liro-epiki eserler hakynda düşünje, Liro-epiki eserleriň görnüşleri: goşgy bilen ýazylan roman, poema, liriko-epiki poema, ballada.

Käbir eserlerde lirikanyň hem, epikanyň hem elementleri gatyşyk gelýär. Beýle eserlere liro-epiki eserler diýilýär. Liro-epiki eserlere goşgy bilen ýazylan roman, poema, ballada ýaly eserler degişlidir.

Liro-epiki hasiýetli romanlar ýagny, goşgy bilen ýazylan roman – romana mahsus bolan kyssa, hekaýa usuly bilen liriki eseriň gatyşyk gelmeginden ýüze çykan şekildir. Kyssada roman bilen powestiň arasynda çäk bölmaýşy ýaly,

poeziýada hem liro-epiki hasiýetli roman bilen poemanyň arasynda anyk bir tapawut ýok. Nazaryýetçiler goşgy bilen ýazylan romany ilkinji gezek rus edebiýatynda A.S.Puşkiniň döredendigini ykrar edýärler. Onuň “Ýewgeniý Onegin” eseri dünýä edebiýatynda meşgurlyk gazandy. Türkmen edebiýatynda goşgy bilen ýazylan roman şekili XX asyrda peýda boldy we bu şekilde Aman Kekilow “Söýgi” romanyny ýazdy.

Poema – adam duýgulary arkaly durmuşyň poetiki pursatlaryny, derwaýys meselelerini özünde jemläp şöhlelendirýän epiki, liro-epiki we dartgynly häsiýetdäki uly göwrümli poeziýa eseridir. Şu jähetleri bilen poemalar birnäçe görnüşe bölünýärler.

Epiki poemalar – beýle eserlerde wakany beýan edijilik, hekaýa, gürrüň usuly aýratyn göze düşýär. Meselem, Kerim Gurbannepesowyň “Taýmaz baba”, “Aýal bagşy”, Berdunazar Hudaýnazarowyň “Gyzgyn sähra”, “Döwrüň depesindäki adam” ýaly epiki poemalarda wakany kyssa bilen beýan edijilik agdyklyk edýär. Mysal üçin, B.Hudaýnazarowyň “Döwrüň depesindäki Adam” poemasynda parahatçylyk ideýasy ündelýär. Poemanyň merkezinde duran, şahyryň oýlanmalarynyň owýektine öwrülen Bäşiniň obrazynda – gylyk-häsiýetinde, oýlanmalarynda watan ugrunda jan aýaman söweşen, zamananyň agyny-garasyny saýgarýan, gaýgysyny-şatlygyny süňňüne siňdiren sada adamlaryň sypatlary başarjaňlyk bilen jemlenipdir. Adam gurup, oňat ýaşamaga, eşret görmäge ymtylýan betpälleri erbet niýetinden gaýtarmak üçin liriki gahryman elde baryny edýär.

Liriki poema – munda liriki gahrymanyň durmuş hadysalaryndan alan täsirleri, güýçli içki duýgulary, joşgunly kalbynyň şöhlenenmesi agdyklyk edýär. Meselem, Kerim Gurbannepesowyň ”Aktual poema” atly eseri munuň aýdyň mysalydyr.

POEZIÝA MODADAN GAÇÝAR diýýärler,
Beýle gürrüň daşgarydyr kadadan.
Bir mahal Poeziýa modadan gaçsa,
Ertesi söýgi hem gaçar modadan.
Ýer ýüzünde barka Ýigit bilen Gyz

Hem barka ýanynda Wysal, Aýralyk –
Poeziýa hemra bolar Ýaşlyga,
Öz söwer dostundan gitmez aýrylyp.

Ýer ýüzünde barka Ak bilen Gara,
Bile gezip ýörkä Haýyr bilen Şer –
Poeziýa ähli şerlere garşy
Göreşipdi,
Göreşip ýör,
Göreşer.

Gomerden, Puşkinden, Magtymgulydan,
Ýene kän uludan başlanyp gaýdan
Çyn şygyr hiç haçan modadan gaçmaz,
Ony asyrlara äkider adam.

Liro-epiki poema - wakany beýan edijilik bilen lirizm gatyşyp gidýär. Meselem, Kerim Gurbannepesowyň ”Ýürek poemasy” atly eseri munuň aýdyň mysalydyr.

Bir basyň başyň bar, müň işiň bar dünýäde,
Müň şükür! Ýykylyp galmaýşyň besdir.
Baryna ýetmeli paýy-pyýada,
Tigirçek hökman däl –
Şu köwşüň besdir.

Bir köwşüň tozdumy – ýene bir köwüş,
Ikinjiň tozdumy – üçünjä çalyş,
Her bagy çözlende ýer bilen emiş,
Toprak ajykdyrmaz –
Şol aşyň besdir.

Ertir bolmaz ýaly dilkeriň peltek,

Täze menzillere ýetmeli entek.
Duşsa-da ýoluňda müň dürli kötek,
Diýme: ”Dynç gulagym,
Aç başym desdir!”[1]

Dramatik (dartgynly) poema – munda durmus dartynlylygyny dialog usulynda suratlandyrmaklyk birinji plana çykýar. Meselem, Çary Aşyrowyň “Ganly saka” atly trilogiýasy hem şeýle şekilde ýazylypdyr. Eserden parça alnan mysallara seredip geçeliň.

Zähmetkeş köpçüliginiň eliň aýasy ýaly ekin ýeriniň yssy tomsuň jöwzasy zerarly gurap barýan wagtynda, möjekler tiresiniň miraby Baýly baýyň öýüne we özü ýaly baýlara bellenen normadan artyk suw berýänini Çaryýar duýýar we Baýly baýyň bu edýän kanunsyz işinden närazydygyny onuň özüne hem-de arçyna duýdurýar: Muny şahyr şeýle suratlandyrýar:

—Arzym şeýle, Arçyn aga,
Miraplykdan meni aýyr!
Bulaşýan men şer işe,
Tiz aýyrylsam şonça haýyr!
Men ýalbaryp çykdym Baýla,
Gel diýaleli—diýip—suwy,
Artdyrýar baý nobatynda,
Men şu işden gitsem gowy!.

Ballada (fransuz dilinden alnan bolup, tans edýärin) diýen manyny aňladýar. Adam durmuşynyň dramatik, dartgynly pursatlaryny hem-de poetiki nokatlaryny joşgunly ruhda şöhlelendirýän poeziýa eseridir. Ballada ýiti dartgynly ýagdaý esas edilip alynýar. Durmuş dramasy gahrymanyň kalb duýgysyndan geçirilip barlag edilýär. Bu şekil hakynda Ö.Abdyllaýew şeýle ýazýar: ”Ballada çuň duýga ýugrulan, täsin sýużetli goşgudyr. Balladanyň sýużeti biçak ýönekeýdir. Onda dartgynly bir waka, ýa-da bir durmuş epizody suratlandyrylýar. Balladada waka

[1] Gurbannepesow K. Düýn, şu gün. Aşgabat, 1988, 296-njy sah.

jikme-jik suratlandyrylyp, görkezilip durulmaýar. Onun iň dartgynly, aýgytly, liriki gahrymanyň duýgusyny täsirli açyp görkezmäge ukyply pursatlary suratlandyrylýar”[1].

XX asyr türkmen edebiýatynda balladanyň äheňi, mazmuny, tema ugurlary ep-esli üýtgedilipdir. ”Ballada uzyn ýazylýan goşgy hasaplanylýar. Göwrümi göz öňünde tutulyp, käte ony poema manysynda-da ulanýarlar. Emma poema bilen ballada tapawutlydyr. Onda, göräýmäge ýönekeýje, emma durmuşda biçak ähmiýeti bolan nähilidir bir düşünje süýndürilip, çişirilip beýan edilýär. Endigan gürrüň berme stilinde ýazylýar. Bu ýerde ündewe, nygtaw tärlerine uly rol degişlidir. Kyssa eserleriniň-de “Ballada” atlandyrylyp ýazylýan halatlary bar”[2]. Meselem, ”Bugdaý hem ýaşamak höwesi hakynda ballada” (D.Defonyň “Robinzon Kruzo” eseri boýunça) atly balladasyndan bir parça:

Olar okeanda ýüzüp barýardy,
Niräňe seretseň suw görünýärdi.
Bar zat ýerbe-ýerdi, bar zat gowlukdy,
Aýlar aýlanypdy, günler sowlupdy.
Olaň düşenine bu ýola sary,
Ýarym ýyl geçipdir, şol günden bäri.
Hak-Tagala takat, güýç berse, eger,
Ýene ýarym ýyllap ýüzüp bilseler,
Geljekdiler ýeriň aňry ujundan
Wah, ýöne kysmatyň gazap güýjünden
Gutulma ýok eken. Ýyldyrym çakdy
Şemal turdy, umman gozgalaň tapdy.
Bu gämini her saparda silken ýel
Diňleýärdi agysyny ýelkenleň.
Tolkunlar bir-birne urlup ýörşüne,
Gämini mündürip, gomlaň gerşine,
Top ornunda oýnaýardy, depýärdi,
Özi zyňyp, ýene özi gapýardy.
Ahyr, gämi bölek-bölek bölündi,
Ine, şeýle erbet boldy hal indi.

## Soraglar we ýumuşlar

---

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, “Magaryf”, 1985, 223 – nji sah.

[2] Mämmedow A. Şygyr duzluş görnüşleri.Aşgabat, 2010, 36-njy sah.

1. Poeziýada liriki gahrymanyň orny nähili ähmiýete eýe.

2. Liro-epiki poema näme?

2. Ballada näme?

**Edebiýatlar.**

1.Abdyllaýew Ö. Edebiýat teoriýasynyň esaslary. Aşgabat, 1985.

2.Jarymbetow K. Ädebiýattaniwdan sabaklar. Nökis. “Karakalpakstan” , 2012.

3.Sulton I. Adabiýot nazariýasi. Toşkent, 1980.

4. Hudaýberdiyew E. Adabiýotşunoslikka kiriş. Toşkent, “Ukituwçi”,1995.

# Netije

Häzirki Garaşsyzlyk döwrümizde ylym we tehnikanyň ösmegi ýaşlarymyzyň aň-biliminiň kämilleşmegine, dünýä derejesinde özleriniň mynasyp orunlaryny eýelemeklerine uly mümkinçilik döredýär. Bu babatda ýurdumyzda birnäçe syýasy, medeni, ykdysady meseleler alnyp barylýar. Şeýle meseleler öz nobatynda ylym ugrunda-da täze öwrülşikleri ýüze çykardy. Şonuň içinde edebiýaty öwreniş ylmynda çeper edebiýaty döwrebap öwrenmek meselesi öňe sürüldi. Sebäbi döredilen her bir edebi eserler döwür bilen aýakdaş gopýar. Ondaky ösüşler köptaraply. Şeýlelikde edebiýatyň meselelrini döwrebap öwrenmek garaşylan netijäni berip biler. Sebäbi hazirki wagtda milli edebiýatymyzyň nazaryýet esaslaryny düýpli öwrenmek, barlag etmek bilen baglanyşykly meseleler barha rowaçlanýar. Şonuň üçinem biz bu gollanmany ýazmagyň dowamynda edebiýatyň häzirki zaman üstünliklerini hasaba aldyk. Şeýle hem edebiýat nazaryýetiniň gözbaşlary gadymyýetden ugur alandygyna edebiýatyň taryhyna nazar aýlamak bilen göz ýetirdik. Sebäbi türkmen edebiýatçysy Gary Kulyýew „Edebiýat we sungat“ gazetiniň 2008-nji ýyl 15-nji fewral gündäki sanynda edebiýat nazaryýetiniň ýüze çykmagy babatynda gaty gowy pikirleri belläp geçýär. “Edebiýat nazaryýetiniň gözbaşlaryny mifiki eserlerden gözlemek, soňra gadymy oguz dessanlarynyň süňňüne aralaşmak, soň Mahmyt Kaşgarynyň „Diwany lugat-et türk“ sözlügindäki eserlere ýüzlenmek maksada laýyk bolsa gerek. Şeýle edilen halatynda, nazary pikirleriň döreýşi üç basgançak aňryk süýşýär we edebiýat nazaryýeti ylmymyz özüniň milli gözbaşyna gowuşýar“. Şonuň üçinem biz bu gollanmada edebi-nazary pikirleriň has irki döwürlerine nazar taşladyk, olary deňeşdirme görnüşde alyp bardyk.

Dünýäniň edebi taryhynda şygryýete ähli wagtda öňdebaryjy žanr hökmünde seredendigi mälim. Munuň özi „edebiýatyň nazary taraplaryna-da şygryýetiň öz täsirini ilkinji bolup ýetirýändigini şertlendirýär“. Şonuň üçin gollanmada şygryýet meselesine-de aýratyn durup geçdik.

Çeper edebiýatyň jemgyýetçilik ähmiýeti, adam ryhy halatyna ýetirýän emosional täsirliligi we ş.m. häsiýetleri hakynda-da pikir ýöredilýär.

Çeper eserleriň özüne mahsus häsiýetlerini aýdyňlaşdyrmak edebiýat nazaryýetiniň iň çylşyrymly ugurlarynyň biri. Aýratyn hem žanr meselesinde edebiýatçylaryň arasynda belli bir pikir birligi saklanmaýar. Gollanmada şeýle meseleler babatda ýörite durup geçdik.

Jemläp aýdanymyzda çeper edebiýat we onuň häzirki zaman okyjylaryna ýetirýän estetiki-emosional täsirini, ýaşlary terbiýelemekdäki ähmiýetini, edebiýatşynaslyk ugrunyň döwrebap öwrenilişini ýola goýmak biz – edebiýatçylaryň esasy wezipesidir.


Edebi žanrlar we olaryñ görnüşleri
Epos žanry
Lirika žanry
Drama žanry
Liro-epiki žanr


Epos žanry.
roman
hekaýa
powest
basniýa
nowella
oçerk
epopeýa


Lirika žanry
Peýzaž lirikasy
Didaktik (öwüt-nesihat) lirikasy
Publisistik lirika
Kasyda
Elegiýa
Satiriki lirika


Drama žanry
tragediýa
komediýa
drama


Liro-epiki žanr
ballada
poema
Goşgy bilen ýazylan roman

Mazmuny

Giriş………………………………………………………………………. 3–sah.

Birinji tema. Çeper edebiýat hakynda maglumat. Edebiỳaty öwreniş ylmy - çeper edebiýat hakyndaky ylym.…………………………………………………5 – sah.
Ikinji tema. Çeper edebiýat hakyndaky taglymat. Çeper edebiýatyň ähmiýeti we ýerine ýetirýän hyzmaty……………………………………………19 – sah.
Üçünji tema. Nazary-edebi pikirleriň ösüş taryhy etaplary hakynda……..31–sah.
Dördünji tema. Edebiýatyň (çeper eseriň) mazmuny we şekili, olaryň birligi hakynda……………………………………………………………44 – sah.
Bäşinji tema. Çeper edebi obraz we onuň görnüşleri……………………48 – sah.
Altynjy tema. Çeper eseriñ sýužeti, konflikti, kompozisiýasy……………57 – sah.
Ýedinji tema. Edebi žanrlar we görnüşler……………………………………63 – sah.
Sekizinji tema. Lirika žanry…...................................................................77 – sah.
Dokuzynjy tema. Drama……………………………………………….....93– sah.
Onunjy tema. Liro-epiki eserler…………………………………….....95 – sah.
Netije.............................................................................................. 101– sah.